# ÖWRENILÝÄN DILIŇ ÝURDUNYŇ TARYHY (FRANSIÝANYŇ TARYHY)

**Aşgabat –2010**

**© Aýna Annamuhammedowa. Öwrenilýän diliň ýurdunyň taryhy (Fransiýanyň taryhy). Ýokary okuw**

**mekdepleriniň fransuz dili we edebiýaty hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy.**

**Dünýä taryhy kafedrasynyň dosenti A. Sähetmyradowyň ylmy redaksiýasy bilen**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Aýna Annamuhammedowa**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**Fransiýanyň taryhyna giriş**

„Fransiýanyň taryhynyň“ umumy dersini beýan etmeklik Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň daşary ýurtlar dilleri fakultetiniň, fransuz dili we edebiýaty hünäriniň okuw maksatnama esasynda ýerine ýetirildi.Ol Fransiýanyň gadymy taryhyna, feodal jemgyýetiniň ösüşiniň taryhyna, kapitalistik gatnaşyklaryň ösüşine bagyşlanyp, Fransiýanyň taryhy bilen bagly Günbatar Ýewropa döwletleriniň käbir maglumatlary hem özünde jemleýär. Olara Fransiýa, Skandinawiýa ýurtlary degişlidir. Bu döwletleriň taryhyna, olaryň ykdysady, jemgyýetçilik, syýasy we medeni ösüşiniň ýollaryna ýeterlik üns berildi.

Şonuň bilen birlikde, Fransiýanyň orta asyr taryhy beýan edilende, onuň syýasy wakalara ýa-da beýleki ýagdaýda täsirini ýetiren serhetdeş ýurtlaryň wakalaryna hem üns berlendir.

Fransiýanyň taryhy kursy şu aşakdaky döwürleri öz içine alýar:

- Orta asyrlar taryhy (V-XVII a. ikinji ýarymyna çenli), ýagny feodal gatnaşyklaryň döräninden, feodal jemgyýetiniň ösüşinden, onuň dargamagyna we has progressiw buržuaz jemgyýet üçin jemgyýetçilik, ykdysady we syýasy şertleriň döreýşini öz içine alýar;
- Täze taryh (XVII a. ikinji ýarymy - XIX a.), ýagny kapitalistik gatnaşyklaryň döreýşini, buržuaz jemgyýetiniň ösüini, kapitalistik gatnaşyklaryň berkitmegini öz içine alýar;
- Iň täze taryh, ýagny XX-XXI asyrlardaky esasy wakalary, dünýä taryhynda Fransiýanyň eýeleýän orny öz içine alýar.

Fransuz dilini öwrenýän talyplarda Fransiýanyň taryhy barada düýpli düşünjeler döretmek. Frank taýpalarynyň döreýşi, kemela gelşi, Frank jemgyýetinde bolup geçen sosial-ykdysady, syýasy prosessler barada aýdylýar. Frank döwletiniň döreýşini, ösüşiniň döwürlerini seljermek, döwlet gurluşynyň aýratynlyklaryny degşirmek.

Täze taryh döwri dünýä taryhynyň orta asyrlar döwründen soň başlanýan eýýamydyr. Oňa Täze taryh diýip at berýärler. Bu döwri Täze taryh diýip atlandyrsalar-da, onuň başlaryna

çenli (takmynan XVII asyryň ortalary) dünýä ýurtlarynyň we yklymlarynyň ösüş derejesi dürli-dürlidi. XVII-XIX asyrlarda täze durmuş-ykdysady we syýasy gatnaşyklar diňe Ýewropanyň we Demirgazyk Amerikanyň ösen ýurtlarynda berkarar bolupdy. Täze kemala gelen bu gatnaşyklary ylmy dilde hojalygy ýöretmegiň has ösen hem-de progressiw usuly bolan bazar ykdysadyýeti diýip atlandyrýarlar.

Bu döwürde ýewropalylar taryhy ösüşde dünýäniň beýleki yklymlaryndan öňe saýlanmagy başardylar. Olar öz serhetlerinden çykyp, dört ummanyň giňişliklerinde ýüzüp, öňki açylmadyk ýerleri özleşdirýärdiler. Giçki orta asyrlarda başlan Beýik geografiki açyşlaryň netijesinde Ýewropa we Amerika, Aziýa we Afrika sebitleri biri-birleri bilen baglanşyp ugrady, adamzat birek-biregi gaýtadan tanap başlady.

Ýewropada ylmyň, tehnikanyň ösmegi netijesinde Täze taryhda önümçilik gatnaşyklary üzül-kesil üýtgedi, ykdysadyýetde täze pudaklar peýda boldy. Bu döwürde tehnikanyň gazananlarynyň köp ulanylyp başlanandygy üçin Täze taryh döwrüni "maşyn asyry" diýip hem atlandyrýarlar.

Täze döwrüň adamlary köp derejede orta asyrlaryň adamlaryndan düýpli tapawutlanyp başlady. Durmuşda adamyň özüni alyp barşy, onuň dünýägaraýşy ösüp kämilleşdi we olar täze gymmatlyklara esaslanyp başlady. Bu döwürde ýaşaýyş-durmuşda we zähmetde işewürlik, dünýewilik güýçli ösdi, adamyň döwlet häkimiýeti bilen gatnaşygy-da üýtgedi. Ençeme ýüzýyllyklar dowam eden häkimiýetiň güýji üytgäp, ösen Ýewropa ýurtlarynda patyşalyk häkimiýeti çäklendirilip ugrady.

**Täze taryhyň döwürlere bölünişi.** Dünýä taryhynda gadymy hem-de orta asyrlar döwürleri birnäçe müňýyllyklar, ýüzýyllyklar dowam etdi. Emma Täze taryh wagt taýdan şeýle köp asyrlary öz içine almady.

Alymlaryň arasynda Täze taryhyň haçan başlap, haçan gutarandygy barada dürli pikirler bar. Muňa garamazdan, şu okuw kitabynda dünýä taryhynyň öňki döwürleşdirilişine

eýerip, Täze taryhyň başlanýan döwri hökmünde Iňlis buržuaz rewolýusiýasy esas edilip alyndy, bu döwrüň gutarýan wagty hökmünde bolsa 1914-1918-nji ýyllarda bolup geçen birinji Jahan urşy kabul edildi. Täze taryhyň şeýle wagt çäginde seneleşdirilmeginiň öz sebäpleri boldy. Çünki iňlis buržuaz rewolýusiýasyndan soň diňe bir Angliýada däl, eýsem Ýewropanyň beýleki ýurtlarynda hem täze durmuş-ykdysady we syýasy gatnaşyklar kemala geldi. Bu bolsa adamzat taryhynyň ösüşinde täze döwrüň başlanýandygyny aňladýardy.

Birinji jahan urşunyň Täze taryhyň tamamlanýan döwri hökmünde kabul edilmeginiň sebäbi, bu wakadan soň Aziýanyň we Afrikanyň bakna edilen ýurtlarynda azat edijilik hereketi has hem güýjedi we ilkinji özbaşdak döwletler peýda bolup ugrady.

Taryhçy alymlar Täze taryhy öz içinde iki döwre bölýärler: birinjisi XVII-XIX asyrlaryň ortalary, ikinji döwri bolsa XIX asyryň ikinji ýarymyndan XX asyryň başlaryna çenli döwürler.

**Ýewropada senagat öwrülişigi.** Täze taryhyň esasy aýratynlylarynyň biri-de, XVIII asyryň ahyrynda - XIX asyryň başynda Angliýada senagat öwrülşigi bolup geçdi. Bir ýurduň çäginde bolup geçen bu jemgyýetçilik hadysasy soňra Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň ösüşine ägirt uly täsir etdi. Senagatyň ösüşi Ýewropa sebitinde oba hojalygynyň ösüşine hem öz täsirini ýetirdi. Oba hojalyk önümçiliginde başlan bu özgerişler hem öňi bilen Angliýada, onuň yzy bilen Fransiýada, bir az soňrak bolsa ABŞ-da, Germaniýada, Awstro-Wengriýada, Italiýada we Russiýada bolup geçdi.

XIX asyryň ahyrynda senagat öwrülşigi aziýa ýurdy bolan Ýaponiýada hem başlanýar. XIX asyryň ahyrynda Ýewropa ýurtlarynda we ABŞ-da industrial siwilizasiýa kemala geldi we onuň hereketlendiriji güýji tehniki ösüş bolup hyzmat etdi.

Ykdysadyýetde täze önümçilik gatnaşyklary peýda bolup ugraýar. Zähmet öndürjiliginiň ösmegi, görülýän

peýdanyň artmagy bu ösüşiň örän uly alamatydyr. Tehniki ösüş, zähmet öndürjiligi adamyň bilimleriniň we endikleriniň kem-kemden giňelmeginiň hem-de kämilleşdirilmeginiň netijesinde bolup geçdi. Şeýlelikde Täze döwür önümçilik gatnaşyklarynyň we hojalygy ýöretmegiň täze usulynyň hem-de täze eýeçilik gatnaşyklarynyň berkarar bolmagy bilen başlandy.

Ýewropanyň öňdebaryjy ýurtlarynda tehniki ösüş netijesinde önümçilik gatnaşyklarynyň täze basgançagyna geçmek üçin şertler kemala geldi. Ýewropada ilkinji gezek plug (köp gulakly azal) ýaýrady, ullakan çarhly suw degirmenleri ulanylyp başlandy. Demir eretmeklik, metaldan ýasalýan gurallar kämilleşdirildi. Ok atýan ýarag oýlanyp tapyldy, kompos ulanmaklyk giňden ýaýrady. Kitap çap etmeklik uly ösüşe eýe boldy. XVII asyryň başlarynda gämi gurluşygy we deňizde ýüzmek babatynda gazanylan uly üstünlikler netijesinde uly geografik açyşlar edildi, bu bolsa ýewropalylara täze ýerleri basyp almagyň hasabyna öz ýurtlarynyň çäklerini giňeltmäge şert döretdi. Täze döwrüň birinji ýarymynda Beýik Britaniýa, Fransiýa, Gollandiýa, Russiýa Ýewropada has uly döwletlere öwrüldiler.

Täze taryh Ýewropanyň we Amerikanyň öňde barýan ýurtlarynda önümçilik gatnaşyklarynda iri maýa goýumlarynyň emele gelmegi hem-de berkleşmegi bilen häsiýetlendirilýär. Ýewropa döwletleriniň içinde Angliýa, Ispaniýa, Portugalýa, Gollandiýa, Fransiýa, azrak soň Germaniýa, Awstro-Wengriýa, Russiýa ýaly uly ýurtlar dünýäniň dürli sebitlerinde köp ýerleri basyp alyp, ägirt uly koloniýal döwletlere öwrüldiler.

Täze taryh döwründe Ýewropa ýurtlarynda bolup geçen durmuş-ykdysady we syýasy hadysalar Amerika yklymyna hem uly täsir etdi. Ýewropa ýurtlarynyň koloniýalarynyň esasynda Demirgazyk Amerikada ABŞ, Latyn Amerikasynda Meksika, Wenesuela, Argentina, Braziliýa, Peru ýaly garaşsyz döwletler peýda boldy.

**Täze” ýerlere baknadarlyk.** Ýewropa döwletleri tarapyndan alysdaky keseki ülkelerini basyp almaklyk ilkinji

gezek XVI-XVII asyrlarda başlapdy. Ispaniýa, Portugaliýa, Gollandiýa, Fransiýa, Angliýa uly koloniýal (baknadar) döwletlere öwrülip başlady. Koloniýalary eýelemek, esasan, XIX asyryň aýaklarynda tamamlandy. Basyp alan döwletler tarapyndan koloniýalaryň gös-göni talanylmagy, olaryň tebigy baýlyklaryna eýe çykylmagy, ýerli ilata agyr salgytlaryň salynmagy koloniýalaryň (bakna ýurtlar) ykdysady hem-de syýasy taýdan yza galmaklygyna getirdi. Aziýanyň, Afrikanyň, Amerikanyň, Awstraliýanyň basylyp alnan ýerleriniň halklary keseki agalygyna sezewar edildi.

XVIII asyrdan başlap koloniýalarda garaşsyzlyk ugrunda göreş başlandy. Angliýanyň, Portugaliýanyň, Ispaniýanyň Latyn Amerikasyndaky köp koloniýalary eýýäm XVIII-XIX asyryň birinji ýarymynda garaşsyzlyk gazanyp, özbaşdak döwletlere öwrüldiler. Emma olar hem ykdysady taýdan Angliýa garaşlydylar.

XIX asyryň aýaklarynda Beýik Britaniýa we Fransiýa has uly kolonial imperiýalara öwrüldiler. Afrikanyň içerki ýerleriniň uly bölegi we Ýuwaş ummanyň adalary entek basylyp alynmandy, ýöne şol ýerlere hem gözleg we ylmy-barlag toparlar iberilip durulýardy. Ykdysady taýdan ösen ýurtlar tarapyndan basybalyjylykly uruşlar täze ýerleri basyp almak, satuw bazarlaryny we çig mal çeşmelerini giňeltmek maksady bilen alnyp barylýardy.

Has kuwwatly ykdysadyýete daýanmak bilen, Ýewropanyň öňde barýan ýurtlary, ozaly bilen-de Angliýa, özleriniň basybalyjylykly uruşlarynyň gerimi we eýelän koloniýalarynyň möçberi boýunça gadymy dünýäniň hem-de orta asyrlaryň imperiýalaryndan ozdurdylar.

**Ylmy tehniki açyşlar.** Ylmy-tehniki ösüş diýip tehnikanyň we tehnologiýanyň özüne ylmyň gazananlaryny siňdirip, olaryň esasynda önümçilik üçin täze materiallary, energiýany, maşyny, harydy öndürmeklige aýdylýar. Tehnologiýa – tebigatyň döreden zatlaryny adama gerekli görnüşe geçirmek üçin ulanylýan usullaryň, ýörelgeleriň hem-de olaryň yzygiderli

baglanyşygynyň jemini aňladýan ylym we tejribe hökmünde çykyş edýär.

XVII asyryň ahyrynda - XVIII asyryň başynda suwuň bugyny hereketlendiriji güýç hökmünde ulanmaklyk pikiri fransuz oýlap tapyjysy Deni Papen tarapyndan amala aşyrylýar. Papene nemes filosofy Leýbnis bug hereketlendirijisi baradaky pikiri aýdypdyr. Özüniň oýlap tapyşyny Papen „az çykdaýjy bilen köp hereket etdiriji güýji almaklygyň täze usuly” diýip at beripdir. Kömür şahtalaryndan suwy çykarmakda ulanylýan bug maşynyny iňlis ussasy Nýukomen özgerdýär. Onuň oýlap tapan maşyny 1732-nji ýylda işläp başlaýar. Bu maşyn elli at güýjini ulanandan hem köp suw çykarmagy başarypdyr.

Papeniň we Nýukomeniň başlangyçlaryny Jeýms Uatt kämilleşdiripdir. Ol fizikany, himiýany we medisinany gowy bilýän, suratkeşlik, çylşyrymly matematiki hem-de tehniki mysallary işlemek bilen gyzyklanan ekeni. 1784-nji ýylda bug maşyny peýda bolýar. Ol maşyn ýeke bir suw çykarmak üçin hyzmat etmän, ony başga işlerde hem ulanyp başlaýarlar. Bug maşyny senagatda umumy hereketlendiriji güýç hökmünde ulanyp başlanýar. Jeýms Uattyň açyşy dokma senagatynyň ösmekligine hem uly itergi berdi. Bug maşynynyň esasynda döredilen dokma maşyny bolsa tiz wagtda Angliýa we Şotlandiýa giňden ýaýrady. Bug maşynynyň giňişleýin ulanylmagy Angliýany tehniki tarapdan ösen döwlete öwürýär. 1810-njy ýylda bu ýerde 5 müňe golaý bug maşyny dürli maksatlar üçin ulanylypdyr. Prussiýada bolsa birinji bug maşyny 1830-njy ýylda peýda boldy.

Ilkinji tikin maşyny 1755-nji ýylda Angliýada döredilýär, ýöne ol belli Zingeriň maşyny döreýänçä birnäçe özgerişleri geçmeli boldy. Bu maşyn dürli tikin işlerini ýerine ýetirip, ol birnäçe tikinçini çalşyp bilýärdi. Şeýlelikde, nirede maşyn peýda bolsa, ol zähmet öndürilijigini artdyryp, işçileri gol zähmetinden boşadýardy.

**Manufaktura we telekeçilik.** Ýewropada XVII-XVIII asyrlarda başlan senagat öwrülişigi adamzat taryhynyň

ösüşinde wajyp döwür boldy. Ol öndüriji güýçleriň düýpli ösüşini aňladyp, şol bir wagtyň özünde bolsa täze ykdysady gatnaşyklaryň kemala gelmegi üçin möhüm şertleri döretdi. Senagat öwrülşigi Angliýadan soň Fransiýa, ABŞ-a, Germaniýa, Ýaponiýa, Russiýa we başga-da köp ýurtlara ýaýrady. Ol manufaktura önümçiliginde ulanylan ýönekeý gurallary maşynlar bilen çalşyp, gol zähmetinden maşyn bilen guralýan zähmete geçmeklige ýol açdy. XVIII asyryň ikinji ýarymynda oýlap tapylan bug maşyny hem-de pamygy gaýtadan işleýji maşyn senagat öwrülşigine uly itergi berdi. Senagat öwrülşiginiň ýüze çykmagynda olaryň ikisiniň hem wajyp ähmiýeti boldy.

XIX asyryň başlarynda fransuz inženeri Žakatt dokma stanogyny döretdi, ol stanokda her dürli reňkdäki ýüplükleri ulanmak arkaly nagyşly hem-de gülli matalary dokap bolýardy, ol stanokda dokalan matalary soňra boýamak gerek bolmaýardy. Birneme soňra gülli çit matalary öndürmeklik mehanizmleşdirildi – çitleri silindr şekilli wallaryň arasyna goýup, wallary aýlamak arkaly reňklemek usuly tapyldy, şonda matalaryň ýüzüne degişli nagyşlar we reňkler salynýardy.

Metalyň öndürilişi we işlenip bejerilişi kämilleşdirildi. XVIII asyryň ikinji ýarymyndan başlap Angliýada, soňra bolsa beýleki ýurtlarda suwuk çoýun eredilýän domna peçlerinde daş kömri bişirmek arkaly alynýan koksy ulanmaga başladylar. Howany üflemek üçin bug maşynlary bilen herekete getirlýän kuwwatly körükler we sorujylar döredildi. Gyzdyrylan howany üflemegi ulanmaklyk peýda boldy.

XIX asyryň ortalarynda maşynlary öndürmek üçin taplanan polada bolan isleg artdy. Iňlis inženeri Bessemer 50-nji ýyllarda agdarylýan ägirt uly susagy oýlap tapdy. Susagyň içine oda çydamly kerpiç örüp, onuň içinde çoýny polada ýa-da demre öwürmek üçin eredýärdiler.

60-njy ýyllarda fransuz inženeri Marten demir ýa-da polat döwükleri we şlaklar garyndyly çoýny täzeden eredip polat almak üçin peç gurdy. Marten peçleri Bessemeriň susaklaryna

(konwertorlaryna) garanda has ýokary hilli polat berýärdi. Polat eretmegiň bu iki usuly-da baryp XIX asyryň 70-80-nji ýyllarynda giňden ulanylyp başlandy.

XIX asyrda metaly mehaniki taýdan takyk işläp bejermekden örtri täze stanoklar peýda bolup, maşyn gurluşygy üçin pugta esas döredildi. Tokar stanoklary kämilleşdirildi, maşynlaryň metal gurallaryny işläp bejermek üçin frezer stanoklary (freza – gurşawyň daşyndaky berk päkiler bilen bileleikde aýlanýan gural) ulanylyp başlanyldy. Maşynlaryň bir meňzeş (standart) detallary – nurbatlary, hyrly gaýkalary we şulara meňzeş enjamlar köpçülikleýin öndürilip başlanyldy. Towlap deşýän, hyr kesýän stanoklar önümçilikde häli-şindi ulanylýan zada öwrüldi. XIX asyryň 50-nji ýyllarynda detallary özi işläp bejerýän ilkinji awtomat-stanoklar döredildi.

XIX asyryň 50-60-njy ýyllarynda maşynlaryň özlerini maşynlar bilen öndürmekligiň ösmegi fabrik-zawod önümçiligi üçin mäkäm tehniki baza döretdi we senagat öwrülişiginiň tamamlanmagyny üpjün etdi.

**Industrial jemgyýetiň kemala gelmeginiň sebäpleri.** Ýewropanyň hem-de Amerikanyň öňde barýan ýurtlarynda hojalyga täze, iri maýa goýum gatnaşyklarynyň kemala gelmegi täze eýeçilik gatnaşyklaryň ornaşmagyndan ybaratdy. Erkin telekeçilik, iri maýa goýum önümçilik gatnaşyklary – munuň özi täze ykdysady we durmuş gurluşy bolup, şunda girdejileriň çeşmesi bolup önümçilige goýulýan maýa goýumlary hyzmat edýärdi. Alynýan girdejiler kärhana eýeleriniň işewürligine hem-de hakyna tutma işçileriň zähmetine bagly bolup durýardy. Iri maýa goýum önümçilik gatnaşyklary Ýewropanyň we Amerikanyň öňde barýan ýurtlaryny ykdysady hem-de syýasy taýdan düýpli ösdürdi.

Ýewropada şäherleriň ösmegi industrial jemgyýetiň ösüşini görkezýärdi. Bu ýagdaý tutuş Täze döwri öz içine aldy. Ýewropanyň we ABŞ-nyň ilatynyň köpüsi oba ýerinde ýaşap, oba hojalygy bilen meşgullanýardylar. Senagatda bolşy ýaly, oba hojalygynda hem iri maýa goýumlaryň ornaşmagy, oba ilatyny işsizlige eltdi. Senagat öwrülşiginiň başlanmagy bilen

aragatnaşyk ulgamynyň ösmegi täze senagat merkezleriniň döremegine itergi berdi. Döwletleriň merkezi şäherleri ösdi, olaryň ilatynyň sany artdy. Ykdysadyýetiň we syýasatyň ösmeginde täze baýan gatlak öňdebaryjy orna geçdi. Iri senagat kärhanalarynyň we banklaryň ýolbaşçysy bolup täze baýlaryň wekilleri – buržuaziýa orta çykdy.

## Frank döwletinde feodalizmiň ösmegi.

**1.** VI asyryň ikinji ỳarymyna çenli Frank döwleti Günbatar Ýewropanyň wagşy döwletleriniň iň güỳçlisine öwrülipdir. Emma Hlodwigiň agtyklarynyň we çowluklarynyň arasynda häkimiỳet ugrundaky göreşleriň ỳitileşmegi Merowingler nesilşalygynyň häkimiỳetini gowşadypdyr. Döwlet aỳry-aỳry welaỳatlara bölünipdir. Frank patyşalygy döwlet işleri bilen az meşgullanypdyrlar, şonuň üçin hem “ỳalta patyşalar” adyny alypdyrlar. Döwletde häkimiỳet iş ỳüzünde “maỳordomyň” – frank patyşasynyň köşk dolandyryjysynyň elinde jemlenipdir.
Frank döwletiniň welaỳatlarynyň biriniň maỳordomy öz garşydaşlaryny ỳeňip, dargap barỳan döwleti birleşdirmegi başarypdyr. Bu döwürler frank döwletine Ispaniỳa taraplardan araplar hem howp salypdyrlar. Araplara zarba urmak üçin maỳordom Karl (715-741) frank goşunynda özgertmeler geçiripdir. onuň goşunynyň esasyny pyỳada goşuny düzüpdir, araplaryňky bolsa atly goşundan durỳardy. Karl indi atly goşuny düzüpdir. Ol öz esgerlerine söweş atlaryny we ỳaraglaryny edinmek üçin ỳer paỳlapdyr. Esgerler şol ỳerden gelỳän girdejileri dolulygyna özlerine alypdyrlar. Bu ỳerler esgerlerde maỳordoma gulluk edỳän döwürlerinde galypdyr. 732-nji ỳylda Puatỳe şäheriniň ỳanynda franklar üç günlük söweşde araplary ỳeňipdirler. Frank goşunlarynyň serkerdesi maỳordom Karl bu uruşda görkezen erjelligi üçin “Martell” (“Çekiç”) lakamyny alypdyr. Araplar bilen göreşleri onuň ogly, gysga boỳy üçin “Kelte” lakamyny alan Pipin (741-768) dowam etdiripdir. Kakasy ỳaly Pipin Keltäniň hem maỳordom

derejesi bar eken. Ol 751-nji ỳylda “ýalta patyşalaryň” iň soňkysyny agdaryp patyşa tagtyna eỳe bolupdyr. Pipin Kelte Karolingler nesilşalygyny esaslandyrypdyr.

VIII asyryň ahyrlarynda Frank korollygynyn esasy welaỳatlarynda daýhanlaryň köpüsi hukuksyzlaşypdyrlar, ỳagny erkinliklerini ỳitiripdirler we iri ỳer eỳeleriniň tabynlygyna geçipdirler. Iri ýer eýelerine tabyn bolmadyk ýerler barha azalypdyr. Emma begler özleriniň mülklerini artdyrmak we täze tabyn daỳhanlary edinmek isläpdirler. Beỳik lakamyny alan frank koroly Karl begleriň peýdasyna dyngysyz uruş alyp barypdyr. Ol 768-nji ýyldan 814-nji ýyla çenli ýurdy dolandyrypdyr.Karl öz zamandaşlarynda uly täsir döredipdir. Şol döwrüň ýazyjylary hem şahyrlary onuň juda gujurly hem-de çydamly bolandygy barada gürrüň beripdirler, onuň söweş edermenliklerini wasp edipdirler.

Karl gujurly hekümdar hem-de ökde serkerde bolupdyr. Onuň dolandyran ýyllarynda franklar goňşy ýurtlara 50--den hem köpräk ýöriş edipdir. VIII asyryň ahyrlarynda frank korollygy ep-esli giňelipdir.Karl basylyp alnan ýurtlarda frank beglerine kop ýer paýlap beripdir hem-de ozleriniň azatlygyny goramaga çalşan daýhanlary rehimsiz jezalandyrypdyr.Karl kop goşuna baş bolup, her ýyl diỳen ýaly uzak ýerlere basybalyjylykly ýörişler edipdir. Franklar belent Alp daglaryndan iki sapar geçip, Italiýa çozup giripdirler. Karl bu ýurduň kop bölegini öz mülklerine birikdiripdir.Karlyň goşuny Ispaniýa hem ýöriş edipdir. Ispaniýa baryp VIII asyryň başlarynda araplar tarapyndan basylyp alnypdy. Araplar bu ere Demirgazyk Afrikadan gelipdirler. Araplara garşy alnyp barlan uruş Karl üçin şowsuz bolupdyr, şonuň üçin-de franklar yza çekilmeli bolupdyrlar. Rolandyň baştutanlygyndaky kiçeňräk topar frank goşunynyň yza çekilmegini goraýardy. Gazaply Pireneý daglarynda topar gabawa düşüpdir we ỳerli ilat bilen bolan gazaply söweşde doly gyrlyp gutarypdyr.Soň-soňlar Karl araplara garşy täzeden urşa başlapdyr hem-de Pireneý daglaryndan günorta tarapda ỳrleşen kiçeňräk welaỳaty basyp alypdyr. Saks taýpalaryna garşy uruş has uzaga çekipdir we agyr bolupdyr. Olar franklardan demirgazyk-gündogar

tarapda Reýn bilen Elba derýalarynyň aralygynda ýaşapdyrlar. Sakslar erkin oba jemagaty bolup ỳaşapdyrlar, emma olarda-da eýýäm baý begler saýlanyp çykypdyrlar. Karl sakslara garşy sekiz sapar ýöriş edipdir. Franklaryň güýçli atly goşuny we oňat ýaraglary bolupdyr. Sakslar bolsa başly-barat bolup söweşipdirler, olaryň duşmandan goraýan söweş geỳimleri bolmandyr. Şonuň üçin-de franklar söweşlerde ýeňiş gazanypdyr. Emma franklaryň goşunlary gidip gitmänkä sakslar gozgalaň turzupdyrlar, öz ýurtlarynda salnan galalary otlapdyrlar hem-de ýumrupdyrlar. Karl erkin sakslary tabyn etmek üçin hristian buthanasyny peýdalanypdyr. Юrt ruhanylardan hem-de monahlardan dolupdyr. Basybalyjylar sakslara hristian dinini zor bilen kabul etdiripdirler. Karl halkyň garşylyk görkezmegi doly syndyrmak üçin örän gazaply kanunlary gnrizipdir: korola sähelçe boýun egmezlik üçin, hatda buthana barylmany üçin-de ölüm jezasy bellenilipdir. Bir sapar Karl 4500 ỳesiri ölüm jezasyna buýrupdyr. Emma welin, bu gazaply çäreler hem peýda etmändir. Saksdar 30 ýyldan-da gowrak özleriniň azatlygyny mertlik bilen gorap saklapdyrlar. Şeýle bolansoň, Karl saks begleriniň birentegine sahylyk bilen ýer we tabyn edilen daỳhanlary sylag berip, olary öz tarapyna çekipdir. Begler hut öz halkyna garşy göreşde basybalyjylary goldap başlapdyrlar. Begleriň dönüklik etmegi Karla erkin sakslary boýun egdirmäge komek edipdir. Frank begleri, ýepiskoplar hem-de monastyrlar basylyp alnan ýurtda köp mülkleri alypdyrlar. Olar oba jemagatynyň erkin adamlaryny tabyn edilen daỳhanlara owrüp başlapdyrlar.

Beỳik Karlyň dolandyran döwrüniň ahyrlarynda eýýäm köp taýpalar we halklar onuň häkimieti astynda bolupdyr. Frank korollygy özüniň ululygy boýunça ozalky Günbatar Rim imperiýasyna golaýlaşypdyr. 800-nji ýylda Beỳik Karl Rime gelipdir we özüni imperator diýip yglan edipdir. Papa onuň başyna imperatorlyk altyn täji geýdiripdir. Karl imperator diỳen ady alyp, basylyp alnan halklaryň üstünden öz häkimiýetini berkitmek we Frank döwletiniň mertebesini ýokary galdyrmak isläpdir. Beỳik Karlyň imperiýasy berk bolmandyr, şonuň üçinem ol uzak ýaşap bilmändir. Karl

tarapyndan basylyp alnan taýpalar we halklar özleriniň adatlary boýunça ýaşamaklaryny hem-de dürli dillerde geplemeklerini dowam etdiripdirler. Olar diňe ýarag güýji bilen birleşdirilipdir. Frank ýer eýeleri ilkibada Karly goldapdyrlar, sebäbi ol ýer eýelerine täze ýerleri basyp almaga we erksiz daỳhanlary edinmäge kömek beripdir. Emma Karlyň dolandyran döwrüniň soňky ýyllaryn-da imperatoryň buýruklaryna beg adamlaryň boýun egmeýändikleri baradaky habarlar imperiýanyň köp ýerlerinden häli-şindi ge-lip durupdyr. Şol mahala çenli begler köp ýerleri basyp alypdyrlar, daýhanlaryň esasy köpçüligi bolsa olaryň tabynlygyna geçipdir. Iri ýer eýeleriniň oz nökerleri bolupdyr, şonuň üçin-de olaryň özleri hem daýhanlary tabynlykda saklap bilipdirler. Indi olara imperatoryň güýçli häkimieti derkaram bolmandyr, olar garaşsyz bolmaga çalşypdyrlar. Şonun üçin-de Beỳik Karl ölenden soň, onuň ägirt giň imperiýasy dargap başlapdyr. 843-nji ýylda Karlyň agtyklary imperiýany paýlaşmak barada Werden şäherinde şertnama baglaşypdyrlar. Soň-soňlar Karlyň döreden imperiỳasynyň ỳerinde üç sany uly korollyk: Fransiýa, Germaniýa we Italiýa döräpdir.

**2.** Her bir feodal özüne nöker goşunyny edinmek üçin ýeriniň bir bölegini ondaky oturýan hukuksyz daýhanlary bilen birlikde has ownuk feodallara paýlap beripdir. Ýer eýesi şol feodallaryn senỳory («ulusy») bolupdyr, ýer alan feodallar bolsa onun wassallary, ýagny harby ỳapjalary bolupdyrlar. Feod alan wassal senỳoryň öňünde dyzyna çöküp, oia wepaly boljakdygyna kasam eder eken. Senỳor wassalyna feod berende, yrym üçin, onuň öňüne bir gysym gum bilen agaç şahajygyny oklar eken. Korol ýurtdaky hemme feodallaryň baştutany hasap edilipdir. Ol gersoglar bilen graflar üçin senỳor hasaplanypdyr. Gersoglaryň we graflaryň ygtyỳarynda urşujy nökerleriň uly toparlary bolup, olaryň mülklerinde köplenç ýüzlerçe obalar bolupdyr. Gersoglaryň we graflaryň hem wassallary bolupdur. Olary baronlar diỳip atlandyrỳardylar. Baronlar köplenç ýigrimi-otuz sany oba eýelik edipdirler we olaryň hem öz nökerleri bar eken. Baronlar hem öz gezeginde ownuk feodallaryň — rysarlaryň senỳorlary

bolupdyr. Şeýlelikde, şol bir feodal özünden ownuk feodalyň senỳory, özünden iri feodalyň bolsa wassaly bolupdyr. Wassallar diňe öz senỳorlaryna boýun egmeli ekenler. Eger-de olar korolyň wassallary bolmasa, onda onuň buýruklaryny ýerine etirmäge borçly däl ekenler. Şunuň ýaly düzgün «Meniň wassalymyň wassaly meniň wassalym däl» diỳen kada bilen berkidilipdir. Feodallaryň arasyndaky gatnaşyklar basgançagy ýadyňa salýar, onuň ýokarky basgançaklarynda iň iri feodallar, aşaky basgançaklarynda bolsa ownuk feodallar durýarlar. Şu gatnaşyklara bolsa feodalçylyk basgançagy diýlip at berlipdir.

Daýhanlar feodalçylyk basgançagyna girmändirler. Senỳorlar hem, wassallar hem feodal bolupdyrlar. Ownuk rysardan başlap, tä korola çenli olaryň hemmesi erksiz daýhanlaryň çekỳän zähmetiniň hasabyna ýaşapdyrlar. Begler daýhanyň paý ýerini elinden almak üçin dürli usullary ulanypdyrlar. Şol wagtyň resminamasynda aýdylyşy ýaly, olar «daýhany ýazgarmak hem-de ony urşa gitmäge mejbur etmek üçin her hili bahanalar gözleýärdiler. Munuň özi garyp daýhan tozup, islese-islemese, özüniň ýerini olara berýänçä şeýle edilýärdi». Güýçli adamlaryň - korol nökerleriniň we kazylaryň gysmaklaryndan horluk çeken daýhan «pena» sorap, şolaryň haýsy-da bolsa birine ýüz tutmaga mejbur bolupdyr: ýöne welin, bu zeýilli «pena» daýhana gymmat düşüpdir - ol özüniň paý ýerinden mahrum bolupdyr, onuň ýeri «penakäriň» eýeçiligine geçipdir. Oba jemagatynyň içinden baý adamlar hem çykyp başlapdyr. Jemagatçylaryň köpüsi bolsa garyplaşypdyr. Daýhanlar ýygy-ýygydan bolup durýan hasylsyzlykdan we uruşlardan horluk çekipdirler. Olary ýylyň-ýylyna diỳen ýaly goşunçylyga çagyryp, hojalyk işinden goýupdyrlar.

Oba jemagatyndan çykan baýlar daýhanlaryň çekýän kynçylyklaryndan peýdalanypdyrlar. Garyp düşen daýhan baýdan karzyna mal, tohum, önüm alýardy, soňra bolsa onuň ekin meýdanynda işläp, özüniň bergisini üzýärdi. Eger-de garyp bergisini öz möhletinde üzüp bilmese, onda baý onuň paý ýerini elinden alýardy. Şeýlelikde oba baýlary jemagatyň az bölegini tutỳan iri ýer eýelerine

öwrülipdirler. Ekerançylyk ỳerleri daýhanlaryň elinden gidip, iri ýer eýeleriniň eýeçiligine geçipdir. Emma, daýhan köplenç hojalygy özüniň ozalky paý ýerinde alyp barmagynyy dowam etdiripdir. Ol paý ỳerden peýdalanýanlygy üçin öz hojaýyny üçin işlemelidi we alan hasylynyň bir bölegini oňa bermeli bolupdyr.

Daýhanlara obadan çykyp gitmek gadagan edilipdir. Olar ýere berkidilipdiler, şoňa görä-de olara “garaşly daỳhanlar” (Russiỳada şeỳle daỳhanlary “krepostnoýlar” diỳip atlandyrỳardylar) diýlip at berlipdir. Daýhanlar erksiz, garaşly adamlara öwrülipdirler. Olaryň çagalary, agtyklary hem iri ýer eýesine garaşlylykda galypdyrlar. Şeýlelikde, daýhanlar ýerlerini ellerindsn gidermek bilen, öz erkinliklerinden hem mahrum bolupdyrlar. Ýerden peýdalanýandyklary üçin zähmet borçlaryny, ýagny hökmany etmeli işleri ýerine etirmäge feodallar daýhanlary mejbur edipdirler. Garaşly daýhanlar feodalyň hojalygygynda işleri mugtuna işläp berýärdiler: feodala öý, ammar, köpri gurup we olary bejerip berýärdiler, howuzlaryny arassalaýardylar, balyk tutup berýärdiler. Daýhanlaryň aýallary we gyzlary feodal üçin mata dokaýardylar, çagalary bolsa oiuň uçin tokaýdan kömelek hem-de miwe ýygýardylar. Feodalyn hojalygynda daýhanlaryn ähli edýen işleri mugt edilỳärdi. Russiỳada garaşly daỳhanlaryň hojaỳynyň mülkünde mugtuna edỳän işleri “barşina” diỳlip atlandyrylypdyr. Daýhanlar oz hojalyklarynda öndüren önümleriniň: däne, mal, guş, ýumurtga, ýag, bal we şuňa meňzeş önümleriň bir bölegini feodala tölemäge borçly bolupdyrlar. Şeỳle hem olar özleriniň öndüren zatlarynyň: matanyn, egrilen ýüplügiň, gönüň hem bir bölegini getirip bermäge borçly edilipdir. Daýhanlaryň oz hojalyklarynda öndüren onumlerinden we zatlaryndan feodala berỳän harytlaryna “obrok” diýlip at berlipdir. Barşina bilen obrok garaşly daýhanlaryň esasy zähmet borçlary we salgydy bolupdyr. Daýhanlar buthananyň peýdasyna hem agyr zähmet borçlaryny ýerine etirmeli bolupdyrlar. Olar ýygnan hasyllarynyn we mallarynyň ondan bir bölegini buthana bermeli bolupdyrlar. Garaşly daýhanlar erkin adamlar däldiler,

olar feodala şahsy garaşly adamlardy. Feodal garaşly daýhany satyp-da, satyn alyp-da, çalşyp-da bilýärdi. Eger daýhan gaçan bolsa, onda ony gözläp tapýardylar we mülke gaýtaryp getirýärdiler. Obrogy öz wagtynda tölemänligi, barşinada işlemekden boýun towlany üçin daýhany kaza çagyrýardylar. Kazynyň wezipesini adatça feodalyň özi ỳerine ỳetirỳärdi. Ol öz hyzmatkärlerine daýhany taýak ýa-da gamçy bilen ỳençmegi, elini aýagyny zynjyr bilen baglap, zyndana salmagy buýrup bilýärdi. Garaşly daýhanlar feodalyň öz üstlerinden häkimlik edýändiklerini mydama duýýardylar. Ine, mysal üçin, bir garry daýhan ölýär; ony jaýlap jaýlamankalar, howla dolandyryjy gelip, onuň sygryny alyp gidýär. Ölen daýhanyň ogly miras aljak bolsa, ol öz hojaýynyna iň oňat malyny bermäge borçludy. Egerde daýhan gyzy başga bir mülkden bolan daýhana durmuşa çykýan bolsa, onda onuň ata-enesi feodala kän töleg bermeli bolupdyr. Daýhanlar oz ekin meýdanlaryny ata-baba ulanylyp gelinýän gurallar bilen işläp bejeripdirler. Daihanlaryň kepüsiniň hatda malalary hem bolmandyr, şonuň üçin sürlen meýdanyň üstünden togalak agaç süýredip, ýeriň kesegini owradypdyrlar. Taýak ýa-da tokmak bilen döwek dewüpdirler. Topraga düýbünden diỳen ýaly dökün dökmändirler. Daýhan hojalygynda ownuk mallar goýun, geçi, doňuz agdyklyk edipdir. Ýabylar bilen sygyrlar az bolupdyr, sebäbi uly mallar üçin ot-iỳm ỳetmezçilik edipdir.

Köplenç feodalyň mülkünde işe gümra bolup ỳören daýhanlaryň öz ekin meýdanlaryny işläp bejermäge elleri degmändir. Hasyl örän pes bolupdyr. Sepen tohum dänelerinden bary-ýogy iki, üç esse artyk hasyl alypdyrlar. Hatda sähelçe aýaz we gurakçylyk hem ekini uçrupdyr. Şonda erbet açlyk bolar eken. Emma daýhanlar öz hojalygyndan has ýokary hasyl aljak bolup, ähli tagallalaryny edipdirler. Olarda demirden edilen çalgylar, çarşaklar, paltalar, piller, dyrmyklar peýda bolupdyr. Eýýäm IX asyrda käbir ýerlerde diňe ýeňil tigirli demir azal däl, eýsem agyr tigirli azaly hem ulanyp başlapdyrlar. Daýhanlar şonuň ýaly azal bilen topragy has çuň sürüpdirler; olar topragy demir dişli agaç malalar bilen ýumşadypdyrlar. Ekin dolanyşygynyň iki meýdanly usuly, uç

meýdanly usul bilen çalşyrylyp başlanypdyr. Sürlüp ekilýän ýerleri indi iki meýdana däl-de, eýsem üç meýdana bölüpdirler: birine güýzlük däne, beýlekisine ýazlyk däne ekipdirler, üçünji meýdany bolsa şüdügär edip goýupdyrlar. Indi ekin meýdanynyň ýarysy boş galdyrylman, eýsem üçden biri galdyrylypdyr. Ekin dolanyşygynyň üç meýdanly usuly iki meýdanly usula garanda köp ýer ekilip, hasyly hem has köp alypdyrlar. Orta asyrlaryn başlarynda oba hojalyk gurallary juda pes bolupdyr. Emma daýhanlar özleriniň ýadawsyz zähmeti bilen zähmet gurallaryny we ýeri bejermegiň usullaryny kem-kemden kämilleşdiripdirler. Daýhanlaryn we iri yeleriniň ýaşamaklary üçin zerur bolan zatlaryň hemmesi mülküň öz içinde öndürilipdir. Daýhan özüniň ýönekeýje gurallary bilen özüne öý gurnupdyr, zähmet gurallaryny edinipdir, gap-çanak ýasanypdyr, geýim-eşik, aýakgap tikinipdir. Ol öz hojaýynyny, onuň maşgalasyny we hyzmatkärlerini hem her hili önümler bilen üpjün edipdir.

Feodallar öz mülklerinde ussahanalar gurupdyrlar, olarda garaşly ussalar işläpdirler, olar ýarag, at esbaplaryny ýasapdyrlar, mata dokapdyrlar. Feodala-da, daýhanlara-da hiç zat satyn almak gerek bolmandyr. Diňe duz, demir almak üçin olaryň çykarylýan ỳerlerine gidip, öz önümlerine çalşypdyrlar. Käte baỳlaryň mülküne egni gutuly ykmanda söwdagär geler eken, ol gymmat baha zatlary, ýüpek we beýleki zynat zatlary satyn almagy mülküň eýesine teklip eder eken. Şol hili zatlary satyn almaga gerek boljak pul üçin, feodallar önümleriniň bir bölegini satjak bolup çalşypdyrlar. Ýöne welin, önümleri satmak kyn bolupdyr, sebäbi mülkleriň hemmesinde şol birmeňzeş zatlar öndurilipdir. Şol sebäpden pul hatda feodallarda hem seýrek bolupdyr. XI asyrdan oň Ýewropada welaỳatlar arasynda söwda aragatnaşyklary gowşak bolupdyr. VI-X asyrlarda Gunbatar Ýewropada sap natural hojalyk agalyk edipdir, natural hojalyk wagtynda ýaşaýyş uçin ähli zerur bolan zatlar mülküň oz içinde ondurilipdir. Natural hoşalyk mahalynda hiç zat satylmaýardy we satyn hem alynmaýardy dien ýalydy.

**3.** Orta asyrlarda adamlaryň köpüsi oba hojalygy bilen-däne ekinlerini ekmek, mal idedip köpeltmek bilen meşgul bolupdyr. Şonuň üçin şol wagtlarda esasy baýlyk ýer bolupdyr. Emma IX—X asyrlarda Günbatar Ýewropada ýeriň hemmesi iri ýer eýeleriniň elinde jemlenipdir. Meýdanlar, tokaýlar, ekilmän ýatan ýerler, hatda derýalar hem olaryň eyeçiliginde bolupdyr. Ozalky oba jemagatlary saklanyp galypdyr, ýöne olar öň erkin bolan bolsalar, indi garaşly adamlara öwrülipdirler. Garaşly daýhanlaryň ýaşaýan mülk ýeri “feod” diýlip atlandyrylypdyr, ýeriň we garaşly daýhanlaryň eýesine bolsa “feodal” diýlip at berlipdir. Feodal öz feodyny miras boýunça uly ogluna beripdir. Onlarça we hatda ýüzlerçe obaly tutuş welaỳatlar iri feodallara degişli ekeni. Köp halatlarda iri feodalyň mülki ýurduň dürli ýerlerinde bolupdyr. Ownuk feodala adatça ỳekeje oba degişli bolupdyr. Feodal ozalky erkin oba jemagatynyň ýerinde garaşly daýhanlar işleýän uly mülk döredipdir. Mülküň ortarasynda hojaýynyň daşy haýatly uly howlusy bolupdyr. Bu ýerde feodalyň we onun iş dolandyryjysynyň jaýy, däne hem-de beýleki önümler saklanylýan ammarlar, atýatak, mal hem guş saklanýan jaý bolupdyr. Feodalyň howlusynyň içinde bagynyň, gök we bakja ekinleri ekilỳän mellekleri hem bolupdyr. Hojaýynyň howlusynyň töwereginde, ekin meýdanlaryň arasynda daýhanlaryň ýaşaỳan obalary ýerleşipdir.

Mülkdäki ähli sürüm ýerleri iki bölege: hojaýynyn ekin meýdanyna we daýhanlaryn paý ýerlerine bölünipdir. Hojaýynyň ekin meýdanyndan ýygnalýan hasyl tutuşlygyna feodalyň ammarlaryna daşalypdyr. Garaşly daýhanlar esasan özlerine bölünip berlen paý ýerlerinde işleỳärdiler. Tokaýlar, çemenlikler, suw feodal tarapyndan eỳelenipdir, ýöne welin garaşly daýhanlara-da bulardan peýdalanmaga rugsat edilipdir. Garaşly daýhan guldan tapawutly bolup, oňa paý ýeri bölünip berlipdir, onuň hut öz zähmet gurallary, iş maly, külbesi bolupdyr. Daýhan oz hojalygynda işläp, özüni hem maşgalasyny ekläpdir. Ol öz ýabysy, azaly we malasy bilen hojaýynyň ekin meýdanyny hem-de özüniň paý ýerini işläp bejeripdir. Ýewropada feodallar harby gatlagy emele

getiripdirler. Olar atly söweşijiler bolupdyrlar, şonuň üçin hem olary nemesçe – rysar (“atly”) diỳip atlandyrypdyrlar. Rysaryň esasy wezipesi harby gulluk bolupdyr. Feodalyň ogly ỳedi ỳaşa ỳetende ony tanymal rysara terbiỳelemäge – şägirtlige beripdirler. Rysaryň öỳünde oglanjyk hojaỳynyna hyzmat edipdir, ondan edep-ekram öwrenipdir Ýedi ỳyldan soň şagirt rysaryň ỳarag göterijisine öwrülipdir, ỳörişlerde onuň ỳanynda bolup söweşde ỳardam edipdir.

Rysarçylygy öwrenỳän döwründe şägirt rysarçylygyň ỳedi dessuryny: at münmegi,gylyçlaşmagy, naỳzalaşmagy, suwda ỳüzmegi, aw etmegi, düzzüm oỳnamagy, goşgy goşmagy we aỳdym aỳtmagy öwrenmeli bolupdyr. Şägirt 21 ỳaşyna ỳetende ony synagdan geçiripdirler we rysarlyga göteripdirler. Ak eşikde, gyzyl donda rysar bütin gijäni buthanada doga okap geçiripdir, irden tanymal rysarlar onuň bilenden gylyç asypdyrlar. Şundan soň ỳaş rysar özüniň täze ỳeten derejesini subut etmek üçin ata atlanyp, atyny ỳüzün salyp barỳarka nyşana ok atypdyr. Rysar galkan, uzyn naỳza we gylyç bilen ỳaraglanypdyr. Aỳratyn hem gylyç edinmek gymmat düşüpdir. Gylyjyň lakamy bolup, ol nesilden-nesle geçipdir, onuň sapy her hili gymmat bahaly daşlar bilen bezelipdir, gylyjy ellerine alyp rysarlar kasam edipdirler, doga okapdyrlar. Rysar ullakan galkan bilen boýdanbaşa hemme ýerini gorap bilipdir. Demir halkajyklardan örülen köýnek rysaryň bedenini gorapdyr. Soňabaka demir köỳnek polat sowut bilen çalşyrylypdyr. Rysar kellesine tuwalga şlem geýipdir. Howp abananda ol ýüzüne metaldan edilen nykap tutupdyr. Nykabyň gözüň gerer ýaly iki sany deşigi bolupdyr. Rysarlar daýaw hem çydamly atlara münüp söweşipdirler, olaryň atlarynyňda endam-jany söweş geýimleri bilen goragly bolupdyr.Rysaryň ýarag-esbaplary diýseň agyr bolup, olar 50 kilograma çenli ỳetipdir. Şeýle bolansoň urşujy gowuşgynsyz hem haỳal hereket edipdir.. Eger atly urlup, atdan agdarylaýsa, gapdaldan biri kömek bermese, ol ýerinden galyp bilmändir. Agyr söweş esbaply atyň üstünde söweşmek üçin uzak wagtlap tälim almak gerek bolupdyr; feodallar ýaşlykdan harby gulluga taýynlanypdyrlar.

Demir ýarag örän gymmat bolupdyr; adamynyň at-ýarag bilen doly şaýyny tutmak üçin bütin bir sürüden - 45 sany sygyrdan geçmeli bolupdyr! Muny bolsa özünde garaşly daýhanlary işledýän iri ýer eýesi edip bilipdir. Şoňa görä-de diňe feodallar harby iş bilen uzak wagtlap meşgul bolup bilipdirler.

**4.** Rysarlar gatlagynda özüňi alyp barmagyň aỳratyn däpleri – mertebe edebi bolupdyr. Rysary bezeỳän esasy sypatlar öz senỳöryňa wepalylyk, batyrlyk, ezilenlere we ejizlere howandarlyk etmek, garşydaşyňy sylamak we sahylyk hasaplanypdyr. Tiz wagtdan bu sypatlaryň üstüne näzenin gözellere - ỳagny tanymal zenanlara, senỳoryň, patyşanyň ỳa-da öz söỳgüliňe wepalylyk hem goşulypdyr. Rysar wepadarlygy bilen şol zenanlary şöhratlandyrypdyr, öz edermenliklerini olara bagyşlapdyr. Rysarlar hemişe synaglardan geçmeli bolupdyr. Munuň üçin korol ỳa-da tanymal senỳor turnirleri – başa-baş söweşleri gurnapdyrlar. Turnirlere ỳurduň dürli künjeklerinden rysarlar gelipdirler. Feodallar öz wagtlaryny uruşlarda, toý-tomaşalarda geçiripdirler. Feodallaryň gowy görýän güýmenjesi harby iş bilen baglanyşykly aw awlamak we turnir bolupdyr.
Turnir — güýç synanyşmak we çalasynlyk boýunça ryňarlaryň harby ýaryşy bolupdyr. Turnirlere köp tomaşaçy ýygnanypdyr. Feodal begleri tribunany doldurypdyrlar, garamaýak halk bolsa arenanyň daştewereginde gysylyşyp durupdyr. Turnire gatnaşýanlar söweş esbaplaryny geýip, arenanyn hersi bir çüňküne ugraýardy. Olar sudýanyň yşarat etmegine görä, aýagaldyklaryna biribirine garşy at salyşýardylar. Ryňar kütek turnir naýzasy bilen garşydaşyny atdan agdarjak bolup çalyşýardy. Ýaryş köplenç gatnaşýanlaryň käbirlerine şikes salnyp, maýyp bolmagy we hatda ölmegi bilen gutarýardy. Ýaryşda eňen adatça eňleniň atyny we söweş esbaplaryny baýrak alýardy.

Feodallar fiziki güýji akyldan-da, bilimden-de ileri tutupdyrlar. Feodallaryň köpüsi bütinleý sowatsyz bolup, gol çekmegiň deregine atanak çekipdirler. Rysarlaryň köşkgalalarynda gurulýan meýlislerde çakyr biçak bol

bolupdyr, stollaryň üsti bitinligine gowrulyp bişirilen mallaryň läşinden dosdoly bolupdyr. Her bir feodal öýünde hekman masgarabazlary saklar eken. Olar ozleriniň gödek oýunlary bilen köşkgalada ýaşaýanlary we myhmanlary şady-horram eder ekenler. Rysarlar oz tireleriniň gadymylygyna we atababalarynda meşhur adamdaryň köplügine buýsanypdyrlar. Rysarlar turnirleri – başa-baş söweşleri gurnamagy halapdyrlar. Turnire gatnaşỳanyň her biriniň öz nyşany – gerbi bolupdyr. Gerb rysaryň batyrlygyny we onuň kowmunyň adyny şöhratlandyrypdyr. Gerbler ỳörite dessurlar esasynda döredilipdir: onuň daşky görnüşi ỳüzünde adamlaryň, ỳyrtyjy haỳwanlaryň, guşlaryň ỳa-da ösümlikleriň şekili ỳerleşdirilen galkany emele getirmeli eken. Gerbiň ỳüzünde diňe altynsow, kümüşsöw, gyzyl, gök, ỳaşyl, melewşe we gara reňkleri ulanmaklyga rugsat berlipdir. Gerbiň aşagynda ỳerleşỳän bagjygyň – lentanyň ỳüzünde gerbiň eỳesiniň häsiỳetini beỳan edỳän şygarlar – dewizler ỳazylypdyr. Ýörite adamlar - geroldlar gerbler boỳunça rysarlaryň atlaryny, olaryň nirelidigini anyklapdyrlar, rysarlaryň edermenligini şöhratlandyrypdyrlar, olary başa-baş söweşlere çagrypdyrlar.

Diňe korollar we tanymal feodallar özlerine daşdan Köşk-galalary gurup bilipdirler. Ýönekeỳ rysarlar öz mülklerindäki kiçeňräk berkitme öỳlerinde ỳaşapdyrlar. Galalary adatça goranmak üçin amatly ỳerlerde - baỳyrlaryň üstünde ỳa-da kölleriň ortasynda gurmaga çalşypdyrlar. Eger-de goranmak üçin tebigy päsgelçilikler bolmaỳan halatynda galalaryň daşyna çuň garymlary gazypdyrlar. Köşk-galalary ilkibadalar agaçdan, soň-soňlar bolsa daşdan salypdyrlar. Dişdiş minaralary bolan galyň diwarlar berk gorag bolup hyzmat edipdir. Köşk-galanyň daş-töweregi içi suwly ỳa-da suwsuz giň garymlar bolupdyr. Garymlaryň üstünde derwezä geçer ýaly, ýokary galdyrylýan köpri gurlupdyr; gijesine we duşman çozan mahaly köprini zynjyr bilen ýokary galdyrypdyrlar. Howsalaly habar bolanda feodalyň urşujylary dessine diwarlardaky we minaralardaky öz ýerlerine barypdyrlar. Duşmanlar köşk-galanyň içine girjek bolanlarynda, onuň daşyndaky garymlary gömmeli bolupdyrlar, daşyna demir kakylyp, dubdan ýasalan

derwezäni döwmeli bolupdyrlar. Diwarlaryň üstünden duşmanlaryň üstüne daş, agaç böleklerini zyňypdyrlar, gaýnag suw, gyzgyn şepbik döküpdirler, olara garşy peýkam, naýza atypdyrlar. Emma duşmanlar derwezeden girenlerinde-de köplenç öz maksatlaryna ỳetip bilmändirler, sebäbi olar öňküsinden-de beýik, ikinji bir diwara zabt etmeli bolupdyrlar. Köşk-galanyň esasy minarasy ähli ymaratlardan ýokarda abanyp durupdyr. Feodal onuň içinde öz urşujylary we hyzmatkärleri bilen birlikde uzak wagtlap gabawa hötde gelip bilipdir. Minaranyň içinde feodala hem onuň maşgalasyna ýaşaýyş jaý bolup hyzmat edýän gat-gat otaglar bolupdyr. Ýerzeminde guýy bolupdyr we azyk harytlary saklanypdyr. Zyndan hem şol ỳerde ỳerleşỳär eken; zeýli, garaňky ỳerzeminde eli-aýagy zynjyrlanan ỳesirler hem-de boýun egmeýän daýhanlar saklanypdyr. Esasy minaranyň galyň diwarlarynyň içinden aýlawly basgançak edipdirler. Derýa ýa-da tokaýa barýan ỳerasty çykalga şol basgançak bilen barlypdyr. Köşk-gala feodalyň eýmendiriji güýjüni garşydaşlaryna mydama ýatladyp durýardy. Olar galanyň beýik minaralaryna we eỳmendiriji diwarlaryna alaçsyz garap durmaly bolỳardylar.

## Fransiýa XVI-XVII asyrlaryň sepgitlerinde

**1.Fransiýada manufakturanyň we söwdanyň ösmegi.** XVI asyryň başynda Fransiýa birleşen we güýçli döwlete öwrüldi. Öňki uly mülkdarlar we begzadalar patyşanyň köşk adamlaryna öwrülipdiler Günorta Fransiýada uly mülkdarlar patyşa garşy göreşmäge synanşypdyrlar ýa-da ispan patyşasyna gulluk etmek isläpdirler. Emma fransuz patyşasy güýçli bolany üçin olaryň çykyşlaryny basyp ýatyrypdyr. Fransiýanyň gyrak-çetdäki welaýatlary bolan Langedokda, Prowansda, Dofinde, Bretanda we Burgundiýada wekilçilikli edaralar saklanyp galypdyr. Olara garaşsyz welaýatlar diýilýärdi. Şol wagtlar Fransiýanyň ilaty 15 million adama ýetipdir. Ýurduň ykdysadyýetiniň esasyny oba hojalyk pudagy düzýärdi. Ilatyň

köpüsi obada ýaşaýar eken. Bu döwürde fransuz şäherleriniň ilatynyň sany hem artypdyr. Parižiň ilaty 300 müňe ýetipdir.

Ispaniýa, Niderlandlar we Angliýa bilen deňeşdirilende halkara söwda ýollarynyň Atlantik ummanyna geçmegi Fransiýa üçin uly ähmiýetli bolmandyr. Fransiýa üçin guryýer söwda ýollary ähmiýetlidi. Ýurduň halkara söwda we maliýe merkezi Lion şäheridi. Lionyň uly bazarlary bütin Günbatar Ýewropada bellidi. Halkara söwdasy ýurduň ykdysadyýetiniň iri maýa goýum önümçilik gatnaşyklaryna geçmeginde uly orun eýeledi. Söwdanyň ösmegi senagatda uly öwrülşikleriň başyny başlady.

**Patyşa häkimiýetiniň güýçlenmegi.** Fransiýanyň patyşasy çäklendirilmedik ygtyýarlyklara eýe bolup, ýurtda onuň şahsyýeti hudaýlaşdyrylypdyr. Fransiýada hökmany suratda patyşa sežde etmeli ekeni. Onuň nahar edinmegi, aw awlamagy, ýatmagy, dabaraly ýagdaýda bolup, adatça bu zatlar köp adamlaryň gatnaşmagynda hökmany ýerine ýetirilýän däbe öwrülipdir. Patyşa köşgüne, begzadalara, goşuna senagat harytlary, döwletiň hazynasyna bolsa pul gerekdi. Şonuň üçin hem döwletiň garamagynda manufakturalar döredilýär. Bu syýasaty Lýudowik XIV patyşalyk süren döwründe onuň birinji ministri Kolber (1619-1683) alyp barýardy. Ol döwletiň maliýe we ykdysady durmuşyna 20 ýyllap gözegçilik edipdir. Ýurtda gämiler gurulýardy, polat we demir öndürýän senagat ösýärdi, gara ýollar gurulýardy. Ýüňden we pagtadan mata öndürýän iri manufakturalar döredilýärdi. Senagatda başlan ilerlemeler Fransiýada hakyna tutma işçi güýjüniň emele gelmegini üpjün etdi.

Fransiýada ylym, bilim ösýärdi. Matematika, tebigat ylymlary, edebiýat we sungat ösdi, Ylymlar akademiýasy açyldy. Fransiýada dürli ylmy jemgyýetçilik guramalary döredi.

Patyşa we onuň begzadalary köp wagtyny harby hereketlerde geçirýärdiler. Fransiýa basybalyjylykly uruşlary hem alyp barýardy. Ol Ispaniýanyň we Awstriýanyň üstünden ýeňiş gazandy. Elzas we Burgundiýa ýerleri Fransiýa birikdirildi. Fransiýanyň ähli ýerleriniň we sebitleriniň milli

döwletiň çäklerine birikdirilmegi onuň halkara abraýyny artdyrdy.

Fransiýanyň koroly Lýudowik XIII döwlet dolandyryşynda ýurdy edara etmegi birinji ministriň üstüne ýükläpdir. 1624-1642-nji ýyllarda ýurduň hokumetiniň baştutany kardinal Rişelýe bolupdyr. Öz döwürdeşleriniň bellemegine görä, ol ussat syýasatçy we ezber döwlet işgäri bolupdyr. Ol öz wezipesini tä aradan çykarýança saklamagy başarypdyr. Patyşanyň ejesiniň, aýalynyň we doganynyň özüne duşmançylyk edýändigine garamazdan, kardinal Rişelýe XVII asyryň birinji ýarymynda Fransiýanyň ykdysady we syýasy kuwwatyny dikeltmek ugrunda iş alyp barypdyr. Ol döwleti we döwlet edarasyny merkezleşdirmegi başarypdyr. Rişelýe döwletiň özygtyýarlygyny gorapdyr. Ol Fransiýada ylmyň, bilimiň, sungatyň ösmegine giň ýol açypdyr. Onuň karary bilen ilkinji fransuz gazýeti neşir edilýär.

Fransiýanyň Ýewropada esasy garşydaşy Ispaniýa we Awstriýa döwletleridi. Otuz ýyllyk uruşda (1618-1648) Fransiýa Ispaniýany ýeňýär. Bu bolsa Fransiýa öz serhetlerini giňeltmäge mümkinçilik berdi we ol Ýewropada uly döwletleriň birine öwrülýär. **2.Absolýut monarhiýa.** XVII asyryň ortalarynda Fransiýa çäklendirilmedik (absolýut) ygtyýarlyklary bolan patyşalyk döwleti bolup galmak bilen, ol Günbatar Ýewropanyň iň kuwwatly döwletine öwrüldi. Lýudowik XIV patyşalyk eden ýyllarynda (1643-1715) ol Ispaniýanyň, Awstriýanyň üstünden uly ýeňişleri gazandy. Fransuzlaryň ýaşaýan ähli ýerleri diýen ýaly birleşdirildi. Iri koloniýalar Kanada, Luiziýana, Gaiti adasynyň bir bölegi, Ost-Hindistandaky ençeme şäherlerdir galalar basylyp alyndy.

Lýudowik XIV döwründe ýurdy birinji ministr, kardinal Mazarini dolandyrypdyr. Gelip çykyşy boýunça Mazarini italiýaly bolup, ol örän mekir, diýseň akylly hem-de başarjaň adam bolupdyr. Ol halk gozgalaňlaryny basyp ýatyrypdyr, patyşanyň häkimýetine dalaş edýänleri ýowuz yzarlapdyr.

Fransiýanyň ýokary kazyýet häkimiýeti, begzada gullukçylaryndan durýan Parižiň parlamenti patyşanyň çäklendirilmedik ygtyýarlyklaryna garşy çykypdyrlar.

Lýudowik XIV parlamente gelip:” Jenaplar! Siz, döwlet – bu biz diýip pikir edýärsiňiz. Emma siz ýalňyşýarsyňyz, döwlet - bu mendirin” diýýär. Lýudowik XIV buýrugy bilen Parižiň günbatarynda köşkler toplumyndan, seýilgählerden we suw çüwdürimlerinden ybarat bolan Wersal şäheri gurulýar. Wersaly gurdurmak üçin 20 ýyl gerek bolupdyr. Ýewropanyň köp patyşalary Lýudowige öýkünip kaşaň köşkleri gurdurýardylar.

**Çäklendirilmedik häkimiýetiň özboluşlylygy.** XVIII asyrda fransuz patyşalary edil öňki asyrlardaky ýaly çäklendirilmedik ygtyýarlyklara eýe bolupdyrlar. Lýudowik XIV aradan çykandan soň, Fransiýany onuň çowlugy Lýudowik XV (1715-1774) dolandyrdy. Onuň kämillik ýaşyna ýetmändigi üçin ýurdy ministrler edara edipdirler. Patyşa bolsa aw awlapdyr we tans edip, wagtyny şady-horramlykda geçiripdir. Bu döwürde Fransiýa Ispaniýa bilen uruş alyp barýardy. Uruş köp çykdaýjylary talap edip, ol halk köpçüliginiň ýaşaýyş derejesiniň peselmegine getirdi.

1766-njy ýylda “Patyşa häkimiýeti diňe meniň şahsyýatimde jemlenýär” diyip, Lidowik XV fransuz parlamentinde eden çykyşynda aýydypdyr. Ol “Ähli jemgyýetçilik tertip-düzgüni menden çykýar, milletiň hukugy we bähbidi hut meniň elimdedir” diýip öwnüpdir.

XVIII asyrda patyşa köşgi öňkiden-de has dabaraly ýagdaýa öwrüldi. Çäklendirilmedik häkimýetiň daşky görki onuň kemçilikleriniň üstüni örtýärdi. Begzadalaryň köpüsi işlemän, toý-tomaşalarda keýp çekip, mugthorçylyga baş urupdylar. Ýokary döwlet wezipeleri, adatça, satylýardy ýa-da köşk gatnaşyklary esasynda asly beglerden bolan ukypsyz adamlara paýlanýardy. Bu ýagdaý harby işiň we ýurdy dolandyrmagyň pese gaçmagyna eltdi. Begzadalar zynat we baýlyk içinde baýnap ýaşaýardylar, olar gelejege nazar aýlamaýardylar. Lýudowik XV “Goý, bizden soň dünýäni sil alsyn” diýer eken. Şonuň üçin hem çäklendirilmedik patyşalygy we iri ýer eýeçilik düzgünlerini ýok eden rewolýusiýa şol sil boldy.

**3.Fransiýanyň daşary we içeri syýasaty.** Emele gelen ýagdaý patyşanyň daşary syýasatynyň şowsuzlygyny görkezdi. Fransiýanyň Amerikadaky koloniýalary Angliýanyň ygtyýaryna geçdi. Fransiýanyň Günbatar Ýewropadaky täsiri hem peseldi. XVIII asyrda begzadalaryň we patyşa häkimýetiniň abraýy kem-kemden pese gaçyp başlaýar. Begzadalaryň nesli azýardy, olar harby gulluk we döwlet wezipeleri bilen barha az gyzyklanýardylar, tersine, olar patyşa köşgüne ýakynlaşmaga jan edýärdiler. Begzadalar gitdigiçe peýdasyz, bikär gatlaga öwrülýärdiler.

Oba hojalygynda orta asyr ýer eýeçilik düzgünleriniň höküm sürmegi netijesinde Fransiýanyň Angliýadan hojalyk taýdan yza galmagyna we onuň uruşlarda ýeňilmegine sebäp bolýardy. Fransiýanyň deňiz goşuny pese gaçyp, ol iňlis goşunundan barha beter yza galýardy. Fransiýa Angliýanyň we Prussiýanyň garşysyna ýedi ýyllyk uruşda (1756-1763 ýý.) agyr ýeňilşe sezewar bolansoň, Kanadadan hem-de Ost-Hindistandaky koloniýal mülkleriniň ählisinden diýen ýaly mahrum boldy. Bu şowsuzlyklar fransuz gatlaklarynyň arasynda kanuny närazylygy döredýärdi, dolandyryjy nesilşalygyň aýyplanmagyny güýçlendirärdi. Hökümetiň işinden parlament hem närazydy.

**Oba hojalygynyň ýagdaýy.** XVIII asyryň 70-nji ýyllarynda Fransiýanyň 25 million ilaty bolup, şäherlerde 3 million adam, oba ýerlerinde bolsa 22 million ilat ýaşaýardy. Oba hojalygy ýurduň ähli girdejisiniň dörtden üç bölegine golaýyny berýärdi. Fransiýanyň oba hojalygynda orta asyrlar döwri üçin häsiýetli bolan köne gatnaşyklar entegem saklanyp galýardy. Ýerleriň ählisi diýen ýaly begzadalaryň we buthanalaryň eýeçiligindedi. Ýerli şertlere baglylykda ekerançylyk ýerleriniň 20%-den 80%-ne çenli bölegi begzadalara we buthanalara degişli bolup, ony ownuk bölekler görnüşde kärendeçi daýhanlar nesilme-nesil saklaýardylar.Kärendiçi daýhanlar we düýbinden ýersiz daýhanlar oba ilatynyň ýarsyndan gowragydy. Hasyl ýygnalýan mahaly özüne günlükçi tutýan daýhan azdy. Ýurduň diňe

demirgazygynda fermer hojalygy duş gelýärdi. Daýhanlar begzadalaryň hem-de buthananyň peýdasyna bir topar zähmet borçlaryny ýerine ýetirýärdiler. Ýer eýeleri bolan begzadalara önüm we pul görnüşinde dürli salgytlary töleýärdiler. Ähli girdeýjileriň 1/10 bölegini buthana berilýärdi. Patyşanyň we begzadalaryň aw awlamak baradaky aýratyn hukugy daýhanlaryň ekin meýdanlaryna uly zyýan ýetirýärdi. Daýhanlara bolsa hatda öz ekin-dikinlerin torç edýän kepderileri we towşanlary gyrmak hem berk gadagan edilýärdi. Awa çykyp göwün açýan wagtlarynda begzadalaryň atlary bilen daýhanlaryň ekin ýerlerini basgylanýan wagtlary seýrek bolmaýardy, birnäçe ýüz köşk adamlarynyň, atlylaryň, arabalaryň gatnaşmagynda patyşanyň awa çykmagy töwerekdäki obalar üçin hakyky betbagtçylyga öwrülýärdi.

Fransuz obalarynda daýhanlaryň mertebesini kemsidiji köp sanly borçlar we adatlar saklanyp galýardy. Jenaplaryň ukusyny bimaza etmez ýaly, daýhanlar köşkleriň ýanyndaky howuzlaryň gurbagalaryny gijesine ürküzip ýörmeli bolýardylar. Daýhan begzada duşanda iki bükülip salam bermäge, elini ogşamaga borçludy. Daýhanlara begzadalardan gaçyp gitmäge ygtyýar edilmeýärdi. Begzadanyň elinde daýhanlar babatynda höküm çykarmak hukugy saklanyp galýardy.

Daýhan durmuşynyň kynlygyna garamazdan, 1720-1770-nji ýyllarda Fransiýanyň oba hojalygynda ep-esli ilerlemeler boldy. Onuň esasy sebäbi ilatyň sany köpelipdir we kartoşka ekini köpçülikleýin ýaýrapdyr. Kartoşka daýhan maşgalasynyň esasy iýmitine öwrülýär.

XVIII asyryň birinji ýarymynda obalarda çörek topalaňlary bolupdyr hem-de daýhanlar salgytlara garşy çykypdyrlar. Häkimiýete garşy gozgalaňlarda kähalatlarda begzadalar halk köpçüligi bilen bilelikde çykyş edýärdiler. 1648-nji ýylda gozgalaň bolup, ol esasan Mazarininiň häkimýetine garşy gönükdirilipdi. Gozgalaň 1653-nji ýyla çenli dowam etdi. 1661-nji ýylda kardinal Mazarini aradan çykanda Lýudowik 22 ýaşyndady. Ol birinji ministr diýip özüni yglan

edýär. Lýudowik XIV "raýatlaryň hiç hili hukugy ýokdur, olaryň diňe borjy bar" diýip aýdýar eken.

**4.Fransiýanyň syýasy we ykdysady ýagdaýy. Manufakturanyň we söwdanyň ösmegi.** XVIII asyrda Fransiýa Günbatar Ýewropada güýçli döwletleriň birine öwrüldi. Fransiýa Angliýa garanyňda gowşak ösen ýurt bolsa-da önümçilige iri maýa goýumlaryny goýmaklyk ösýärdi. Senagatyň we söwdanyň ösüşi çaltlanýardy. Patyşa köşgi harby enjamlary we ýarag öndürýän manufakturalaryň döremegine we ösdürilmegine uly gyzyklanma bildirýärdi.

Fransuz söwda kompaniýalarynyň başga ýurtlar we koloniýalar bilen söwda etmekleri döwlet tarapyndan goldanylýardy. Bularyň hemmesi döräp gelýän baý gatlaklar bolan buržuaziýa üçin peýdalydy. Ilki başda buržuaziýa patyşanyň çäklendirilmedik häkimýeti we onuň girizýän düzgünleri bilen oňuşýardylar.

Parižde owadan egin-eşikler, köp dürli nepis mebeller, bezelen arabalar, altyn-kümüş şaýlar ýaly zynatlar köp öndürilýärdi. Fransiýanyň merkezi bolan Parižiň ilaty ýarym million adamdan gowrakdy. Ilatyň esasy köplügi senetçiler, ussalar we işçilerdi. Olar esasan şäheriň gündogar böleginde we onuň eteklerinde ýaşaýardylar. Ýurduň demirgazyk-gündogarynda senagat kärhanalarynyň önümçiligi ösýärdi. Nahmata pudagynda ilkinji fabrikler peýda boldy. Ýüpek mata önümçiliginiň möhüm merkezi hökmünde Lion şäheri tapawutlandy. Merkezleşdirilen iri kärhanalar şindi azdy, ýöne ýuwaş-ýuwaşdan şeýle kärhanalar hem peýda bolýardy. Olara patyşanyň ýarag ussahanalary we az sanly kärhanaçy begzadalaryň Brestdäki hem-de Tulondaky bug maşynly metallurgiýa kärhanalary, şeýle hem ýurduň demirgazygynda ýerleşýän kömür känleri degişlidi. Emma XVIII asyryň başynda Fransiýada orta asyr kärhanalary bolan senetçilik ussahanalarynyň saklanyp galmagy ýurduň senagat taýdan ösmegi üçin uly päsgelçilik döredýädi.

Söwdanyň we senagatyň ösmegi netijesinde täze baýan gatlagyň wekilleri bolan buržuaziýa, begzadalaryň ýeke-täk agalyk ediji gatlak bolup galmagyny islemeýärdiler. Olar

söwda we senagat işinde özlerine doly erkinlik berilmegini, begzadalaryň we tutjar täjirleriň koloniýalar bilen söwda etmekde artyk hukuklarynyň ýatyrylmagyny talap edýärdiler. Ondan başga-da, buržuaziýa ýurduň dürli ýerlerindäki uzynlyk we agyrlyk ölçegleriniň birmeňzeş bolmagyny, köp sanly içerki gümmrükhanalaryň ýatyrylmagyny talap edýärdi.

Harytlaryň öz mülkleriniň üstünden geçirilýändigi üçin begzadalar welaýatlaryň serhetlerinde, şäherlerde täjirlerden uly gümrük pajyny ýygnaýardylar. Bir çelek çakyryň ýa-da bir halta dänäniň bahasy uzak aralyga eltilende birnäçe esse gymmatlaýardy. Onlarça müň esgerler we gullukçylar gümrükhanalarda oturyp paç alýardylar.

Fransiýanyň söwdä gämilerini Amerikanyň, Demirgazyk Afrikanyň, Ortaýer deňziniň kenarlarynda görmek bolýardy. Koloniýalardaky baý täjirleriň uly mülkleri, köp sanly gullary we kärhanalary bardy, fransuz täjirleri gul söwdasyny hem edýärdiler. Şeýdip olar gysga wagtyň içinde ägirt uly baýlyklara eýe boldylar.

Fransiýada ýurduň parlamenti bolan Baş Ştatlar uzak wagtlap çagyrylmandyr. Hemme meseleler patyşanyň maslahatynda çözülýän eken. Şonuň üçin hem Fransiýada patyşalyk düzgüninden närazylyklar ýyl-ýyldan güýçlenipdir.

**Fransuz jemgyýetiniň gatlaklary.** Edil Orta asyrlarda bolşy ýaly, Fransiýada bu döwürde-de jemgyýet üç sany durmuş gatlagyna bölünýärdi: birinjisi – ruhanylar, ikinjisi - begzadalar, üçünjisi bolsa ilatyň galan bölegidi. Patyşalyk düzgüni fransuz jemgyýetiniň şu üç gatlaga bölünmegini jany-teni bilen goraýardy. Fransiýada “ruhanylar korola öz dogalary, begzadalar – gylyçlary, üçünji gatlak bolsa – emläkleri bilen gulluk edýärler” diýip aýdar ekenler.

Birinji hem-de ikinji gatlak artykmaç hukuklardan peýdalanmak bilen salgyt tölemändirler we mülklere eýeçilik edipdirler. Olaryň hemmesi ilatyň bary-ýogy 4% tutupdyrlar. Bu adamlar korolyň berýän peşgeşleriniň hem-de pensiýasynyň hasabyna ýaşapdyrlar. Mysal üçin, Markiz Otişan dört sany pensiýa alýardy. Birinjisini ata-babasynyň hyzmaty üçin,

ikinjisi hem şonuň ýalydy, üçinjisi hem şol esasda, dördünjisi hem şol sebäplidi.

Serkerdelik wezipelerine diňe begzadalar bellenilipdir. Munuň üçin her bir begzada dört arkasynyň hem begzada bolandygyny subut etmeli bolupdyr. Üçünji gatlagyň ýagdaýy agyr bolupdyr. Bu gatlagyň düzümine daýhanlar, senetçiler, hakyna tutma işgärler, günlükçiler giripdirler. Şeýle hem bu gatlaga buržuaziýa, ýagny bankirler, gämi eýeleri, täjirler, manufakturalaryň eýeleri, emeldarlar, hukukçylar hem degişli bolupdyr. Olar hem salgyt töleýärdiler. Buržuaziýanyň hatarynda örän baý adamlar hem bar eken. Olar korola karz pullary hem berýärdiler, emma olaryň hukuklary bolmandyr.

**Ýönekeý halkyň ýagdaýy.** XVIII asyrda Fransiýanyň ilatynyň köplügi oba ýerlerinde ýaşapdyrlar. Şonuň netijesinde Fransiýanyň ykdysady ösüşinde birnäçe aýratynlyklar bolupdyr. Oba hojalyk önüminiň ösüşine ownuk daýhan hojalygy päsgel beripdir. Baý adamlar, begzadalar uly hojalyk döretmäge höweslenmändirler. Olar oba hojalygyndan, oba durmuşyndan daşlaşmaga çalyşýardylar. Fransuz daýhanlary şahsy taýdan azat bolupdyrlar. Şonuň üçin hem şahsy taýdan azat bolan daýhanlara dürli hünärler bilen meşgullanmaga mümkinçilik bolupdyr. Emma fransuz rewolýusiýasyna çenli daýhanlaryň öz ýerlerini satyn almaga hukugy bolmandyr. Daýhanlar iri ýer eýelerine salgyt töläpdirler.

Fransiýanyň begzadalary iki topara bölünýärdi. Birinji topara köşk adamlary degişli bolup, olar öz mülklerinden alýan girdejileri ýetmänsoň, patyşanyň harby gullugyna durupdyrlar. Munuň üçin patyşa olara pul töläpdir. Begzadalaryň ikinji topary welaýat begzadalary bolup, olar esasan ýerden alynýan girdejiniň hasabyna ýaşapdyrlar. Emma muňa garamazdan olaryň hem girdejisi az bolupdyr. Şonuň üçin hem olar patyşanyň goşunlarynda gulluk etmäge döwtalap bolupdyrlar.

Pul-haryt gatnaşyklarynyň ösüşi we daýhanlaryň pul salgydyna geçirilmegi oňyn netije beripdir. Sebäbi pul salgydynyň girizilmeginiň netijesinde Fransiýanyň oba hojalygynda bazar gatnaşyklary kemala gelip başlapdyr. Bu döwürde ýurduň oba ýerlerinde we şäherlerde täze baýlaryň –

buržuaziýanyñ täsiri hem güýçlenip ugraýar. Buržuaziýa begzadalardan salgyt ýygnamak hukugyny satyn alýardylar we çalt baýlaşýardylar.

Fransiýada Angliýadaky ýaly ösen maldarçylyk bolmandyr. Şonuň üçin hem oba hojalygynda esasan bugdaý ekilipdir. Emma bugdaýy daşary ýurtlara satmaga Fransiýanyň mümkinçiligi bolmandyr.

Fransiýanyň patyşasy Lýudowik XIV döwründe döwletiň dini we syýasy bütewligini gazanmak üçin dinde dörän akymlara garşy zabun syýasat alnyp barylýardy. 1685-nji ýylda patyşa kotolik dininiň protestantçylyk akymyny gadagan edýär. Bu bolsa Fransiýany agyr ýagdaýa eltipdir. 200 müňden gowrak fransuzlar başga döwletlere göçüp gitmäge mejbur bolupdyrlar. Şonuň netijesinde ýurduň ykdysadyýetine uly zyýan ýetdi. Ýurtda ussat hünärmentler, telekeçiler azaldy.

## Beýik Fransuz rewolýusiýasy

**1.Fransiýada rewolýusiýanyň sebäpleri.** XVIII asyryň ahyrlarynda Fransiýanyň içeri-syýasy ýagdaýy çylşyrymlaşyp ugraýar. Wagt geçdigiçe içerki gapma-garşylylyklar barha güýçlenýärdi, oňa aýratyn hem salgytlaryň köpelmegi, goşuny hem-de köşgi saklamak üçin alynýan ýygymlaryň artmagy uly täsir etdi. Daýhanlar gozgalaň turuzýardylar, salgyt toplaýjylaryň garşysyna çykyp, ýer eýeleriniň hukuklarynyň çäklendirilmegini talap edýärdiler. Patyşanyň goşuny gozgalaňa gatnaşyjylardan zalymlyk bilen öç alýardy. Fransiýanyň günortasyndaky obalar gozgalaň turuzýandyklary üçin ýok edilýärdi. Ýollaryň ugrunda adamlary hatar-hatar edip asýardylar.

Patyşa daýhan gozgalaňlaryny basyp ýatyryp, olary topar-topar edip Bastiliýa galasyndaky zyndana taşlaýardy. Patyşa häkimiýeti iri ýer eýeleriniň bähbitlerini berk goraýardy. Olaryň artykmaç hukuklarynyň we ýeňillikleriniň ýatyrylmagyna päsgel berýärdi. Bu bolsa daýhanlaryň, senetçileriň, täze dörän baý gatlak bolan buržuaziýanyň arasyndaky öňdebaryjy adamlaryň barha köp närazylygyny

döredýärdi. 1774-nji ýylda Lýudowik XV aradan çykýar. Fransuz tagtyna onuň agtygy Lýudowik XVI (1774-1793) çykýar.

Lýudowik XVI häsiýeti boýunça gowşak, erksiz hem döwlet işlerinden başy çykmaýan tejribesiz hökümdar bolupdyr. Ol döwlet işlerinden gaça durýardy we döwlet geňeşinde meseleler ara alnyp maslahatlaşylanda köplenç irkiler oturardy. Ol aw awlamagy gowy görýärdi. Patyşa halkyň ykbalyna perwaýsyz garaýardy. Döwleti dolandyrmakda Lýudowik öz aýalynyň – Awstriýaly melike (şa gyzy) Mariýa Antuanettanyň maslahatlaryny köp diňleýärdi.

Fransuz köşgünde bezeglere we şagalaň-şowhunlara sowulýan harajat ýyl-ýyldan artýardy. Patyşanyň görmegeý hem-de zehinli aýaly Mariýa Antuanetta köşkde toý-tomaşalaryň guramaçysy bolup, çäklendirilmedik häkimýetiň saklanyp galmagynyň tarapdarydy. Özgerişlikleri geçirmegi we köşk çykdaýjylaryny çäklendirmegi teklip edýän ministrler patyşa aýalynyň talap etmegi boýunça işden boşadylýardy.

Fransiýa özgerişlikleri isleýärdi, şonuň üçin hem patyşa muny birbada goldady. Ol Pariž parlamentini dikeltdi we maliýe işleriniň baş gözegçisi edip ykdysadyýetçi alym Žak Týurgony belleýär. Týurgonyň maksatnamasy özgerişlikleriň üsti bilen döwleti ykdysady kynçylykdan alyp çykarmakdy. Maliýe gözegçisi bolmak bilen Týurgo goşmaça salgytlaryň girizilmegine garşy çykyp, bugdaýa goýlan kesgitli bahany aýyrdy. Ondan başga-da ol iri ýer eýeleriniň we buthananyň hukugynyň çäklendirilmegi ugrunda iş alyp bardy.

1774-nji ýylda Fransiýada hasylsyz ýyl boldy. Çöregiň bahasy birnäçe esse ýokarlandy, bu bolsa “çörek topalaňlaryna” eltdi. Garyplaryň topary bugdaýly arabalary, ammarlary basyp alýardylar. Aç halk Wersal köşgüne garşy açlaryň ýörişini geçirip, çöregiň bahasyny peseltmek barada talap etdiler. Parižiň köçelerinde “eger-de çöregiň bahasy arzanlanmasa, ministrler çalşylmasa, patyşa we onuň burbonlar nesilini ýok ederis” diýen ýazgylar peýda boldy. Týurgony wezipesinden boşatdylar. Onuň çykaran kararlary ýatyryldy. Şeýdip döwleti özgertmek meýli başa barmady.

Ýurtdaky goh-galmagallar, tertip bozulmalar dowam edýärdi. Şäherlerde garyplar gymmatçylyk sebäpli patyşa ýüzlenýärdiler, işçiler iş taşlaýardylar, edaralar, kärhanalar ýapylýardy, işsizleriň sany artýardy. Onuň üstesine-de ýurtda gurakçylyk başlady we gaty sowuk gyş boldy. Fransiýada heniz görülmedik açlyk döredi.

**2.Baş ştatlaryň çagyrylmagy.** Patyşa Lýudowik XVI özüniň iş oňarmaýanlygyny görkezdi. Ol aýaly bilen köşkde toý-tomaşalary geçirmek üçin ägirt uly pullary harçlaýardy. Fransiýanyň bergisi 140 million altyn pula ýetdi. Goşmaça karz alyp bolmady. “Siziň aly-hezretiňiz, döwlet hazynasynda pul ýok” diýip patyşa habar berdiler. Ýekeje çykalga bardy, ol hem hukukly gatlaklar babatynda salgyt girizmelidi. Munuň üçin Lýudowik XVI Baş Ştatlary çagyrmagy karar etdi. Baş Ştatlar indi 1614-nji ýyldan bäri çagyrylmaýardy.

Ýurtda saýlawlara taýýarlyk işleri başlady. Fransiýanyň kanun çykaryjy edarasy bolan Baş ştatlara bolup geçen saýlawlarda halk köpçüligi öz wekilleriniň öňünde edilmeli işler barada anyk wezipeleri goýýardy.

Fransiýada öňki usullar bilen pul tapmak, ýagny özbaşdak salgytlary salmak, karzlary girizmek mümkinçiligi indi ýokdy. Bank eýýeleri karz pul bermekden boýun gaçyrýardylar. Lýudowik XVI täze karzlaryň we salgytlaryň alynmagyna Baş ştatlar ylalaşar öýdüp tama edýärdi. Halkyň horluk çekmegi adatdakydan has beter artypdy. Sebäbi hasylsyzlyk gymmatçylygy, azyk gytçylygyny döredipdi. Daşary ýurt önümleriniň getirilmegi bolsa fransuz manufakturalaryny tozdurýardy.

Ussa kömekçileriniň we işçileriň arasynda işsizlik döräp başlapdy. Käýerlerde bolsa gozgalaňlar turýardy. Parižde bolan gozgalaňda goşunlar gozgalaň turzan işçileri oka tutdy. Öldürilen we ýaralanan adamlar boldy. Birentek obalarda daýhanlaryň närazyçylyk hereketi täzeden başlady.

Baş ştatlaryň maslahatynyň çagyrylmagy bütin ýurtda özgerişlikler bolmak umydyny we ägirt uly jemgyýetçilik tolgunşygyny, köpçüligiň syýasy işjeňliginiň ýokary göterilmegini döretdi. Baş ştatlara ähli gatlaklardan wekil

saýlanan halatynda, şäherlerde we obalarda sargytlary düzmäge ygtyýar edildi. Üçünji gatlagyň wekilleri bolan daýhanlar we senetçiler özleriniň närazylygy baradaky şikaýatlaryny öz sargytlarynda ýazyp aýan etmäge mümkinçilik aldylar. Şol sargytlary sowatsyz daýhanlara okamagy-ýazmagy başarýan adamlar bolan oba ruhanylary, kazylar, kiçi gullukçylar we dukançylar ýazyp berýärdiler. Ýurt boýunça 60 müňden gowrak sargyt düzüldi.

1789-njy ýylyň maý aýynyň 5-nde Wersalda Fransiýanyň parlamenti bolan Baş ştatlaryň maslahaty açyldy. Ägirt uly maslahat köşgünde tagtyň öňünde ýerleşen giň zalyň bir tarapynda birinji gatlagyň wekilleriniň 270-si ýerleşdi. Zalyň beýleki tarapynda ruhanylaryň wekilleriniň 291-si oturdy. Ruhanylar ak-melewşe matalardan tikilen lybaslardadylar. Üçinji gatlagyň gara eşikli 600 sany wekili birinji hem-de ikinji gatlagyň wekilleriniň yzynda dik durdylar. Patyşa tagtda oturyp, köne adat boýunça öz hereketini alyp bardy. Üçünji gatlagyň wekilleriniň maslahatda ozalkylar ýaly çöke düşüp oturmandyklaryny we hatda kellelerinden gara papaklaryny çykarmazlyga milt edendiklerini görüp, patyşa we begzadalar gahar-gazaba mündiler.

Üçünji gatlak ýurduň ilatynyň 96 % wekilçilik edýärdi we döwletiň ähli baýlyklaryny döredýärdi. Onuň wekilleri özleriniň güýçlidiklerini duýýardylar we bikär begzadalary hem-de buthanaçylary ýigrenýärdiler. Olar ýigrenýändiklerini gizläp hem duranokdylar.

Lýudowik XVI täzeliklere çensiz köp dyrjaşmaklygy ýazgardy we täze salgytlary tassyklamagy höküm etdi. Maslahatda ses bermegiň tertibi gatlaklaryň arasynda jedel döretdi. Wekiller nädip ses bermeli, hemmesi bilemi ýa-da aýratynlykda? Üçünji gatlagyň wekilleri bileleşip ses bermegi talap etdiler. Emma ses bermegiň gatlaklaýyn geçiriljekdigi, ýagny her bir gatlaga bir ses ýetýänligi yglan edildi. Bu bolsa begzadalar bilen ruhanylara öz erk-isleglerini mejbury kabul etdirmäge mümkinçilik berilmegini aňladýardy. Emma ilatyň üçünji gatlagynyň wekilleri muňa boýun egmediler. Baryp Baş ştatlar açylmazdan ozal gazýetlerde (olar şol mahal Parižde

örän köp çykarylýardy) üçüinji gatlagyň wekilleri gatlaklaýyn ses bermegiň ýatyrylmalydygyny we Baş ştatlaryň bütin milletiň wekilleriniň ýeke-täk ýygnagyna öwrülmelidigini talap edýärdiler. Şeýle edilse her bir wekiliň öz sesi boljakdy. Kararlar bolsa sesleriň köplügi bilen kabul ediljekdi. Şu hili düzgünde 600 wekili bolan üçünji gatlak, begzadalar we ruhanylar gatlaklarynyň aýry-aýry öňdebaryjy pikirli wekilleri bilen bileleşip, sesleriň köplügini gazanyp biljekdi.

Fransiýanyň ilatynyň üçünji gatlagy düzümi boýunça bir meňzeş däldi. Onda şäher baýlary, täjirler, manufaktura hem-de bank eýeleri hem bardy. Şäherde senetçiler, ownuk dukançylar örän köpdi. Hakyna tutma işçiler ýaňy döräp başlapdy. Manufaktura işçileriniň, ussa kömekçileriniň we şägirtleriniň, oba hünärmentleriniň, möwsümleýin günlükçileriň ýagdaýy juda agyrdy. Üçünji gatlagyň ähli agzalary begzadalaryň we ruhanylaryň artykmaç hukuklarynyň ýok edilmegine, patyşa häkimiýetiniň çäklendirilmegine, öz ýagdaýlarynyň gowulandyrylmagyna ymtylýardylar.

**3.Milli ýygnagyň Esaslandyryjy maslahatynyň döredilmegi.** Parižden Wersal köşgüne gelen märeke üýşüp, patyşa we bagzadalara eglişik etmezligi talap edýärdiler. Oguz aýynda üçünji gatlagyň wekilleri üýşüp, gatlaklara bölünip ses bermekligi ret etdiler. Olar özlerini diňe bir üçünji gatlagyň wekilleri diýip däl-de, eýsem bütin milletiň hem wekilleri – Fransiýanyň Milli ýygnagy diýip yglan etdiler we onuň kararlaryny bolsa hatda patyşanyň-da ýatyrmaga hukugynyň ýokdugyny yglan etdiler.

Baş ştatlaryň ýygnagynda döredilen Milli ýygnaga birinji we ikinji gatlagyň hem öňdebaryjy wekilleri goşulypdy. Milli ýygnak özüniň bütin ýurtda ýokary häkimiýetdigini we patyşanyň çäksiz häkimiýetiniň soňuna çykmagy niýet edinýänligini yglan etdi. Patyşa gaharlanyp mejlisli ýapmagy buýurdy. Emma üçinji gatlagyň wekilleri köşgüň top oýnalýan otagyna täzeden ýygnanyşdylar we baş kanun - Konstitusiýa işlenip düzülýänçä dargamajakdyklary barada dabaraly kasam etdiler. Gorkut aýynyň başynda Milli ýygnak özüni Esaslandyryjy maslahat diýip yglan etdi, ýagny konstitusiýany

işläp düzmäge we kabul etmäge öz hukugynyň bardygyny jar etdi. Maslahatda ses bermeklik gatlaklaýyn däl-de umumydy. 1789-njy ýylyň iýul aýynyň 9-na Pariž gazýetleri "…täze döredilen döwlet dolandyryşy rewolýusiýa bilen gutardy, ýekeje damja hem gan dammady" diýip ýazdylar. Graf Onore Gabriel de Mirabo hem "Bu beýik rewolýusiýa gözýaşsyz hem zulumsyz bolar" diýip ýazypdyr.

Onore Gabriel de Mirabo (1749-1791) üçinji gatlagyň wekili bolup, ol hakyky söz ussadydy. Ol üçinji gatlagy bütewlige we häkimiýetiň eden-etdiligine garşy çagyrýardy. Şol döwürler Mirabodan başga hiç kim Fransiýanyň öňünde durýan wezipeleri şeýle ynandyryjylyk bilen beýan edip bilmändir.

Lýudowik XVI wersal goşunynyň bir böleginiň Milli ýygnagyň tarapyny tutýandygyny aňyp, öz garşydaşlaryna garşy goşuny ulanmakdan çekindi. Emma Lýudowik XVI gizlinlikde güýç ulanmagy ýüregine düwdi. Onuň görkezmesi boýunça Wersala ýaragly begzadalar üýşýärdiler. Assyranlyk bilen paýtagta patyşa wepaly goşunlar çekilýärdi. Patyşanyň Milli ýygnagy dargatmakçy bolýandygy Parižiň ilatyna mälim boldy. Halk köpçüligi patyşa hökümetine garşy aýaga galdy.

**4.Bastiliýanyň alynmagy Rewolýusiýanyň başlanmagy.** Patyşa hökümeti Pariže öz harby goşunlaryny çekip ugrady. Lýudowik XVI Milli ýygnagyň tarapynda durýan ministrleri işden aýyrdy. Parižde "hökümet öz goşunyny Bastilýa galasynda jemleýär we onuň toplarynyň nili şähere tarap gönükdirilenmişin" diýen myş-myşlar ýaýrap ugrady. Halk köpçüligi hem mitinglere ýygnanyşyp başlady.

1789-njy ýylyň iýul aýynyň 12-sinde adamlar oratorlaryň joşgunly çykyşlaryny diňleýärdiler. Olar ös çykyşlarynda ele ýarag almaga çagyrýardylar. Şäher meýdançalarynda we seýil baglarynda gündüzine we gijelerine oduň ýagtysynda ýygnaklar geçirlip, patyşa häkimiýetiniň garşysyna söz sözleňýärdi. Ummasyz köp märeke ýarag dukanlaryny we gorhanalaryny dargadyp başlady. Jaň sesine halk ýygnanyp, adamlar ellerine ýarag alýardylar.

Halk köpçüligi birnäçe müň tüpeň, top ele saldy. Demirçilik ussahanlarynda onlarça müň naýza ýasaldy. Gozgalaňçylar ok guýdylar, ätiýaçlyk däri edindiler. Aýylganç zyndan bolan Bastilýa galasy Parižde patyşa hökümetiniň esasy daýanjy we onuň häkimýetiniň gorkunç nyşanydy. Bastiliýa töwerek-daşy çuň garymly, köp sanly atyşhanaly, sekiz sany diňli ägirt uly galady. Fransuz jemgyýetiniň ähli gatlaklarynyň wekilleri patyşanyň bu nyşanyny ýigrenýärdiler.

Gorkut aýynyň 14-ne ir bilen şäheriň ilatynyň, senetçileriň, işçileriň we dukançylaryň tüpeňdir naýza bilen ýaraglanan uly märekesi, gozgalaňa goşulan birtopar esgerler Bastiliýany gabady we galanyň boýun egmegini talap etdi. Gepleşikler geçirmek üçin ugradylan ak baýdakly ilçiler oka tutuldy. Gabow başlandy. Halk köpçüligi galanyň girelgesine toplary süýräp getirdi. Toplardan oka tutulmagynyň netijesinde Bastiliýanyň göterilýän köprüsiniň zynjyrlary gyryldy. Gozgalaňçylar derwezäni döwüp taşladylar we gala kürsäp girdiler. Galanyň serkerdesi markiz de Lone köpçülik tarapyndan öldürildi. Gozgalaňçylar ýüze golaý adam ýitirdiler. Baý gatlagyň wekilleriniň köşk bilen baglanşykly bölegi halkdan gorkýardy we oňa duşmançylykly garaýardy.

Iýul aýynyň 15-ne geçilýän gijesi Lýudowik XVI Bastiliýanyň alnandygy baradaky habar bilen turuzdylar. Ol muňa ynanman geň galyp “bu topalaň ahyryn” diýip howsaly gygyrypdyr. Köşk adamlarynyň biri “ýok, hökümdarym, bu rewolýusiýa” diýip jogap beripdir. Bastiliýanyň alynmagy rewolýusiýanyň başy we onuň ilkinji ýeňşi boldy. Şol gün gozgalaňa galan halk köpçüligi azat ediji güýç hökmünde çykyş etdi we patyşa hökümetinden üstün çykyp ýeňiş gazandy. Patyşa Baş ştatlaryň Esaslandyryjy maslahata öwrülmegi bilen ylalaşmaga mejbur boldy. Patyşa eldegrilmesiz ygtyýarlyklardan mahrum bolup, ýurt konstitusiýon patyşalyga öwrüldi. Bastiliýa ýykylandan soň begzadalaryň birentegi daşary ýurda gaçmaga taýýarlyk görüp ugradylar. Bastiliýa gozgalaňçy halk tarapyndan ýer bilen ýegsan edildi.

Bastiliýanyň alnan güni - iýul aýynyň 14-i fransuz halkynyň her ýylky milli baýramyna öwrüldi. Bastiliýany zabt

etmege aýaga galmak bilen halk köpçüligi patyşany Esaslandyryjy maslahaty dargatmak mümkinçiliginden mahrum etdi. Lýudowik XVI goşuna bil baglap bolmajakdygyny bilip, “halkyň ýekeje damja gany hem dammaz” diýip halkyň aladasyny edýän kişi bolupdyr.

Ähli häkimýeti elinden gidip barýan Lýudowik XVI Esaslandyryjy maslahatyň kanunydygyny ykrar etmäge mejbur bolupdyr. Paýtagtda häkimýet Şäher geňeşine - Pariž Kommunasynyň ygtyýaryna geçdi. Rewolýusiýa Fransiýanyň täze baýdagyny tassyklady. Üçünji gatlagyň gyzyl hem-de gök reňkine burbonlar nesiliniň ak reňkini hem goşdular.

Lýudowik XVI Parižе gelende kellesindäki papagyna rewolýusiýanyň gyzyl-gök-ak nyşanyny dakyp gelipdir. Gysga wagtyň içinde Fransiýada patyşa emeldarlaryny dolandyryş işlerinden çetleşdirip, döwleti dolandyrmak we ony edara etmek işleri üçünji gatlagyň wekilleriniň eline geçdi. Parižde milli goşun döredilip, onuň baş serkerdeligine markiz Žilber de Lafaýet (1757-1834) bellenilýär. Milli goşuna şäheriň gurply adamlary meýletin ýazylýardylar.

Lafaýet ýaş wagtlary kollejde Russonyň we Monteskýeniň eserleri bilen tanşypdyr. Ol adamlaryň tebigy hukuklary durmuşa ornaşdyrylan adalatly jemgyýet hakynda arzuw edipdir. Haçanda Angliýanyň Demirgazyk Amerikadaky koloniýalarynda gozgalaň başlanda, ol azatlyk söýüji amerikanlara duýgydaşlyk bildiripdir. Ol haýal etmän Demirgazyk Amerika gidýär we özüne ynanylan goşunlary hususy serişdeleriniň hasabyna ýaraglandyrypdyr. Onuň edermenlikleri hakyndaky gürrüňler Fransiýada giň meşhurlyga eýe bolupdyr. Wolter Lafaýeti “Täze Dünýäniň (ýagny Amerikanyň) gahrymany” diýip atlandyrypdyr.

Patyşa köşgüne we begzadalara lomaý pul kömegini beren bankirler patyşanyň, iri ýer eýeçiliginiň ýok edilmegini islemeýärdiler. Patyşa begzadalar bilen ylalaşmagyň mümkin bolan usullaryny gözleýärdi. Üçünji gatlagyň wekili, maslahatyň görnükli söz ussady, rewolýusiýanyň öň ýanynda patyşa hökümetiniň eden-etdiligine garşy üzül-kesil çykyş eden Mirabo, indi iri maýadarlaryň bähbitlerini mälim edip, patyşa

bilen milleti ýaraşdyrmak üçin özüniň söz ussatlygyny we iş başarjaňlygyny ulandy.

Ol rewolýusiýanyň ösmeginden howatyrlanyp hat-da patyşanyň daşary ýurda gaçmagyny hem gurady. Emma halk köpçüliginiň çykyşlary örän güýçlidi. Bütin Fransiýany daýhan hereketleri gurşap alypdy. Daýhanlar salgyt tölemek we ylalaşmak islemeýärdiler. Olar begzadalaryň üstüne dökülip, olaryň köşk- galalaryny otlaýardylar, zähmet borçlarynyñ we salgytlaryň hasabaty ýöredilýän kitaby ýok edýärdiler. Begzadalar daşary ýurda gaçyp başladylar. Daýhanlaryň hereketiniň täsiri astynda Esaslandyryjy maslahat 1789-njy ýylyň awgust aýynda daýhanlaryň zähmet borçlarynyň ýatyrylýandygy barada karar kabul etdi. Emma iş ýüzünde esasy zähmet borçlaryndan pul töläp azat bolmalydy. Muňa bolsa daýhanlaryň aglaba köpüsiniň gurby çatmaýardy. Ýone daýhanlaryň käbir zähmet borçlary we begzadalaryň daýhanlaryň ýerlerinde aw awlamak hukugy pul tölenilmän ýatyryldy.

Işçiler we senetçiler Parižde hem-de beýleki şäherlerde çykyşlary gurap, iş hakynyň köpeldilmegini, işe baha kesilmegini, azyk önümleriniň nyrhynyň arzanladylamagyny, işsizligiň azaldylmagy üçin çäreleriň görülmegini talap edýärdiler. Emma daýhanlaryň we şäher ilatynyň çykyşlary köplenç halatda özakymlaýndy we gowşak guramaçylyklydy.

**5. Adamyň we raýatyň hukuklarynyň jarnamasynyň kabul edilmegi we onuň esasy mazmuny.** Fransiýanyň Esaslandyryjy maslahaty 1789-nji ýylyň awgust aýynyň 27-sine adamyň we raýatyň hukuklarynyň Jarnamasyny kabul etdi. Onda ýokary häkimýetiň çeşmesi milletdir diýip yglan edilýärdi. Jarnamanyň 1-nji bölüminde adamlar doglanda azat we deňhukukly dogulýarlar hem-de şeýle bolmaklarynda galýarlar diýlip dabaraly aýdylýardy. Jarnama ähli raýatlaryň kanunlary kabul etmäge, salgytlary bellemäge, bu işe hut özleriniň ýa-da öz wekilleriniň üsti bilen gatnaşmaga hukugynyň bardygyny göz öňünde tutýardy, söz metbugat, oturymly ýeri üýtgetmäge bolan erkinligi jar edýärdi, eden-

etdiligi, bikanun tussag etmeleri gadagan edýärdi, begzadalaryň gatlaklaýyn artykmaç hukuklaryny ýatyrýardy.

Jarnamada hususy eýeçilik eldegirmesiz we mukaddes diýlip yglan edilýärdi. Bu möhüm resminama Fransiýada hukuk döwletiniň binýatlarynyň esaslaryny goýdy. Onda umumyadamzat ahlak we hukuk kadalary jar edilýärdi. Fransiýada kabul edilen adamyň we raýatyň hukuklarynyň jarnamasy ähli Yewropa döwletleriniň XIX asyrda kabul edilen konstitusiýalary üçin esas edilip alyndy.

**Halkyň täze rewolýusion çykyşlary.** Parižde açlykdy, çörek ýokdy, onuň bahasy gün-günden gymmatlaýardy, şonuň üçin hem ol hemmelere ýetmeýärdi. Çörek satylýan dükanlaryň öňünde häli-şindi basa-baslyklar bolýardy. Güýzde obalardan azyk getirilmegi kemeldi, patyşa daşary ýurda gaçmaga hyýallanýarmyşyn diýen gürrüň ýaýrady. Halk şäher etegindäki ýaragly köpçüligiň we milli goşunyň goragy astynda Esasladyjy maslahatyň hem-de patyşanyň Parižе gelmegini talap etdi. 1789-njy ýylyň oktýabr aýynyň başlarynda halkyň ummasyz märekesi: işçiler, hünärmentler, ownuk söwdagärler, aýallar toplary süýräp Wersala ugrady we köşgiň daşyny gabady. Lýudowik XVI köşgiň balkonyndan halka görünmäge we paýtagta gelmäge razylyk bermäge mejbur boldy. Esaslandyjy maslahat hem paýtagta geldi. Begzadalaryň daşary ýurda gaçmagy güýçlendi.

Esaslandyjy maslahat rewolýusiýanyň garşysyna çykyş edýanler üçin kanunlary kabul etdi we katolik buthanasynyň täsirine zarba urdy. Buthana ýerleri “milli emläk” diýlip yglan edildi we döwletiň bergisini üzmek üçin satylyp başalandy. Olary diňe uly melleklere bölüp satýardylar, bu bolsa iri baýlar we gurply daýhanlar üçin bähbitlidi.

1791-nji ýylda patyşanyň Fransiýadan gaçan tarapdarlary serhediň golaýynda, goňşy nemes döwletleriniň territoriýasynda goşun döretdiler hem-de rewolýusiýa garşy ýörişe ugramak üçin Awstriýadan (onuň tagtynda şol mahal fransuz patyşa aýalynyň dogany otyrdy) kömege garaşyp durdylar.

Lýudowik XVI we onuň bütin maşgalasy 1791-nji ýylyň iýun aýynyň 20-ne gije gizlinlikde gündogar serhede tarap ugrady. Poçta duralgasynyň birinde gözegçiniň ogly Drue paýtunyň äpişgesinden patyşanyň keşbini görüp (onuň şekiliniň puluň ýüzünde şekillendiriýändigi üçin ol hemmelere mälimdi) galmagal turuzdy. Patyşa we patyşanyň aýaly tutuldy hem-de tussag astyna alnyp, Pariže gaýtarylyp getirildi. Üýşüşip köçelere çykan halk patyşa maşgalasyny agyr dymmak bilen garşy alýardy.

**1791-nji ýylyň Iýul aýyndaky Mars meýdanyndaky atyşlyk.** Parižliler patyşanyň häkimiýet başyndan aýyrylmagyny hem-de onuň kazyýet jogapkärçiligine çekilmegini talap etdiler, emma Esaslandyjy maslahat bu çäre ählumumy gozgalaňyň turmagyna getirer öýdüp gorkdy.

Iýul aýynda Parižde patyşanyň tagtdan düşürilmegini we respublikanyň berkarar edilmegini talap edip, ägirt uly çykyşlar guraldy. Çykyşlar dabaraly harby ýörişleriň geçirilýän ýeri bolan Mars meýdanyna başlady. Emma Esaslandyjy maslahat we Parižiň ýerli dolandyryş häkimýeti halkyň garşysyna Milli goşuny sürdi.

Milli goşun çykyşlary derrew basyp ýatyrdy, ölenler we ýaralananlar köp boldy. Mars meýdanyndaky atyşlyk iri maýdadarlaryň bir böleginiň – täjirleriň, bank eýeleriniň hem-de Milli goşunyň ýokary gatlaklarynyň patyşany we onuň häkimýetini goldaýandyklaryny görkezdi.

**6.Konstitusiýanyň kabul edilmegi. Kanun çykaryjy maslahatyň döredilmegi we rewolýusiýon uruşlaryň başlamagy.** 1791-nji ýylyň sentýabr aýynda Esaslandyjy maslahat tarapyndan işlenip düzülen konstitusiýa güýje girdi. Patyşanyň häkimýeti saklanyp galdyryldy, ministrler hem patyşanyň öňünde jogapkär bolmaklarynda galdy. Saýlaw hukuklary 25 ýaşa ýeten we üç günlük iş hakyndan kem bolmadyk möçberde ýyllyk salgydyny töleýän erkek adamlara berildi.

Içerki gümrüklhanalar we kärhanalar, gatlaklar we atly derejeler ýatyryldy. Fransiýanyň öňki welaýatlarynyñ ornuna 83 sany departament döredildi. Bitewi uzynlyk we agyrlyk

ölçegleri girizildi, kärhanalara eýeçilik etmekde erkinlige ýol berildi.

Konstitusiýa güýje girenden soň Esaslandyjy maslahat dargady. Onuň ýerine Kanun çykaryjy ýygnak saýlanyldy. Kanun çykaryjy maslahatda iri maýadarlaryň wekilleri agalyk edýärdi. Olaryň arsynda Žironda departamendinden saýlanan wekiller aýgytly hereketleri bilen beýlekilerden tapawutlanýardylar. Olaryň döreden toparyny žirondistler diýip atlandyrýardylar. Žirondistler senagatda, söwdada giň özgertmeleriň geçirilmegini, patyşa häkimýetiniň ýatyrylmagyny talap edýärdiler.

1792-nji ýylyň ýazynda ýurduň üstüne Ýewropanyň patyşalyk düzgünli döwletleriniň goşunlarynyň çozmak howpy abandy. Awstriýanyň patyşasy rewolýusion Fransiýanyň garşysyna urşa taýýarlanýardy. Onuň serhedine awstriýa goşunlary getirilipdi. Fransiýanyň kanun çykaryjy maslahaty awstriýanyň goşunlarynyň serhetden yzyna çagyrylmagyny talap etdi. Emma muňa jogap edip, Awstriýanyň patyşasy Frasniýada korolyň çäklendirmedik hukugyny dikeldilmek şertini goýdy.

Kanun çykaryjy ýygnak, çozuşa garaşyp durman Awstriýa garşy uruş yglan etdi. Emma uruş hereketleri Fransiýa üçin şowsuz başlandy. Awstriýa bilen birleşip, Prussiýa hem Fransiýa garşy hereket edýärdi. Onuň goşuny Fransiýa çozup girip, ençeme galalary eýeläpdi. Basypalyjylaryň garşysyna fransuz halky rewolýusiýanyň gazananlaryny gorap, adalatly uruş alyp barýardy. Rewolýusiýanyň üstüne abanan uly howp bütin ýurtda ägirt uly watançylyk ýokary göterilişini döretdi.

1792-nji ýylyň iýul aýynda Kanun çykaryjy ýygnak halka “Watan howp astynda!” diýen çagyryş bilen ýüzlendi. Paýtagta ähli departamentlerden ýaragly meýletinçileriň müňlerçesi ýygnandy. Olar şähere baýdaklar göterip we rewolýusion aýdymlar aýdyp girdiler.

Milli gwardiýaçylaryň Marsel batolýonynyň ýalkymly aýdymy guwanç duýgusyny döretdi. Bu aýdym “Marselýeza” ady bilen bütin ýurda ýaýrady we soňra fransuz halkynyň

rewolýusion gimnine öwrüldi. Ony sapýor batalýonynyň serkerdesi Ruže de Lil düzüpdi. Ine şonuň birinji bendi:

Watan perzentleri, öňe gideliň!
Şöhrat gazanmaly günlermiz geldi,
Ellerinde ganly baýdak göterip,
Duşman leşgerleri bize süründi,
Eý, adamlar, ýarag alyň ellere!

Meýletinçileriň bölümleri "Marselýezany" aýdyp basypalyjylara garşy söweşe gidýärdiler.

**Patyşa häkimiýetiniň agdarylmagy.** Awstriýa-Prussiýa goşunlarynyň baş serkerdesi gersog Braunşweýgskiý 1792-nji ýylyň iýul aýynyň 25-de fransuzlara ýörite hat bilen ýüzlendi. Onda ol patyşanyň eldegrilmezligine milt edilse Parižiň doly weýran ediljekdigi we ähli gozgalaňa gatnaşyjylaryň ýok ediljekdigi barada haýbat atýardy. Gersogyň ýüzlenmesi halkyň gahar gazabyny döretdi. Şäher halky Pariž kommunasynyň täze rewolisiýon geňeşiniň - halkyň aşaky gatlaklarynyň, hünärmentleriň, işçileriň, ownuk dukançylaryň täze rewolýusiýon häkimýet edarasyny saýladylar.

1792-nji ýylyň awgust aýynyň 10-na halk köpçüliginiň 20 müňe golaýy patyşa köşgüni gabady. Halk köşgüň derwezesini döwüp howla kürsäp girdi. Hakyna tutma esgerleriň we begzadalaryň köpüsi öldürildi. Gazaply atyşykdan soň halk ölen we ýaralanan 500-e golaý adamsyny ýitirip köşgi basyp aldy. Patýşa häkimiýetiniň iň soňky daýanjy syndyryldy. Patyşa we onuň maşgalasy Kanun çykaryjy maslahatda gizlenmäge ýetişdi. Maslahat halkyň zor salmagy astynda patyşany häkimýetden mahrum etmäge we ony öz maşgalasy bilen bilelikde Tampl zyndanyna salmaga mejbur boldy. Kanun çykaryjy maslahat koroly häkimýetden mahrum etdi we häkimýetiň täze ýokary guramasyny – Milli konwenti (maslahat) döretmegi karar etdi.

**7.Respublikanyň yglan edilmegi.** Patyşanyň häkimiýetden agdarylmagy öwrülşigiň täze döwrüniň başyny başlady. Onuň täzeden ýokary göterilmegini, onuň mundan beýläk-de ýokarlanýan ugur bilen ösüşini aňlatdy. Patyşa

agdarylandan soň Milli konwente saýlawlar bellenildi. Ol konstitusiýa gaýtadan seretdi. Emläk salgydy ýatyryldy, saýlawçylaryň ýaşy bolsa ýigrimi bir ýaşa çenli aşakladyldy.

1792-nji ýylyň sentýabr aýynyň başlarynda Fransiýanyň goşuny gaty agyr ýagdaýdady. Daşary ýurt goşunlary Pariže howp salýardy. Iň bir gaýry goýulmasyz iş duşmany yza serpikdirmekdi. Meýletinçileri köpçülikleýin ýygnamaklyk yglan edildi. Buthana jaňlaryny we demir gözeneklerini eredip top we top oklaryny ýasaýardylar.

Hökümetiň agzasy, adalat ministri Danton Kanun çykaryjy maslahatyň geňeşinde batly sesi bilen „Duşmandan üstün çykmak üçin bize batyrlyk ýene-de bir gezek batyrlyk, elmydama batyrlyk gerek...” diýip aýtdy. Danton rewolýusiýanyň iň bir meşhur söz ussatlarynyň we serdarlarynyň biri hökmünde şöhrat gazandy. Bu sözler onuň Parižiň Danton meýdanyndaky ýadygärliginiň ýüzüne ýazyldy. Fransuz goşunlarynyň güýçli gury ýer bölümleri bardy. Oňa watançy meýilli serkerdeler ýolbaşçylyk edýärdiler. 1792-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 20-de Walmi obasynyň ýanynda olar top oklarynyň güýji bilen Prussiýanyň pyýada goşunynyň çozuşyny yza serpikdirdiler. Bu wakanyň ägirt uly täsiri boldy. Prussiýanyň goşuny yza çekilip, serhetden aňryk gitdi.

1792-nji ýylyň güýzünde Fransuz goşuny serhetden geçdi. Awstriýa goşunlaryny Belgiýadan kowup çykardy. Fransuz goşunlarynyň bu üstünliginden peýdalanyp, Konwent 1792-nji ýylyň sentýabr aýynda Fransiýany respublika diýip yglan etdi. Fransiýanyň koloniýalaryna maslahatda wekilçilik etmäge ygtyýar berildi. Konwentiň 750 sany wekili bolupdyr.

**Resminama:**

“Adamyň we raýatyň hukuklarynyň jarnamasyndan”

Milli konwent beýik mertebeli ynsanyýetiň adyndan hem-de onuň hemaýat bermeginde adamyň we raýatyň şu aşakdaky hukuklaryny ykrar edýär:

1. Ähli adamlar dogulanda azat hem-de deňhukuly bolup dogulýarlar.

2. Her bir syýasy bileleşigiň maksady adamyň adaty we aýrylmaz hukuklarynyň goralyp saklanmagydyr. Hukuklaryň düýp mazmuny şulardyr: erkinlik, eýeçilik, howpsuzlyk we ezilişe garşylyk görkezmekdir.

3. Bütin ýokary häkimýetiň gözbaşy hemişe milletiň özünde saklanýandyr. Hiç bir edara, hiç bir adam milletiň özünden gelip çykmaýan häkimiýeti amal aşyryp bilmez.

4. Erkinlik başgalaryň hukuklaryna päsgel bermeýän ähli zatlar bilen meşgullanmaklyga bolan hukukdan ybaratdyr...

6. Kanun umumy erk-islegiň aňladylmasydyr… Kanun hemmeler üçin deň bolmalydyr…

10. Eger-de ynançlar kanun tarapyndan bellenen jemgyýetçilik tertibini bozmaýan bolsa, hiç kim özüniň ynançlary, hatda dini ynançlary üçin-de bimaza edilip bilinmez…

17. Eýeçiligiň bozulmaz hem-de mukaddes hukukdygy sebäpli, kanuny tassyklanan, adalatly we deslapky hak tölenen şert bilen jemgyýetçilik zerurlygy açyk talap eden halatlaryndan başga wagt ondan hiç kim mahrum edilip bilinmez.”

**8. Ýakobinçileriň diktaturasynyň berkarar edilmegi Rewolýusiýon guramalar we hereketler.** Patyşa garşy göreşe rewolýusion guramalar, gazýetler, Parižiň syýasy toparlary we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary ýolbaşçylyk edýärdiler. Parižiň işçileri bilen hünärmentleriniň arasynda rewolýusianyň ykbaly barada ynjalyksyzlyk artýardy. Daýhanlaryň çykyşlarynyň täze tolkuny güçlenýärdi. Şol wagt guramaçylykly syýasy partiýa ýokdy, olaryň orunyny kiçeňräk guramalar ýerine ýetirýärdi. Aýratyn hem ýakobinçiler guramasy tapawutlanýardy. Bu guramanyň agzalarynyň Keramatly Ýakup (Ýakob) ybadathanasynyň kitaphanasynda ýygnanyşýandyklary üçin olary şeýle atlandyrýardylar. Ýakobinçiler gelip çykyşlary boýunça fransuz jemgyýetiniň dürli gatlaklaryna degişli bolupdyrlar.

Ýakobinçilere ýakyn durýan syýasy işgärleriň biri-de Žan Pol Maratdy (1743-1793). Ol hünäri boýunça lukman bolup, baryp 1789-njy ýyldan öň hem feodalçylyk düzgünlerini tankyt edýär eken. Rewalusoýanyň ilkinji günlerinden başlap Marat "Halkyň dosty" atly gazýedi çykarmaga başlady. Gazet sahypalarynda ol patyşa köşgüniň we onuň ministerleriniň halka garşy edýän hilegärliklerini paş edýärdi, daýhanlaryň we şäher garyplarynyň bäbitlerini hyjuwly goraýardy. Onuň pikirine görä, jemgyýeti diktator dolandyrmalydy, sebäbi ol halkyň hakyky goragçysy hem-de hökümdary bolmaly diýýärdi. Marat adamlaryň emläk ýagdaýynyň deň bolmagyna garşy çykyş edýärdi, sebäbi olaryň güýji, hyjuwy, zähmete bolan gatnaşygy we mümkinçilikleri deň däldir diýip belläpdir.

Ýakobinçiler toparynyň görnükli ýolbaşçylarynyň biri Maksimilýan Robespiýerdi (1758-1794). Ol gelip çykyşy boýunça gullukçynyň maşgalasyndan bolup aklawjylyk edýärdi. Emma aklawjylyk oňa baýlyk getirmändir, ýöne ol özüniň garyplygyna buýsanyp gezipdir. Robespiýer kim zähmet çekýän bolsa şolary garyp diýip hasap edýärdi. Onuň pikirine görä, adamyň gelip çykyşy we emläk ýagdaýy onuň hukugyny kesgitlemeli däldi.

Konwentde wekilleriň kiçeňräk toparyna Robespiýer bilen Marat ýolbaşçylyk edýärdi. Olaryň sany başda azdy. Emma halkyň arasynda olaryň abraýy uludy. Marat bilen Robespiýeri Parižiň kommunasy hem goldaýardy. Olar kem-kemden ýakobinçileriň guramasynda hem agalygy gazandylar.

Pariž Kommunasynyň agzalary patyşanyň jezalandyrmagyny talap edýärdiler. Ony maslahata getirip jogapkärçilige çekdiler we Fransiýa garşy dönükliklikde aýypladylar. 1793-nji ýylyň ýanwar aýynyň 26-na fransuz koroly Lýudowik XVI jezalandyrylyp öldürildi. Onuň öldürilmegi Ýewropa döwletleriniň patyşalaryny uly howsala saldy. Awstriýa bilen Prusiýanyň birleşigine Angliýa bilen Ispaniýa hem goşuldy.

1793-nji ýylyň ýazynda Awstriýanyň goşunlary hüjüme geçdiler we fransuz goşunyny ýeňlişe sezewar etdiler.

Ýurduň üstüne ýene-de basybalyjylaryň çozmak howpy abandy. Bu bolsa harby şowsuzlyklar üçin jogapkär bolan hökümetiň baştutanlary žirondistleriň abraýyny düýpli gaçyrdy. 1793-nji ýylyň ýazynda azyk ýagdaýynyň agyr bolmagy Fransiýanyň köp şäherlerinde tolgunşyklary döretdi. Fransiýanyň günbatar etraplarynyň birnäçesinde, aýratynda, dini guramalaryň täsiriniň güýçli ýeri bolan Wandeýada daýhanlaryň närazylygyndan begzadalaryň we ruhanylaryň ýokary gatlagy peýdalandylar. Şol ýerlerde hökümete garşy hereketler, gozgalaňlar başlandy.

Konwentde žirondistler ýerli häkimiýet edaralarynyň güýçli guramalaryny döretmek barada çykyş etdiler. Ýakobinçiler bolsa merkezde ýerine ýetiriji häkimiýetiň güýçlenmegini talap etdiler. Žirondistler adam we raýatyň hukuklaryndan gelip çykýan jarnama wepaly bolup, ýakobinçileri eden-etdilikde, gapma-garşylygyň emele gelmeginde günäkärlediler. Žirondistler Maraty we Eberi (ýakobinçileriň guramasynyň agzasy, gazýetiň redaktory) kazyýet jogapkärçiligine çekmekligi gurnadylar. Sebäbi olar žirondistleri tankytlap, olary jezalandyrmaga çagyrýardylar. Emma kazyýet Marat bilen Eberi aklady.

**Ýakobinçileriň häkimiýet başyna gelmegi.** 1793-nji ýylyň maý aýynyň ahyrlarynda ýakobinçileriň we Pariž kommunasynyň töweregine halk köpçüliginiň jebisleşmegi konwentde žirondistleriň agalygyna garşy halk köpçüliginiň çykyşlaryny tizleşdirildi. 1793-nji ýylyň iýun aýynyň 2-ne gije ýakobinçi Anrionyň serkerdeliginde milli goşunyň bölümleri Konwentiň daşany gabady. Žirondistler Konwentden kowuldy. Olaryň bir bölegi bolsa tussag edildi. Fransiýada häkimiýet Robespiýer, Marat, Danton tarapyndan baştutanlyk edilýän ýakobinçileriň eline geçdi. Olar rewolýusiýon dolandyryşy yglan etdiler. Onuň maksady rewolýusiýany islendik serişde bilen halas etmekdi. Şonuň üçin hem olar rewolýusiýon terrory girizdiler (rewolýusiýon diktaturanyň çäklendirilmedik häkimýetli düzgüni). Ýokary kanun çykaryjy edara bolup Konwent galdy.

Konwentiň garamagynda Robespiýer tarapyndan baştutanlyk edilýän 11 adamdan ybarat bolan hökümet - Jemgyýeti halas ediş guramasy döredildi. Konwent kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýeti özüne birleşdirdi. Ýakobinçileriň häkimiýeti ýurtda örän dartgynly gapma-garşylyk mahalynda berkarar boldy. Fransiýanyň 83 departamentleriniň 60-syny öz içine alan topalaňlar başlapdy. 1793-nji ýylyň tomsunda begzada aýal Şarlotta Korda Maratyň janyna kast edip öldürdi.

1793-nji ýylyň iýun aýynda Konwent täze Konstitusiýany kabul etdi. Konstitusiýa demokratik düzgünlerini we adam hukuklaryny jar edýärdi. Ýöne ýurtda adatdan daşary ýagdaý girizilendigi sebäpli Konstitusiýon azatlyklar iş ýüzünde ulanylmaýardy.

**Ýurtdaky ýagdaý.** Ýakobinçiler hökümeti daýhanlaryň möhüm talabyny ýerine ýetirdiler. Gaçyp gidenleriň ýerlerini kiçiräk melleklere bölýärdiler we 10 ýylyň dowamynda tölemek şerti bilen satylýardy. Rewolýusiýanyň öň ýanynda begzadalaryň zorluk bilen eýýelän jemagat ýerleriniň bir bölegini daýhanlara gaýtaryp berdiler. Salgytlary we zähmet borçlaryny doly ýatyrmak barada 1793-nji ýylyň Gorkut aýynda karar kabul edildi. Bu karar daýhanlary ýeriň özygtyýarly eýýesine öwürdi. Bu zatlaryň ählisi terroryň dowam edýän şertlerinde amala aşyrylýardy. Jezalandyrmak köpçülikleýin häsiýete eýe boldy. Zyndanlar adamlardan dolduryldy. 1793-nji ýylyň oktýabr aýynda Fransiýanyň öňki patyşa aýaly Mariýa Antuanettany hem jezalandyryp öldürdiler.

**Rewolýusiýon senenamanyň girizilmegi.** 1793-nji ýylda Konwent aýlaryň we günleriň hasabyny ýöredýän rewolýusiýon kalendary girizildi. Täze zamananyň başlanýan güni diýlip 1792-nji ýylyň sentýabr aýynyň 22-si yglan edildi. Aýlar on günlüklere bölündi. Aýlaryň atlaryny oba hojalyk işleri we pasyllaryň howa ýagdaýyna görä üýtgetdiler: mysal üçin Brýümer - Duman aýy, Žerminar - Ekiş aýy, Termidor -

Yssy aý we ş.m.. Ýylda 12 aý bardy, aýlaram 30 güne bölünipdi. Şeýle kalendar Fransiýada on iki ýyllap dowam etdi.

**Fransiýanyň rewolýusiýon goşuny.** Ýakobinçileriň hökümeti goşuna halk köpçüligini çekip, öňki patyşa goşuny bilen birikdirdiler. Birentek täze ýaş we zehinli serkerdeler, generallar halkyň içinden ýetişdi. At bakaryň ogly Goş 24 ýaşynda general harby derejesini aldy. Tulon şäherini iňlislerden azat etmekde ýaş serkerde Napoleon Bonapart uly gahrymançylyk görkezip, şäheri azat etmekde özüni görkezdi. Ýurtda däri öndürmek, ýarag ussahanalaryny we zawodlary gurmak işi ýaýbaňlandyryldy. Ýurduň görnükli alymlary toplaryň we tüpeňleriň öndürilişini gowlandyrmak bilen meşgul bolýardylar.

1794-nji ýylyň iýun aýynda Fransiýanyň goşunlary Belgiýada Flerýus obasynyň ýanynda Awstriýa goşunynyň esasy güýçlerini derbi-dagyn etdi. Ýewropanyň birleşen goşunlary ýeňlişe sezewar boldy. Şeýlelikde 1794-nji ýylyň başynda ýurtdaky pitneler basylyp ýatyryldy we basybalyjalaryň goşunlary fransuz topragyndan kowlup çykaryldy.

**Ýakobinçileriň syýasatyndan närazylçylygyň güýçlenmegi.** Fransiýanyň üstüne daşary ýurt basybalyjylarynyň howpy abanýan we içerki topalaňlaryň gidýän döwründe ýakobinçiler agzybirdi. Emma bu howplar aradan aýrylandan soň ýakobinçileriň arasynda oňşuksyzlyklar başlady. Halk köpçüligi özgertmeleriň çuňlaşdyrylmagyny talap edýärdiler, şäherleriň, obalaryň gurply gatlaklary bolsa bu zatlary islemeýärdiler. Ýakobinçiler öz syýasatlaryndan nägile bolýanlary, hatda öz tarapdarlaryny hem yzarlaýardylar. Hut şol mahal Parižiň Kommunasynyň Geňeşinde we käbir rewolýusion guramalarda „baryp ýatan” ýakobinçiler diýilýänler – Şommet bilen Eber çykyş edýärdiler. Olar hökümete garşy gidenleriň emläkleriniň garamaýaklaryň arasynda paýlanylmagyny, galla barada täze syýasatyň geçirilmegini, alyp-satarlara garşy zulumyň güýçlendirilmegini

talap edýärdiler, soňra bolsa halky Konwentiň garşysyna gozgalaň etmäge çagyryp başladylar. Jemgyýtçilik halas ediş guramasy Eber bilen Şommeti tussag etmeli diýip buýruk berdi. Olar ýazgaryldy we jezalandyrylyp öldürildi.

Wagt geçdigiçe halkyň içinde Ýakobinçileriň hökümetiniň tarapdarlarynyň sany azalýardy. Şonuň üçin hem jeza beriji edaralar güýçlendirildi. Häkimýet doly suratda Robespiýeriň elinde jemlendi.

1794-nji ýylyň aprel aýynda Konwentde Robespýeriň hökümetine garşy Dantonyň baştutanlygynda „aramlar” diýilýän topar çykyş etdi. Bu topar 1792-nji ýylyň awgust aýlarynyň howsalaly günlerinde özüni has gaýduwsyz rewolýusionerler hökmünde görkezdi. „Aramlar” baýlara garşy zulumyň bes edilmegini, kesgitli nyrhlaryň ýatyrylmagyny, 1793-nji ýylyň Konstitusiýasynyň dikeldilmegini, Angliýa bilen ýaraşyk baglaşylmagyny talap edýärdiler.

Robespiýer Dantonyň tarapdarlaryny tussag etmek barada karar kabul edýär. Tussag edilmegi barada Dantona gelip aýdanlarynda, aýaly hem dostlary oňa gaçmagy teklip edipdirler. Emma ol: „Olar het edip bilmezler” diýip aýdypdyr. Emma Danton jezalandyrylyp öldürilipdir.

**9-njy termidordaky (1794-nji ýylyň iýul aýynyň 27-sindäki) agdarylyşyk we häkimiýetiň „täze baýlaryň” eline geçmegi.** Ýakobinçileriň diktaturasynyň iň soňky döwri hem gelip ýetdi. Çepçi ýakobinçileriň jezalyndyrylmagy garyp gatlaklary, “aramlaryň” ýok edilmegi bolsa gurply gatlagy gorkuzdy we olary ýakobinçilerden daşlaşdyrdy. Robespiýeriň we onuň tarapdarlarynyň garşysyna rewolýusiýa ýyllarynda bahalaryň gymmatlamagyndan, goşun üçin serişdeleri satan, ýer söwdasyndan gurplanan “täze baýlary” aýaga galdyrdy. Rewolýusiýa döwründe goraga mätäç bolandyklary üçin olar Robespiýere we onuň tarapdarlaryna bolan gatnaşyklaryny gizlemäge mejbur bolupdylar. Emma indi Fransiýanyň harby ýeňişleri “täze ýlaryň” ýagdaýyny berkitdi we olar Robespiýeriň garşysyna aç-açan çykyş edip başladylar. Has

beteri-de ýakobinçileriň terroryndan hemmeleriň bizary çykypdy.

Robespýer dildüwşigiň howp salýandygyny bilýärdi we Jemgyýetçilik halas ediş guramasynyň düzümini täzelemegi talap edip çykyş etdi. Şol mahal dildüwşijiler herekete girişmeli diýen karara geldiler. Olar 1794-nji ýylyň iýul aýynyň 27-sinde Konwentiň maslahatynda gykylyk turzup, Robespýere söz sözlemäge maý bermediler, soňra bolsa Robespýer bilen onuň tarapdarlaryny tussag etmeli we olary kanundan daşary diýlip yglan etmeli dıýen karary geçirdiler. Munuň özi kazyýet jogapkärçilgine çekilmezden jezalandyryp öldürilmegi aňladýardy. „Respublika heläk boldy, talaňçylar heşelle kakýarlar!” diýip Robespýer gygyrypdyr. Parižiň Kommunasynyň Geňeşi Robespýeri goldamak üçin halky çagyrdy, emma ýakobinçileriň syýasatyndan lapy keç bolan ilat bu çagyryşa gulak asmady. Ertesi gün 22 adam, şol sanda Robespýer bilen Sen-Žýust hem kazyýet tarapyndan hököm edilmän öldürildi, soňra bolsa Parižiň Kommunasynyň ýene-de 83 agzasynyň kellesi kesildi. Ýakobinçiler häkimiýeti ýykyldy. Häkimiýet „täze baýlaryň” wekilleriniň eline geçdi. **Bu waka Beýik Fransuz rewolýusiýasynyň taryhynda “Termidor agdarylyşygy” adyny aldy.**

**Resminama:**

1. 1793-nji ýylyň iýul aýynyň 1-inde Pariž kommunasynyň Geňeşinde Maratyň sözlän sözi.

Raýatlar... ruhuňyzy belent tutuň, öz güýçleriňizi jemläň we entek siz doly adalatlylyk gazanýançaňyz, entek siz özüňiziň howpsyzlygyňyzy üpjün edýänçäňiz ýaragy elden düşürmäň. Azat halk öziniň ygtyýarlaryny, özüniň hukuklaryny we özüniň bähbitlerini goramagy özi tarapyndan saýlanan wekillerine amala aşyrmagy ynanan mahalynda, olar öz borçlaryna wepalylyk edýärkä, halk olara gürrüňsiz üns bermelidir, olaryň dekretlerine hormat bilen garamalydyr, olar özleriniň borçlaryny amala aşyran mahalynda olary goldamalydyr. Emma bu wekiller halkyň ynamyna birsyhly

hyýanat etse, onuň hukuklaryndan haýyrlansa, onuň bähbitlerinden ýüz öwürse, ony talasa, harlasa, üstüni basgylasa, ony heläk etmegi niýetine düwse, onda halk öz ygtyýarlylyklaryny olaryň elinden almalydyr, olary dogry ýola düşüp, borçlaryny ýerine ýetirmäge mejbur etmek, dönükleri jezalandyrmak we özüni halas etmek üçin özüniň ähli güýjini ýaýbaňlandyrmalydyr. Raýatlar, siz özüňiziň gujur-gaýratyňyzdan başga hiç zada bil baglap biljek gümanyňyz ýokdur. Konwente öz teklibiňizi giriziň, öz watanyna biwepalyk eden deputatlaryň temmisiniň berilmegini talap ediň, siz öz maksadyňyza ýetmegi gazanýançaňyz, mert durup, ýaragy taşlamaň...

## Direktoriýa we onuň uruşlary

**1.**18-nji brýumer döwlet agdarylyşygy (1799-njy ýylyň noyabr aýynyň 9-y). Taryhçy alymlaryň arasynda Beýik fransuz rewolýusiýasynyň haçan tamamlanandygy barada iki hili nukdaý nazar bar. Olaryň birleri 9-njy termidory (1794-nji ýylyň iyul aýynyň 27-si), beýlekileri bolsa termidorçylyk agdarylyşygyndan soň, general Napoleon Bonapartyň ýolbaşçylygynda döwlet agdarlyşygynyň amala aşan gününi – respublikanyň VIII ýylynyň 18-nji brýumerini (1799-njy ýylyň noyabr aýynyň 9-y) görkezýärler.

9-njy termidor agdarylyşygyndan soň Ýakobinçileriň ýüzlerçesi baý gatlagyň toparlary tarapyndan jezalandyrylyp ýa-da wagşylyk bilen atylyp öldürildi. Ýakobinçileriň guramasy we halk jemgyýetleri ýapyldy, Parižiň Kommunasy bilen bir hatarda beýleki şäherlerdäki rewolýusion dolandyryş edaralary bolsa dargadyldy. Ölmän galan žirondistleriň wekilleri Konwentiň maslahatyna dolanyp geldiler.

Bahalaryň kesgitlenmegi ýatyryldy, erkin söwda ýol berildi, bu bolsa şol bada görlüp-eşidilmedik gymmatçylyga getirdi. Obalarda ýerleri böleklere bölüp, ýokary bahadan satmak işi dikeldildi. Termidor hökümeti Konwenti 1793-nji

ýylyň konstitusiýasyny ýatyrmagy we garyplary saýlaw hukuklaryndan mahrum etmegi karar etdi. Halk özüniň aldanandygyny duýdy. Azyk ýetmezçiligi ýagdaýy ýene-de ýitileşdirildi. Halkyň termidorçylaryň hökümetine garşy hereketiniň täze tolkuny turdy. 1795-nji ýylyň ýazynda Parižde närazylyk hereketleri başlady.

Ummasyz märeke tüpeňdir naýzalar bilen ýaraglanyp, Konwentiň maslahatlar jaýynyň daşyny gabady we baýalaryň elinden azyk önümleriniň alynmagyny, hökümetiň çalşyrylmagyny hem-de 1793-nji ýylyň konstitusiýasynyň dikeldilmegini talap etdi. Emma gozgalaňçylar guramaçylyksyz hem-de haýal hereket etdiler. Hökümet goşun çekip getirmäge ýetişdi. Esgerler  naýzalaryny öňe somlap, gozgalaňçylary kowup dargatdylar. Olaryň baştutanlary jezalandyrylyp öldürildi ýa-da sürgün edidi.

1795-nji ýylyň awgust aýynda Termidor hökümetini goldaýan Konwent täze konstituşiýany kabul etdi. Bu konstitusiýa özüniň häsiýeti boýunça hususyýetçi baýlaryň kanunydy. Garyplara saýlaw hukuklary berilmedi. Iki palatadan durýan kanun çykaryjy edara döredildi, ýerine ýetiriji häkimiýet bolsa Kanun çykaryjy edara tarapyndan saýlanýan bäş agzadan ybarat Direktoriýa berildi. Şonuň üçin hem ýerine ýetiriji häkimýeti Direktoriýa diýip atladyrylyp başlady. Emma Direktoriýa juda durnuksyz hökümet bolup çykdy, sebäbi onuň halkyň içinde daýanjy ýokdy.

Kabul edilen konstitusiýa Fransiýada patyşalyk duzgünininiň tarapdarlaryny gazaplandyrdy, olar Konwenti dargatmaga synanyşyk edipdirler, emma olaryň hereketi şowsuz tamamlandy. Konwentiň halasgäri hökmünde Napoleon Bonapart orta çykdy, ol toplaryň güýji bilen topalaňçylary derbi-dagyn etdi. Konwent onuň hyzmatlaryny göz öňünde tutup, Bonaparta general derejesini berýär we ony “Fransiýanyň içerki harby güýçleriniň serkerdesi” wezipesine belleýär.

Direktoriýanyň goşuna we onuň generallaryna garaşlylygy kem-kemden artdy. Generallaryň arasynda ýaş

general Bonapart aýratyn tapawutlanýardy. Ol 26 ýaşynda general boldy.

*Napaleon Bonapart 1769-njy ýylda Korsika adasynda garyp düşen begzadalaryň maşgalasynda dogulýar. 1785-nji ýylda ol fransuz harby mekdebinde okaýar. Ol matematikadan taryhdan, geografiýadan gowy bilimleri görkezipdir. Ol köp okapdyr hem-de gadymyýetiň edebiýaty bilen gyzyklanýar eken. Ol mekdebi gutarandan soň welaýat harby bölümlerinde gulluk edip başlaýar. 1789-njy ýylda rewolýusiýa başlanda Bonapart 20 ýaşynda eken. Ol Konwentiň tarapdary bolupdyr.*

*Rewolýusiýany goldamak bilen ol rewolýusion goşunlaryň hatarynda durup söweşipdir we ýakobinçiler bilen ýakynlaşypdyr. Ol rewolýusiýanyn duşmanlaryna garşy söweşlerde tapawutlanypdyr. Emma Termidor döwlet agdarylyşygyndan soň, Bonapart 15 günläp tussag edilýär we biraz wagt täze häkimýetiň gazabyna uçrapdyr. 1795-nji ýylda Bonapart hökümetiň garşydaşlarynyň pitnesini basyp ýatyrmak bilen täze häkimýetiň özüne bolan ynammyny gaýdyp aldy.*

*Direktoriýanyň tabşyrmagy boýunça ol awstriýa goşunlary tarapyndan eýelenilen Demirgazyk Italiýa ugradylan goşuna serkerde edilip bellenilýär. Bonapartyň goşuny Demirgazyk Italiýa çozup girdi we awstriýa goşunlaryny derbi-dagyn edip, Italiýany basyp alýar.*

*1797-nji ýylda Bonapart Awstriýa döwletini ýaraşyk baglaşmaga we ony Fransiýanyň basypalyşlaryny ykrar etmäge mejbur etdi. Italiýanyň territoriýasynda Fransiýa garaşly birnäçe respublikalar döredildi. Şweýsariýanyň ykbaly hem şeýle boldy. Bonapartyň Italiýadaky görkezen edermenlikleri Fransiýa uly şöhrat we baýlyk getirýär. Fransiýada ony dabaraly ýagdaýda garşy alýarlar.*

*1798-nji ýylyň Magtymguly aýynda Napoleon Bonapart 38-müňlük goşuny 350 sany gämä mündürip Müsüre ugraýar. Fransuz goşunlary gury ýerde „piramidalaryň ýanynda bolan söweşde” müsür atly goşunynyň üstünden üeňiş*

*gazandy. Emma yiz wagtdan iňlis floty Müsüriň kenaryna geldi we fransuz gämilerini gark etdi. Napoleonyň goşunynyň Fransiýadan arasy üzüldi we heläkçilige uçrady. Siriýa edilen hüjüm araplaryň we türk goşunlarynyň güýçli garşylyk görkezmegine uçrady. Şol bir wagtda rus goşuny Demirgazyk Italiýada fransuz goşunlaryny çym- pytrak etdiler.*

Harby şowsuzlyklar Direktoriýanyň hökümetini ilatyň baý gatlaklarynyň arasynda ynamyny gaçyrýar. Gazýetlerde, metbugatda berk häkimiýeti berkarar etmek barada pikirler aýdylýardy. Iri baýlaryň, emeldarlaryň, bank eýýeleriniň arasynda hökümete garşy dildüwşik döredi. Ol dildüwşik Direktoriýanyň hökümetini çalşyryp, basybalyjylykly uruşlary üstünlikli dowam etdirip biljek we halky tabynlykda saklap biljek berk häkimiýetiň bolmagyny maksat edinýärdi.

1799-njy ýylyň awgust aýynda Bonapart Parižе dolanyp gelýär. Ony dabaraly ýagdaýda garşy alýarlar. Hökümete garşy çykýanlar ony Parižde ýerleşýän goşunlaryň baş serkerdesi edip bellenmegini gazandylar. Oňa bank eýýeleri pul kömegini berdiler. Döwlet agdarylyşygyna gatnaşmak teklibine Napoleon razylyk berýär. 1799-njy ýylyň noyabr aýynyň 9-na (rewolýusiýon aý-gün hasaby boýunça respublikanyň 8 ýylynyň 18-nji brýümerinde) Bonapart Direktoriýanyň agzalaryny iş başyndan aýyrmagy başardy. Ertesi gün ol özüne wepaly goşunlary bilen Kanun çykaryjy edaranyň jaýynyň daşyny gabady. Halk wekillerine häkimiýeti Bonapartyň baştutanlygyndaky üç konsula bermek teklip edildi. Wekilleriň bir böleginiň garşylyk görkezmegine jogap edip mejlisler otagyna esgerler girizildi. Halk wekilleri dumly-duşa gaçdylar we hat-da olaryň äpişgeden böküp çykanlary hem boldy.

Bonapart esgerlere halk wekilleriniň bir bölegini mejlisler otagyna güýç bilen gaýtaryp getirmegi buýurdy we öz talap edýän kanunlaryny kabul etmäge olary mejbur etdi. Gan dökülmän döwlet agdarylyşygy geçirildi.

**2.Bonapartyň harby diktaturasy.** Bir ýyldan soň birinji konsul bolmak bilen Bonapart ähli häkimýeti öz eline aldy. Ýerleri dolandyrmak üçin hökümet gullukçylary – prefektleri belläp ugrady. Şäherlerde saýlawly kommunalara derek merler bellenýärdi. Içeri işler ministrligi döredildi. Hökümete garşy gidýän gazetler ýapyldy. Iri emeldarlaryň we hususyýetçi daýhanlaryň bähbitleri üçin kanunlar kabul edildi. Ol kanunlar rewolýusiýa ýyllarynda emläge täze eýe bolan adamlaryň eýeçiligini kepillendirýärdi. Bonapart katolik dini buthanasy bilen hem ylalaşyk baglaşdy. Rim papasy satylan buthana ýerlerine täze eýe bolanlaryň kanuny eýeçiligini ykrar etdi.

1804-nji ýylda Bonapart özüni Senatyň „Fransuzlaryň imperatory” Napoleon I diýip yglan etmegini talap etdi. Fransiýada patyşa häkimýeti dikeldildi. 1805-nji ýylda bolsa Milanda Napoleon Italiýanyň patyşasy diýlip hem yglan edildi. Az wagtdan soň fransuz döwletini imperiýa diýip atlandyrylyp başladylar.

Napoleon I wagtynda hokümet senagatyň ösdürilmegine uly goldaw berýärdi, aýartyn-da ol ýarag we harby enjamlary, ýüpek we nah matalary öndürmekligi höweslendirýädi.Ýurtda egriji maşynlaryň sany köpelýärdi, emma iri fabrikler azdy. Eýeçilik, söwda, maşgala hakynda kanunlar ýygyndylary (kodeksleri), şonuň ýaly-da jenaýat kodeksi düzüldi.

„Napoleonyň kodeksi” adyny alan „Raýat kodeksi” şolaryñ iň möhümidi. Onuň esasy wezipesi islendik möçberdäki hususy eýeçilige bolan hukugy berkitmekdi. Hususy eýeçilige sähelçe kast edilmegine iňňän berk temmi bermeklik girizildi. Napoleon köne begzadalaryň hem bir bölegini öz tarapyna çekmäge çalyşýardy. Ýurtdan gaçyp gidenleriň günäsi geçildi we Fransiýa gaýdyp gelmäge rugsat edildi. Gaýdyp gelenlere satylman galan mülkleri gaýtarylyp berildi.

1799-1804-nji ýyllaryň wakalarynda Napoleon Bonapart özüni örän akylly, tutanýerliligi hem-de erkliligi bilen

tapawutlanýan şahsyýet hökmünde görkezdi. Ol täze gatlagyň iň bir zehinli işgärleriniň biridi. Rim imperatorlaryna öýkünip, Napoleon öz töweregini bezemen we ýaranjaň köşk adamlary bilen gurşapdy. Napoleonyň marşallary, generallary, emeldarlar we baý gatlagyň wekilleri feodal derejeleri bolan gersoglaryň we graflaryň derejelerini alyp başladylar. Fransiýanyň gyrak-çetlerinde we onuň serhedinde Bonapart kiçiräk döwletleri döredip, olar Napoleonyň garyndaşlary tarapyndan dolandyrylypdyr.

**3.Rewolýusiýanyň netijeleri.** 1789-1794-nji ýyllaryň Beýik Fransuz rewolýusiýasy feodalizm döwri üçin häsiýetli bolan iri ýer eýýeçiligini hem-de çäklendirilmedik patyşa gurluşyny ýok etdi. Fransiýadaky rewolýusiýa Angliýadaky rewolýusiýa bilen deňeşdirilende has uly we yzygiderli boldy.

Ýakobinçiler iri ýer eýýeçilik düzgünlerine garşy iň aýgytly çäreleri geçirdiler. Olar ägirt uly gujur hem aýgytlylyk bilen ýurduň içersindäki häkimiýete garşy gidenleri basyp ýatyrdylar we basypalyjylaryň üstünden ýeňiş gazanmagy üpjün etdiler. Içki gümrükhanalary ýatyrmak, bitewi pul, agram we ölçeglerini girizmek bilen rewolýusiýa bazar gatnaşyklarynyň ösmegi üçin amatly şertleri döretdi. Hususy eýeçiligiň hökmürowan ýagdaýa geçmegi senagat öwrülişigini çaltlandyrdy

Beýik Fransuz rewolýusiýasy azatlygyň we deňligiň ählumumy ýörelgelerini jar etdi. Adamyň we raýatyň hukuklary hakynda Deklarasiýanyň kabul edilmegi hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň kemala gelmeginiň başyny başlady.

Beýik Fransuz rewolýusiýasy adamzat siwilizasiýasynyň mundan beýläkki ösüşine ägirt uly itergi berdi we ol dünýä taryhynyň öwrülşikli pursaty boldy. Onuň öňe süren ideýalary diňe bir Ýewropa üçin däl, eýsem beýleki yklymlaryň ösüşine-de öz täsirini ýetirdi.

## Fransiýa XIX asyryň I ýarymynda

**Napoleon Bonapart we onuň imperiýasy.** 1799-njy ýylyň noýabr aýyndan başlap Fransiýanyň maliýe-senagat we harby toparlaryna esaslanýan harby düzgün döredilýär. 1799-njy ýylyň dekabr aýynyň 13-ne kabul edilen Fransiýanyň dördünji Konstitusiýasy boýunça Kanun çykaryjy korpus saklanylýar we täze häkimiýet edaralary – Döwlet Geňeşi we Senat döredilýär. 1802-nji ýylda Bonapart halkyň sala-salşygynda özüniň ömürlik konsullyga bellenilmegini gazanýar. 1804-nji ýylyň maý aýynda bolsa özüni fransuzlaryň imperatory Napoleon I diýip yglan etdirýär. Rim papasy Pariž buthanasynda dabaraly ýagdaýda oňa täç geýdirdi. Fransiýada patyşa häkimiýeti dikeldildi. 1805-nji ýylda Milanda Napoleon Italiýanyň patyşasy diýlip hem yglan edildi. Az wagtdan soň Fransuz döwletini imperiýa diýip atlandyrylyp başladylar. Şeýdip Fransiýada konstitusion monarhiýa düzgüni esaslandyryldy.

Napoleon I ýurtda senagatyň ösdürilmegine uly goldaw berýärdi, aýratyn-da ol ýarag we harby enjamlary, ýüpek we nah matalary öndürmekligi höweslendirýärdi. Ýurtda egiriji maşynlaryň sany köpelýärdi, emma iri fabrikler azdy. Napoleon fransuz goşunyna uly üns berýärdi. Fransiýanyň harby kuwwatyny berkitmekde tapawutlananlary sylaglamak üçin “Hormatly legion” ordenini döretdi.

1804-nji ýylda Fransiýada “Napoleonyň kodeksi” adyny alan Raýat kodeksi kabul edilýär. Onuň esasy maksady islendik möçberdäki hususy eýeçilige bolan hukugy berkitmekdi. Hususy eýeçilige sähelçe kast edilmegine iňňän berk temmi bermeklik girizildi. Napoleon köne fransuz begzadalarynyň hem bir bölegini öz tarapyna çekmäge çalyşýardy. Ýurtdan gaçyp gidenleriň günäsi geçildi we Fransiýa gaýdyp gelmäge rugsat edildi. Gaýdyp gelenlere olaryň rewolýusiýa döwründe satylman galan mülkleri gaýtarylyp berildi.

**Fransiýanyň daşary syýasaty.** Täze goşun jemläp, Bonapart ony Alp daglarynyň geçelgelerinden gizlin geçirdi we duýdansyz çozup, awstriýa goşunlaryny derbi-dagyn etdi.

Awstriýa uruşdan çykdy we ýaraşyga gol çekdi. Parahatçylykly şertnama boýunça Belgiýa we Reýn derýasynyň çep kenaryndaky ýerler Fransiýanyň ygtyýaryna geçirilýär, Italiýanyň demirgazygynda bolsa Fransiýa garaşly respublika döredilýär.

1802-nji ýylyň mart aýynyň 27-ne Amýende (Fransiýa) iňlis-fransuz ylalaşyga gol çekildi. Emma bu ylalaşyk uzak wagta çekmändir. Sebäbi 1803-nji ýylda Angliýa bilen Fransiýanyň arasynda täzeden uruş başlady. Fransiýanyň tarapynda Ispaniýa hem çykyş edýärdi. 1805-nji ýyldan Fransiýa garşy uruşda Angliýany Awstriýa bilen Russiýa döwletleri goldadylar.

Ulm şäherinde general Makyň baştutanlygyndaky daşy gabalan awstriýa goşunlary fransuzlara boýun egdi. Emma 1805-nji ýylyň oktýabr aýynda Trafalgar burnunyň ýanynda fransuz we ispan gämileriniň ählisi diýen ýaly iňlis floty tarapyndan otlanyldy we gark edildi.

Fransuz goşuny Awstriýa çozup girdi we Wenany eýeledi. 1805-nji ýylyň dekabr aýynyň 2-sine Napoleon Austerlisiň (Slawkowyň) ýanynda awstriýa we rus goşunlarynyň üstünden aýgytly ýeňiş gazandy. Bu söweşde fransuz goşuny awstriýalylary we rus goşunlarynyň bir bölegini çym-pytrak etdi, emma ruslaryň esasy güýçleri söweş meýdanyndan yza çekilmegi başardy.

1806-njy ýylda Napoleonyň goşunlary Prussiýanyň ýerlerine çozdy we Wenanyň eteginde Prussiýanyň goşunlaryny çym-pytrak edip Berline girdi. Şol ýerde Napoleon “Kontinental gabaw baradaky” karara gol çekdi. Bu karara laýyklykda Ýewropa kontinentiniň Fransiýa garaşly döwletleriniň ählisine Angliýa bilen söwda gatnaşyklaryny etmeklik gadagan edilýärdi. Şeýdip Napoleon Angliýany ykdysady taýdan gabamaga we ony boýun egdirmäge çalyşýardy.

1807-nji ýylda Napoleon öz goşunlaryny Gundogar Prussiýada ýerleşen rus goşunynyň garşysyna sürdi. Söweşde iki goşun hem ägirt uly ýitgiler çekdi. Russiýa urşy mundan buýana dowam etdirip biljek däldi, emma Napoleonyň hem

mundan beýläk hüjüm etmek üçin güýji ýokdy. Netijede Tilzitde, Neman derýasynyň ortarasynda salyň üstünde rus patyşasy Aleksandr I bilen Napoleon I duşuşugy boldy. Patyşa Fransiýanyň ähli basyp alan ýerlerini ykrar etdi we Napoleon bilen ýaraşyk şertnamasyna gol çekdi. Russiýa Angliýa bilen arasyny üzmegi we rus söwdasy üçin juda zyýanly bolsa-da, Kontinental gabawa goşulmagy borç edindi. Napoleon Prussiýa paç salgydyny saldy we onuň territoriýasynyň uly bölegini elinden aldy. Prussiýa tarapyndan basylyp alnan polýak mülklerinden Napoleon özüne garaşly Warşawa gersoglygyny döretdi.

Napoleon Angliýa garşy gurnalan Kontinental gabawa Ispaniýany hem zor bilen salmagy ýüregine düwdi. Ol 1808-nji ýylda Ispaniýa goşun sürdi. Emma ýerli halk fransuzlara garşy urşa aýaga galdy. Napoleonyň goşunlary şäherleri weýran edýärdiler, watançylary atýardylar, hatda aýallary we çagalary hem öldürýärdiler, emma Ispaniýanyň halkyny boýun egdirip bilmediler.

Saragosa şäherini goraýjylar iki aýdan gowrak wagtlap 50 müň adamly fransuz goşunynyň gabawyna döz geldi. Öldürilen ýigitleriň we atalaryň tüpeňleri olaryň aýallarynyň hem-de çagalarynyň ellerine geçýärdi. Fransuzlar 15 müň adamsyny ýitirip, ilatynyň ep-esli bölegi gyrlandan soň şäheri eýelediler.

1810-njy ýylda Awstriýanyň üstünden gazanylan täze ýeňişden soň Napaleonyň imperiýasy öz kuwwatynyň ýokary derejesine ýetdi.

Üznüksiz uruşlar, goşuna adam toplanmagy, salgytlaryň gitdigiçe köpelmegi, Kontinental gabaw syýasaty Fransiýanyň öz içinde närazylyk döredýärdi. Deňziň aňyrsyndan getirilýän çig malyň ýetmezçiligi zerarly senagatçylaryň birentegi tozýardy. Angliýany gabaw arkaly bogmaga edilen synanyşyk üstünlik bermedi. Angliýanyň deňizdäki artykmaçlygy öňkiden-de berkedi. Russiýa özbaşdaklygyny saklady, harytlaryny amerikan gämileri bilen Angliýa ýollap, onuň bilen söwda etmegini dowam etdirýärdi.

2.**Fransiýanyň Russiýa bilen gatnaşyklary.** Napoleon bütin Ýewropany tabyn etmek üçin Russiýanyň

özbaşdaklygyny syndyrmak gerek diýip hasap edýardi. 1811-nji ýylda ol Russiýa garşy urşa taýýarlanyp başlaýar. Egindeşleriniň goldamaýandyklaryna garamazdan, Napoleon 400 müň adamdan ybarat goşun toplap Russiýanyň çäklerine girýär. Onuň goşunynda mejbur edilip ýörişe ugradylan nemes, italýan, polýak we başga-da köp daşary ýurt esgerleri bardy.

1812-nji ýylyň sentýabr aýynyň 7-sine Moskwanyň 120 kilometr günbatarynda Borodino meýdanynda bolan söweşde Napoleonyň goşunlary uly ýitgiler çekdi. Bu söweşden soň ruslar Moskwany fransuzlara galdyryp yza çekildi. Napoleon Moskwany söweşsiz eýelese-de, ruslaryň esasy güýçlerini derbi-dagyn etmek başartmady. Moskwanyň eýelenilmegi Napoleona hiç hili artykmaçlyk bermedi, tersine Russiýanyň sowuk gyşy fransuz goşunyny heläk edýärdi. Esgerler sowukdan we açlykdan ölýärdiler. Moskwada bary-ýogy bir aý saklanan faransuz goşuny görnetin heläk bolmakdan gutulmak üçin Garaşsyzlyk aýynyň 19-na yza çekilip ugraýar. Rus goşuny hüjüme geçdi, fransuz goşunyny yzarlamaga başlady we gaça urşyjylar bilen bilelikde olara agyr ýitgiler salyndy. Napoleonyň goşuny dargady. Napoleonyň goşunynyň Russiýada ýeňilmegi we ýok edilmegi Fransuz imperiýasynyň çagşamagyna aýgytly täsir etdi.

**3.Napoleonyň imperiýasynyň ýykylmagy.** Rus goşunlary serhetden geçdiler we Prussiýanyň territoriýasyna girdiler. 1813-nji ýylyň fewral aýynda Berliniň ilaty rus goşunlaryny şatlykly garşylady. Prussiýada raýat goşuny döredildi hem-de patyşa Russiýa bilen birleşik barada şertnama gol çekdi. Awstriýa hem fransuzlara garşy bileleşige goşuldy. Fransiýa garşy bu birleşmä Angliýa hem goşulýar. Esasy söweş 1813-nji ýylyň oktýabr aýynda Germaniýanyň Leýpsig şaheriniň eteginde boldy. Ol söweş üç günläp dowam etdi we “halklaryň söweşi” ady bilen taryha girdi. Napoleonyň 190 müň adamdan ybarat goşunynyň garşysyna onuň garşydaşlary 300 müňe golaý adam çykardy. Iki tarapdan ölen ýaralanan adamlaryň sany 140 müňe ýetdi, şonuň 60 müňüsi bolsa fransuzlardy. Napaleonyň kül-peýkun edilen goşuny Reýniň aňyrsyna çekildi.

1814-nji ýylyň mart aýynyň 1-ne Angliýanyň, Russiýanyň, Awstriýanyň we Prussiýanyň arasynda Şomon ýaraşygyna gol çekildi. Şol ýaraşyk boýunça Fransiýa Napoleonyň wagtynda basyp alan ähli ýerlerinden mahrum edilýär.

1814-nji ýylyň mart aýynyň 31-ne Ýewropanyň Napoleona garşy birleşen döwletleriniň goşunlary Fransiýa girdiler. Napoleon tagtdan el çekdi we Italiýanyň kenaryna ýakyn Elba adasyna sürgün edildi.

Ýeňiji döwletleriň patyşalary köne fransuz begzadalarynyň we Angliýanyň talaby boýunça Burbonlaryň häkimiýetiniň gaýtadan dikeldilmegini gazandylar. Monarhiýanyň – patyşalyk düzgüniniň tarapdarlary Lýudowik XVIII Burbony tagta çykardylar. Täze häkimiýet köne begzadalaryň bähbidlerini araýardy we öňki düzgünleri dikeltmek isleýärdi. Bu bolsa daýhanlar we täze baýan gatlagyň ynjalyksyzlygyny döretdi. Halkyň arasynda Burbonlara bolan ýigrenç diýseň güýçli bolansoň, Napoleon ýene-de häkimýeti eýelemegi ýüregine düwdi. Ol kiçiräk harby bölüm bilen ýurduň günortasynda düşdi we Parиže tarap hereket edip ugrady. Patyşanyň goşunyndaky adamlar gaçyp gitdiler we Napoleon ýene-de tagty eýeleýär. Emma oňa häkimýet başynda bary ýogy **100 gün** saklanmak başartdy.

Onuň garşysyna bada-bat täze birleşme döredildi, bu birleşmäniň ygtyýaryndaky güýç kän agdyklyk edýärdi. Napoleon öz goşunlaryny Belgiýa sürdi, emma iň soňky söweşde – 1815-nji ýylyň iýun aýynyň 18-ne Brýussel şäheriniň günortasyndaky Waterloo obasynda bolan söweşde onuň goşuny iňlis we prus goşunlary tarapyndan gutarnykly derbi-dagyn edildi. Napoleon iňlis deňiz gämisinde uzakdaky Keramatly Ýelena adasyna iberildi, şol ýerde hem birnäçe ýyl geçenden soň öldi. Fransuz tagtynda ýene-de Lýudowik XVIII çykdy.

**4.Wena kongresi we onuň netijeleri.** Napoleonyň imperiýasynyň üstünden ýeňiş gazanylandan soň, 1814-nji ýylyň sentýabr aýynda Wenada Ýewropa döwletleriniň maslahaty geçirildi. Onda esasy orun Russiýa, Angliýa,

Awstriýa we Prussiýa degişli boldy. Maslahata Fransiýanyň wekili hem goýberildi.

Maslahata gatnaşyjylaryň esasy maksatlary Fransiýanyň ozalky nesilşalygyny we köne fransuz begzadalarynyň häkimiýetini dikelmekden, Ýewropany ýeňijileriň bähbitlerine gaýtadan paýlaşmakdan ybaratdy. Ýeňiji döwletler Ýewropanyň kartasyny öz bähbitlerine laýyk bölüp-biçdiler.

Angliýa Malta adasyny Hindistanyň günortasyndaky Seýlon adasyny hem-de Günorta Afrikada Kap koloniýasyny aldy. Russiya Polşanyň uly bölegini özüne birikdirdi. Germaniýanyň dagynyklygy biraz kemeldi. Iki ýüzden gowrak ownuk döwletleriň deregine 39 döwletden ybarat german birleşigi döredildi. Ol döwletleriň iň ululary Awstriýa bilen Prussiýady. Baý we ykdysady taýdan ösen welaýatlar – Reýn bilen Westfaliýa ýerleri Prussiýanyň eýeçiligine geçdi.

Fransiýa bilen 1815-nji ýylda baglaşylan ýaraşyk şertnamasy boýunça onuň territoriýasy ozalky serhetleriniň çäginde galdyryldy. Oňa 700 million frank paç salgydy salyndy. Şol paç tölenýänçä Fransiýanyň demirgazyk-gündogar böleginde birleşen döwletleriň goşunlary saklanyp galmalydy.

**Mukaddes bileleşik.** Russiýanyň patyşasy Aleksandr I teklibi boýunça Ýewropada parahatçylygy berkitmek, ýurtlaryň her birinde içki asudalygy ýola goýmak maksady bilen 1815-nji ýylyň sentýabr aýynyň 14-ne Mukaddes bileleşigi döredildi. Oňa Ýewropanyň Angliýadan we Italiýadaky papalyk döwletlerinden başga ähli döwletleri goşuldy. Mukaddes bileleşige gatnaşyjylar rewolýusiýalary basyp ýatyrmakda birek-birege kömek bermegi, hristian dinini goramagy borç edindiler. Mukaddes bileleşik baradaky resminama Awstriýa, Prussiýa, soňra bolsa Ýewropa döwletleriniň ähli patyşalary diýen ýaly gol çekdiler. Angliýa Mukaddes bileleşige girmeýärdi, emma hakykatda rewolýusiýalary basyp ýatyrmak baradaky syýasaty goldaýardy.

Emma Ýewropada çäklendirilmedik häkimiýet düzgünlerini ebedileşdirmek mümkin däldi. Rewolýusiýalar we milli-azat edijilik uruşlary barha täze ýurtlary we sebitleri öz içine alýardy.

**1.Fransiýanyň ykdysady we syýasy ýagdaýy.** XIX asyryň birinji ýarymynda Fransiýada senagatyň ösüşi artdy. Ownuk öý hojalyk we senetçilik kärhanalaryň ornuna fabrik, zawodlar gelipdir. Senagat öwrülşigi ýuwaş-ýuwaşdan güýje giripdir. Esasanam ýurduň egirme-dokma senagaty güýçli depginde ösýärdi. 1815-1830-nji ýyllarda polat eretmek, daş kömri gazyp almak iki esse artdy. Metallurgiýa senagatynda daş kömür köpçülikleýin ulanylyp başlandy. Önümçilikde bug maşynlarynyň ulanylyşy 1820-1830-nji ýyllarda on esse ösüpdir.

Bu döwürde Pariž taýýar önümiň merkezine öwrülipdir. Şäherde egin-eşik, aýakgap dukanlary köpdi. Himiýa we çaphana pudaklary hem ösýärdi. Ykdysadyýetde oba hojalygyna uly orun degişlidi. Ekin meýdanlarynda kartoşka bilen gant şugundury köp ekilýärdi. Emma daýhanlaryň arasynda emläk taýdan deňsizlik ýyl-ýyldan güýçlenýärdi. Daýhanlaryň köpçüligini agyr salgytlar çökerýärdi. Daýhanlaryň ýaşaýyş derejesi we hojalyklary pes ýagdaýdady.

Napoleonyň goşuny Waterlooda derbi-dagyn edilenden soň häkimiýete Lýudowik XVIII gaýdyp geldi. Onuň bilen Fransiýa gaçyp giden müňlerçe begzadalar hem dolandy. Dolanyp gelenler köne düzgünleriň we emläkleriň dikeldilmegini talap edýärdiler. Iezuitler (hristiýan dininiň arassalygy ugrundaky göreşijiler) ýurda dolanyp geldiler. Ýurtda Ňapoleonyň tarapdarlaryny yzarlaýardylar. Müňlerçe adamlar jenaýata çekilip, şolaryň 9 müňüsiniň garşysyna jeza çärelerini ulanmak barada höküm çykaryldy.

Emma Burbonlaryň nesilşalygynyň häkimýete gelmegi bilen Fransiýada rewolýusiýadan öňki düzgünleri dikeltmek başartmady. Wena maslahatynyň kararlary Lýudowik XVIII Fransiýada konstitusiýany kabul etmäge, rewolýusiýa we imperiýa döwründe esaslandyrylan jemgyýetçilik gurluşyny saklamaga borçly edýärdi. Ýeňiji döwletler köne düzgüne gaýdyp gelinmegi Fransiýada täze rewolýusion çykyşlary döreder öýdüp gorkýardylar.

Muňa 60 ýaşly patyşa Lýudowik XVIII hem düşünýärdi. Patyşa häsiýeti boýunça mylaýym adam bolup, ol ýurduny

asuda dolandyrmak isläpdir. Ol öz häkimiýetiniň hudaý tarapyn berlendigine we kanunydygyna berk ynanypdyr. Lýudowik XVIII fransuz raýatlarynyň deňligini ykrar edýärdi we rewolýusiýa döwründe emeldarlaryň eline geçen emläklerini kanunlaşdyrdy. Korol öz häkimýetiniň çäklendirilmegi bilen hem ylalaşdy. Fransiýanyň „1814-nji ýylyň hartiýasy” diýlip atlandyrylýan täze Konstitusiýasy ýurtda konstitusion patyşalygy döretdi. Konstitusiýanyň esasynda patyşanyň häkimýetini çäklendirýän iki palatadan durýan kanun çykaryjy edara döredildi.

Fransiýada ýaşy 30 ýeten we 300 frankdan az bolmadyk salgyt töleýän erkek adamlara saýlaw hukugy berildi. Kanun çykaryjy ýygnaga deputat bolmak üçin erkek adamynyň ýaşy 40-dan pes bolmaly däldi we munuň üçin ýylda 1000 frankdan az bolmadyk salgyt tölemelidi. Netijede saýlawlara gatnaşmaga 80-100 müň adam, saýlanyp bilmäge bolsa 16-18 müň adam hukuk aldy.

Fransiýada agalyk ediji ýagdaýa buržuaziýanyň az sanly topary bilen häkimýeti paýlaşan iri mülkdarlar eýe bolylar. Emma ýurtda demokratik düzgünler ýyl-ýyldan berkeýärdi we ösýärdi. Fransiýada häkimýet ýuwaş-ýuwaşdan Angliýa we ABŞ ýaly öndebaryjy döwletleriňkä meňzeýärdi. 1818-nji ýylda ýurtda döwlet býujetine parlament tarapyndan gözegçilik etmek barada kanun kabul edildi. 1819-nji ýylda bolsa metbugat hakynda kanun kabul edildi.

Lýudowik XVIII döwleti umuman alanyňda üstünlikli edara edýärdi. Sebäbi ol döwlet işlerine başarjaň adamlary belleýärdi. Olaryň arasynda ökde syýasatçylar we guramaçylar bolan gersog Rişelýe we Benjamen Konstan aýratyn tapawutlanypdyrlar. Hut olaryň hyzmaty bilen Fransiýada möhüm özgertmeler durmuşa geçirilipdir.

**2.1830-njy ýylyň buržuaz rewolýusiýasy.** 1824-nji ýylda Lýudowik XVIII aradan çykýar. Patyşa önelgesiz ekeni, şonuň üçin hem fransuz tagtyna Karl X ady bilen onuň kiçi dogany graf de Artua geçýär. Häsiýeti boýunça Karl X ýeňilkelle hem-de özdiýenli bolupdyr, özi hem barypýatan şöhratparaz adam eken. Ol fransuz jemgyýetini köne adatlar

boýunça dolandyrmak isleýärdi. Täze patyşa giň halk köpçüliginiň, şol sanda gurply gatlaklaryň hem bähbitlerine çapraz gelýän syýasat alyp barýardy. Ol Milli gwardiýany dargydypdyr, Napoleonyň döwründäki generallaryň 250-sini goşundan boşadylýar. Patyşa ýurda dolanyp gelen gaçgak begzadalara ýitiren emläkleri üçin öwez pullaryny tölemegi göz öňünde tutýar. Korolyň bu başlangyçlary ýurtda syýasy krizisiň, ýagny jemgyýetçilik-syýasy durmuşyň ýitileşmegine getirýär.

Karl X syýasatyna garşy Fransiýanyň milli ýygnagy çykyş edýär. 1827-1830-njy ýyllardaky parlament saýlawlarynda patyşanyň garşydaşlary ynamly ýeňiş gazanypdyrlar. Şeýle ýagdaýda korol ýurduň konstitusiýany bozýan dört sany permany çykarýar. Permanlar boýunça Fransiýanyň milli ýygnagy dargadylýar, saýlaw hukugy diňe iri ýer eýelerine berilýär, metbugat azatlygy gadagan edilýär we gazetleri neşir etmek üçin ýörite rugsatnama girizilýär.

Patyşanyň kabul eden permanlary ýurtda döwlet agdaryşlygy hökmünde häsiýetlendirilýär. Parižiň şäher ilaty, işçiler iş taşlap, köpçülikleýin çykyşa başlaýarlar. Olar patyşanyň tagt başyndan gitmegini talap edýärdiler. Parižliler köçeleri eýeläp hökümet goşunlary bilen göreşe girişipdirler.

Iýun aýynyň 28-ne irden halk hereketi Parižiň merkezini dolduryp, gozgalaňçylar patyşanyň köşgini eýeleýärler. Rewolýusiýa üç gün dowam edip, ol Karl X tagtdan el çekmegi bilen tamamlanýar. Karl X Angliýa gaçyp gitdi. Fransiýada Wagtlaýyn hökümet doredilip, onuň ýolbaşçylygyna rewolýusiýon hereketiň baştutanlary bankir Laffit we general Lafaýet saýlanýarlar.

1830-njy ýylyň awgust aýynyň 9-na patyşa nesilinden bolan Lui Filipp Fransiýanyň patyşasy diýlip yglan edilýär. Täze patyşanyň goldamagynda häkimýete Laffit, Tiýer we Gizo ýaly görnükli adamlar gelýär.

Lui Filippiň ägirt uly maýa goýumy, mülkleri we tokaýlary bardy. Ol iri maýa goýumçylaryň arkasynda durýardy. Ol fransuz jemgyýetiniň ähli gatlaklarynyň wekilleri bilen duşuşypdyr. Patyşa käte Parižiň köçelerinde ýeke özi

köne penjekli, eli saýawanly aýlanyp, işçiler, dukançylar bilen salamlaşyp, olar bilen käte bir bulgur çakyr hem içýär eken. Täze kabul edilen konstitusiýa laýyklykda söz, metbugat we ýygnaklar azatlygy yglan edilýär.

Fransiýada bolup geçen bu wakalar 1830-njy ýylyň “Iýul” rewolýusiýasy diýlip atlandyrylýar. Lui Filipiň häkimýet başyna gelmegi bolsa “Iýul monarhiýasy” diýen ady aldy.

**Işçileriň gozgalaňy.** Fransiýada buržuaz gatlaklaryň häkimiýet başyna gelmegi ýurduň ykdysady taýdan ösmegine uly itergi berdi. Senagatyň esasy pudaklarynyň maşyn önümçiligine doly geçmegi bilen Fransiýada senagat öwrülişigi tamamlanýar. Gara we demir ýollaryň gurluşygynyň ösmegi bilen bolsa söwda pajarlap ösdi. Iri maýa goýumlary oba hojalygyna-da barha köp aralaşýardy. Muňa garamazdan senagat öwrülşigi işçileriň ýaşaýyş derejesini ýaramazlaşmagyna getirdi.

Fabriklerde iş güni 12-16 sagat dowam edýärdi. Sähelçe ýalňyşlyk üçin ony işden kowýardylar. Aýlyk haky juda pesdi. Işçiler birleşip öz hukuklaryny goramak üçin jemgyýetleri döredýärdiler. Bu jemgyýetlere ownuk buržuaz gatlaklary, intelligensiýa wekilleri, şäher ilaty girýärdi.

Halk köpçüliginiň nägilelikleri Lionda we Parižde işçileriň çykyşlarynyň başlamagyna sebäp boldy. Işçiler bilen häkimiýetiň arasynda has ýiti göreşler 1831-nji we 1834-nji ýyllardaky Lion dokmaçylarynyň gozgalaňy boldy.

Işçiler “zähmet çekip ýaşamaly ýa-da göreşip ölmeli” diýen şygary öňe sürýärdiler. 1831-nji ýylda gozgalaň turzan işçiler Lion şäherini wagtlaýyn öz ellerine alypdyrlar. Dokmaçy işçileriň Liondaky gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin Parižden 20 müňlik goşun iberildi. Patyşa goşunlary işçileriň gozgalaňyny rehimsizlik bilen ýatyrýardy.

1834-nji ýylda Lion dokmaçylary ýene-de göreşe galdylar we respublikany talap etdiler. Göreş alty günläp dowam edýär we ahyrynda ýene-de basylyp ýatyrylýar. Liondaky gozgalaňlar basylyp ýatyrylsa-da, olaryň uly taryhy ähmiýeti bolupdyr. Fransiýanyň beýleki senagat şäherlerinde

hem häkimiýetiň alyp barýan syýasatyna garşy hereketler ýüze çykypdyr.

**Alžiriň basylyp alynmagy.** XIX asyryň birinji ýarymynda Fransiýa daşary syýasatda basybalyjylykly hereketleri alyp barýardy. 1830-nji ýylda 37 müňlük fransuz goşuny Demirgazyk Afrikanyň baý ülkeleriniň biri bolan Alžiri basyp alýar. Alžir fransuz koloniýasy diýlip ykrar edilýär. Emma Abdyl Kadyryň baştutanlygyndaky milli azat edijilik hereketiniň netijesinde fransuzlara Alžiri birbada doly basyp almak başartmaýar. 1834-nji yylda Fransiýa bilen Alžiriň arasyndaky gol çekilen şertnama boýunça fransuzlara diňe üç sany kenarýaka şäherleri berlip, Alžir garaşsyz diýlip yglan edilýär. Emma Fransiýanyň dolandyryjy toparlary bu şertnamany bozup, Alžire täzeden hüjüm edýärler. Netijede XIX asyryň 40-njy ýyllarynda Alžir fransuzlar tarapyndan doly basylyp alynýar.

## Ýewropada 1848-1849-njy ýyllaryň rewolýusiýalary we olaryň netijeleri

**Fewral rewolýusiýasy.** Iýul aýyndaky monarhiýasy maliýe taýdan güýçli gatlagyň bähbitlerini araýardy. Bütin halk syýasy hukuksyz galýardy. Saýlaw hukuklaryndan ýurduň ilatynyň diňe 1%-den-de az bölegi peýdalanýardy. Gorkut aýyndaky monarhiýasynyň ýok edilmeginiň gaýduwsyz tarapdarlary işçilerdi: olaryň birentegi zähmetkeşleriň bähbitlerini goramagy üpjün edip biljek respublikanyň bolmagyny, işsizligini ýok edilmegini, iş gününiň gysgaldylmagyny, zähmet şertleriniň gowulandyrylmagyny talap edýärdi.

1847-nji ýylda güýçli ykdysady pese gaçyş başlanyp, ol birentek ýurtlary, şol sanda Fransiýany hem öz içine aldy. Hasylsyz ýyl bolup bugdaýyň ýetmezçiligi sebäpli nyrhy ýokary göterildi. Rewolýusiýanyň esasy sebäbi bu pese gaçyşlyk däldi, ýöne ol 1848-nji ýylyň başlarynda rewolýusion ýagdaýyň döremegine ýardam edipdi, sebäbi pese gaçyşlyk halkyň nägileligini we mätäçligini öňkiden-de güýçlendiripdi.

Köpçülikleýin işsizlik başlandy, iş haky iki esseden-de köp kemeldi. Onuň üstesine-de 1845-1847-nji ýyllaryň hasylsyzlygy sebäpli, azyk önümleriniň nyrhy uçursuz galdy. Ençeme sebitlerde aç işçiler we hünärmenler tolgunyp başladylar, azyk önümleri dukanlary, mülkleri talap başladylar. Syýasy göreş ýitileşdi.

Baý gatlagyň nägile toparlary saýlaw mümkinçiliginiň azaldylmagyny talap edip, Baýdak aýynda ýygnaklar guradylar. Ýygnaklara halkyň birtopar märekesi üýşýärdi – halkyň öňde baryjylygy ösýärdi. Fewral aýynyň 22-sine bir uly ýygnak geçirilmeli diýip bellenilende, hökümet ony gadagan etdi. Döwlet gullukçy işgärler ýygnaga gitmediler, emma ýygnagyň geçiriljek ýerine müňlerçe adam – işçiler, hünärmenler, talyplar ugradylar.

Gizlin rewolýusion jemgyýetler halky gozgalaňa çagyrýardylar. Paýtagtyň dürli ýerlerinde halk bökdençler gurup başlady. Ertesi gün zähresi ýarylan patyşa ministrleriň iş başyndan aýrylýandygyny yglan etdi, emma rewolýusiýa eýýäm başlanypdy. Köpçülik, ilat köçä çykypdy.

Agşam harby goşunlar köpçülikleýin hereketleri oka tutdular. Ölen we ýaralanan adamlar köp boldy. „Ýaraga! Biziň doganlarymyzy öldürýärler!” diýen çagyryş paýtagtyň ilatyny aýaga galdyrdy. Şäheriň gündogar böleginde bir gijäniň içinde ummasyz kän bökdençler guraldy. 1848-nji ýylyň fewral aýynyň 24-ine gozgalaň turzan halk ýarag ammarlaryny we paýtagtyň esasy nokatlaryny eýeledi. Lui Filipp hakyna tutulan paýtuna münüp gaçyp gitdi we deňizden geçip, Angliýa bardy. Gozgalaňçylar köşgi eýelediler we patyşanyň tagtyny ýakdylar.

**Respublikanyň berkarar edilmegi.** Ýaragly gozgalaň rewolýusiýanyň ýeňmegine getirdi. Emma wekiller maslahaty häkimýeti kim-de bolsa patyşa maşgalasyndan birine bermäge synanyşdy. Muňa jogap edip, gozgalňçylar elleri ýaragly „Ýaşasyn respublika!” diýip gygyryşyp, palata kürsäp girdiler. Gozgalaň turzanlaryň zor salmagy astynda wekiller maslahaty respublikaçy işgärlerden düzülen wagtalaýyn hökümetiň düzümi tassykladny. Onda „aram” respublikaçylar esasy täsire eýe boldular.

Gozgalaňçylary öz tarapyna çekmek üçin, Lion gozgalaňyna gatnaşyjy işçi Alberi we demokrat hem-de sosialist Lui Blany hökümetiň düzümine girizdiler. Iş ýüzünde Liu Blan işçileriň hakyky bähbitlerinden daşda durýardy.

Alberiň we Lui Blanyň göýä işçiler gatlagynyň wekili hökmünde hökümete girmegi işçilere diňe zyýan etdi. Lui Blan bilen Alber Wagtalaýyn hökümetde azlykdy. Olaryň täsiri juda azdy, emma olar bu hökümetiň işçiler gatlagy barada edýän ähli haýynçylykly ýaramaz işleri üçin meýletin deň jogapkärlik çekýärdiler, olaryň işçiler gatlagynyň wekilleriniň ornuna dawa edip, oňa gatnaşmaklary bolsa işçileri gowşadýardy.

Wagtlaýyn hökümeti ýazyjy Alfons de-Lamartini baştutanlyk etdi. Respublika baradaky meseläniň çözülmegini gijikdirmäge synanyşdy, emma Lui Filippiň agdarylan gününiň ertesi halk köpçüligi hökümetiň mejlis geçirýän ýeri bolan şäher merkeziniň daşyny gabady we Fransiyany respublika diýip yglan etmäge ony mejbur etdi.

Işçiler respublikany öz ganyny döküp, göreşip gazandylar, şonuň üçin-de respublikanyň baýdagynyň gyzyl reňkde bolmagyny talap etdiler, emma „aram” respublikaçylar Birinji respublika mahalyndaky üç reňkli baýdagy kabul etdiler.

Fransiýanyň ilatynyň işçiler gatlagy 1848-nji ýylyň rewolýusiýasynyň ýeňmeginde we respublikanyň jar edilmeginde aýgytly esasy güýç boldy. Ýokary gatlagyň wekilleri işçilere eglişik etmäge mejbur boldy, emma ol diňe wagt utmak, işçileriniň garşysyna güýç toplap, soňra ony derbi-dagyn etmak üçin eglişik edýärdi.

Işçileriň uly märekesi elleri tüpeňli Parižiň metjidiniň daşyny gabady we zähmete bolan hukugy, ýagny işe mätäç adamlara iş tapyp bermek baradaky kanuny talap etdiler. Wagtalaýyn hökümet işçilere eglişik edip, iş gününi 10-11 sagat bilen çäklendirildi hem-de „ähli raýatlary iş bilen üpjün etmekden” ötri, karar kabul etdi. Işçileriň ünsüni gapma-garşylyk hereketlerden sowmagy niýet edinip hökümet Lui Blanyň baştutanlygynda işçi meselesi barada iş topar döretdi. „Lýuksemburg” diýlip (mejlisi geçirýän köşgüniň ady boýunça)

atlandyrylan bu iş toparda Lui Blan iş haky barada işçiler bilen hojaýynlaryň arasynda dörän dawalary çözmek bilen meşgul boldy, olary „doganlaşmaga” çagyrýardy. Emma hakykat ýüzünde bu toparyň işi boş gürrüň edilmegine öwrüldi.

**2. Pariž işçileriniň iýun gozgalaňy.** Wagtlaýyn hökümet Parižde toplanan işsizleriň köpçüligini köşeşdirmek üçin „milli ussahanalar” diýen ada eýe bolan jemgyýetçilik işlerini gurady. 100 müňden gowrak adam her iş gününe berilýän 2 frank ujypsyz hak üçin Pariž şäheriniň abadanlaşdyrmak üçin dürli ýer işlerini ýerine ýetirýärdiler. Häkimiýet tarapyndan iş tapyp bermek boýunça iş toparyna Lui Blan ýolbaşçylyk etdi.

1848-nji ýylda aprel aýynyň 23-ne kanun çykaryjy edara Uçreditel ýygnaga saýlawlar boldy. Daýhanlar respublikanlar üçin ses berdiler.

Parižde syýasy ýagdaý gün-günden gapma-garşylykly bolýardy. Ykdysady kynçylyklar sebäpli halk köpçüligiň nägilelegi artýardy. Hökümetiň milli ussahanalaryny işletmäge maliýe ýagdaýy ýokdy. Oguz aýynyň 22-ne milli ussahanalaryň işini ýatyrmak hakynda karar kabul etdi. Olarda işleýän 25 ýaşa ýetmedik sallah işçileriň ählisi goşuna çagarylmaga ýa-da batgalyk ýerlerde ýer işlerinde işletmek üçin sürgün edilmäge degişli edildi. „Milli ussahanalarynyň” dargadylmagy az salymyň içinde 113 müň işçini köçä zyňdy.

Işçiler muňa jogap edip, gerimi, güýji we tutanýerliligi boýunça henize çenli görülip-eşidilmedik gozgalaň turuzdylar. Parižiň işçileri herekede galyp iýun aýynyň 23-26-sy aralygynda gapma-garşylykly göreş alyp bardylar.

Topalaňlar ilki bilen işçileriň ýaşaýan ýerleri bolan şäher eteklerini örtdi, soňra bolsa paýtagtyň bütin gündogar bölegini şaheriň merkezine çenli tutdy. Barrikadalaryň üstünde gyzyl baýdaklar pasyrdaýardy. 100 müňden-de köp işçiler – agaç ussalary, demirçi ussalar, paýtagtyň gündogar sebitlerinden gelen demirýolçular, işsiz adamlar söweşmäge köça çykdylar. Birentek adamlar garşylyklara maşgalalary bilen gelipdi.

Aýallar ýaralylaryň ýarasyny daňýardylar, gozgalaňçylary iýdirip-içirýärdiler, oglanlar ok guýýardylar, aragatnaşykçy bolup hyzmat edýärdiler. Gozgalaňçylaryň batyrlygy,

edermenligi, olaryň gahrymançylygy, janlaryny pida etmäge taýyndykalry hatda olaryň duşmanlaryny-da täsin galdyrýardy. Gozgalaňçylaryň ýeke-täk ýolbaşçysy we baştutany ýokdy. Ýaragly gozgalaň özakymlaýyn we dagynyk alnyp barylýardy. Häkimiýet ägirt köp güýji –umuman jemi 150 müňden-de köp adamy doly ýaraglandyryp, hereketiň garşysyna sürdi.

Iýun günlerinde Parižiň köçelerinde bolan söweşlerde ölenleriň we tutulan ýerinde atylan gozgalaňçylaryň sany 11 mün adam boldy. Tussag edilen adamlaryň sany 25 müňden geçýärdi, 3,5 müň adam sürgün işlerinde işletmek üçin koloniýalara iberildi.

Ownuk hususyýetçiler işçiler hereketinden gorkup, konstitusiýany işläp düzdiler, onda „zähmete hukuk” barada indi hiç zat aýdylmaýardy. Saýlaw hukugy çäklendirilipdi. Halkyň gapma-garşylyk hereketini saklamak üçin prezidentden ybarat bolup durýan güýçli merkezi häkimýet döredildi. Prezidente örän uly häkimiýet ygtyýarlylyklary berildi, onuň saýlawly kanun çykaryjy ýygnagyň razylygyny soraman ministrleri aýyrmaga we goýmaga hukugy bardy.

**3.Ikinji imperiýanyň berkarar edilmegi. Napoleon III.** Respublikaçylar köpçüligiň arasynda täsiri çalt ýitiripdiler. 1848-nji ýylyň Bitaraplyk aýynda monarhiýanyň tarapdary, Napoleon I-niň ýegeni şazada Lui Napoleon Bonapart prezidentlige saýlanyldy. Fransiýanyň jemgyýetiniň ýokary gatlaklarynyň toparlary we daýhanlar şoňa ses berdiler. Daýhanlar özleriniň ýere bolan eýeçiligini ol bir mahalky meşhur daýysy ýaly gorar diýip umyt edýärdiler.

Özüniň häkimiýetini berkitmäge taýarlanmak bilen, Lui Napaleon Pariž harby bölümklerine ähli möhüm harby wezipelerine öz gullukçylaryny belledi, 1851-nji ýylyň dekabr aýynyň 2-si agşamy özüniň howply saýýan işgärlerini tutup, olary basmagy buýurdy, şondan soň goşunlar ähli hökümet jaýlaryny eýelediler. Parižde respublikaçylaryň 10 müňe golaýy garşylyga çykdy, emma goşunlar çykyşlary basyp ýatyrdylar.

1851-nji ýylyň dekabr aýynyň 2-sine bonapartçy agdarylyşygy döwürdeşleri köplenç Napaleon Bonapartyň

1799-njy ýylyň noýabr aýynyň 9-ynda Direktoriýany dargatmagy bilen deňeşdirýärdiler.

Döwlet agdarylyşygy prezidentiň esasy maksadyny – Ikinji respublikadan dynmak we patyşa häkimiýetien gaydyp gelmek maksadyny amala aşyrmak üçin diňe taýýarlykdy. Göni bir ýyl geçenden soň, 1852-nji ýylyň dekabr aýynyň 2-sine Fransiýada döwleti edara etmegiň patyşa häkimiýeti dikeldildi. Lui Napoleon Bonapart Napoleon III ady bilen patyşa diýlip yglan edildi. Ikinji imperiýa diýilýän berkarar edildi.

Fransuzlar özüniň resublika wagty demokratik gazananlaryny ýitirdiler. Bilimiň üstünden giň gözegçiligi döredildi. Metbugat azatlygy ýatyryldy. Saýlaw hukugy bes edildi.

Fransiýada 1848-nji ýylda bolan demokratik rewolýusiýa respublikanyň berkleşmegine getirmedi we işçileriň hereketinden gorkan jemgyýetiň ýokary gatlagyň garşylygy netijesinde ýeňildi.

Napoleon III häkimýet başyna geçenden soň: „Imperiýa – bu parahatçylykdyr” diýip aýtdy. Emma iş ýüzünde iri maýadarlaryň peýdasy üçin basybalyjylykly daşary syýasat ýöretdi. Basybalyjylykly uruşlary alyp barmak bilen, Napoleon III halk köpçüliginiň ünsüni sowmaga çalyşýardy.

Fransiýa Ikinji imperiýa mahalynda birnäçe basybalyjylykly, adalatsyz uruşlar alyp bardy, Krym urşunda Russiýanyň garşysyna Angliýa bilen bilelikde boldy. Meksikadaky we Hytaýda alnyp barlan talaňçylykly uruşlara gatnaşdy, Sardiniýa bilen bilelikde Awstriýanyň garşysyna uruş alyp bardy. Fransiýa Hindi-Hytaýda Kohinhini we Kambojany basyp aldy we olary özüniň koloniýalaryna öwürdi.

## 1917-1923-nji ýýllar aralygynda halkara gatnaşyklary.

### I

Ilkinji dünýä urşy Germaniýanyň we onuň soýuzdaşlarynyň ýeňilmegi bilen tamamlandy. 11/XI-1918-nji ýýlda kompýen tokaýynda Germaniýanyň arasynda ylalaşyk barada karara gol çekildi. Parižde dünýä konferensiýasyny çagyrmaklyk karar edildi. Uzak jedelleriň we dürli sesleri soň açyldy. Ol 18/I-1919-njy ýylyň içinde Wersal köşgüniň zalynda açylypdyr. Bu ýerik 27 döwletiň müňden köpräk delegaty açylmagyna gatnaşypdyrlar. Ýöne hemme işler boýunça esasan-ABŞ-dan, Angliýadan we Fransiyada gelen gyzyklanmasy bolan şahsyýetleriň topary konferensiýany düzetdi. Konferensiýanyň esasy edaralary Dörtler soýuzyň we onlar soýuzy esasy gurnaýjylar. Dörtler soýuzyna Fransiýanyň premer ministri, konferensiýanyň sekiz aý girizilip onlar soýuzy ABŞ-nyň Angliýanyň, Fransiýanyň döwlet baştutanlaryndan düzülendir. Onlar soýuzynyň we Dörtler soýuzynyň ses berilmeýän ýýgnaklarynda.

Parijde konferensiýa bolmady. Oňa derek Parižde ak gwardiýaçylar dolandyryşy esaslandyryldy. Taýýarlyk we dünýä konferensiýasy prosesinde oňa gatnaşyjylaryň arasynda dünýä ylalaşygynyň şertleriniň meseleleri boýunça ýiti garşylyk ýüze çykdy. Ýöne ýitileşen göreş, haçanda iş, basylyp alnanlar bölümine baranda has tutaşdy.

Her bir döwlet beýleki döwletlere möçbersiz güýçlendirmäge ýol bermejek boldy we özi üçin olja alnan girdejiden mümkin bolan uly paýýny almaga çalyuşdy. Bu toprakda ABŞ bilen Angliýanyň, Angliýa bilen Fransiýanyň, Fransiýa bilen ABŞ, ABŞ bilen Ýaponiýanyň arasynda gapma-garşylyk güýçlendi. W.I. Jeniniň Türkmenbaşy aýynda belleýşi ýaly, bu döwletler Türkiýäni, Russiýany, Afrikan we polineziý koloniýalary, Balkany we başgalar bölüşip bilmändikleri üçin dawalaşmaga başladylar.

ABŞ urşuň netijesinde we bergili döwletlerden algydar hökmünde has baýap başlady. ABŞ-ny dolandyrjylar halkara gatnaşyklarynda harby režimde soňky gurluşda esasy rol oýnadylar. Amerikan "dünýä maksatnamasynyň" esasy ýagadýlary 1918-nji ýýlda Wilsonda we onuň "14-nji punktynda" bellenildi. Wilson "Halkara organizasiýany" – halklaryň döretmegi teklip etdi. Angliýa we Fransiýa ABŞ-nyň esasy alyp baryjy roluny ýerine ýetirmegine ylalaşmadylar we ustawyň ýöredilmegini bökdediler. Halklaryň L-i Ligiýada dünýä ylalaşygynyň tekstini girizmek barada amerikan talaplaryna garşy çykyş etdiler.

ABŞ-da Angliýanyň, Fransiýanyň we beýleki Germaniýada we Türkiýede basylyp alnan döwlet dolandyryşlary geçişe garşy çykdylar. Iňlis-fransuz gapma-garşylykly talaplarynda, Wilson "Açyk gapylar" şygaryny öňe sürdi we halklaryň l-nyň mandatlary ulgamyna esaslanyp koloniýalary dolandyryş ideýasyny öňe sürdi.

Angliýada Fransiýada ABŞ-da gazaly pelesmäge çalşypdyrlar. Şonuň ýaly-da deňizlerdäki iňlis eýeçiligine, we territoriýalardaky ykdysady we harby oblastlaryndaky fransuz talaplaryna garşy çykyş etdiler. ABŞ Ýaponiýanyň Uzak Gündogarda ornaşmazlygyna, şonuň ýaly-da Germaniýanyň Ýuwaş okean koloniýalaryndan Ýaponiýanyň şetleşdirmäge çalyşdy. ABŞ hökümeti PK-da Germaniýanyň militarial gatnaşyklarynda minimal talaplar maksatnamasyny bökdedi. Ol daşyndan göräýmäge Angliýa we Fransiya garşy agramy, şonuň ýaly-da göreş üçin ýaraglary, sowet soýuzyna garşy we Ýewropanyň rewolýusion işçi synpyna garşylygy saklamaga çalyşdy. Amerikan wekilleri nemes militariatyny üpjin etmäge ymtyldylar. Olar diňe bir Sileziýada Germaniýany garamak bilen çäklenmän, eýsem-de ABŞ-nyň Çehoslowak territoriýasynyň bölegini bermegi teklip etdiler. ABŞ-ny Germaniýada harby howa we harby deňiz flotyny ýok etmegine garşylyk bildirdiler, onuň harby senagatynyň üstünden gözegçiligi dikeltmegine mejbur etdiler. Onlugyň 1919-njy ýylyň 12 – nji fewaralynda bolan sowetiniň

ýygnagynda Wilson esgerleriň Germaniýadan çykarylmagyny talap etdi.

Fransiýa öz gegemoniýasyny Ýewropa kontinentinde gurnamaga çalyşdy, ýagny garaşly we kolonial territoriýalaryň hasabyna giňeltmäge çalyşdy. Germaniýa we Türkiýe bu maksatnama ilkinji nobatda Germaniýanyň ownuk döwletleriniň hatarynda onuň harby, ykdysady gatnaşyklarda maksimal gowşamagyna seredip geçdi. Fransuz imperalistleri Germaniýanyň ýerleriniň dagynyklygyny görmek islediler. Fransiýa Germaniýadaky Saar kömür basseýinini almaga, fransuz serhedini Reýne çenli, a bu derýanyň sag kenaryndaky prowinsiýalarda bolsa Fransiýa degişli etmäge bil baglady, ýagny ol ýerde özüne garaşly Reýn respublikasyny döretjek boldy. Bularyň hatarynda ähli fransuz imperalistleri şonuň ýaly-da Germaniýany sowet Russiýasynyň garşysyna peýdalanmaga çalyşdylar. Fransuz maksatnamasy Germaniýanyň gündogar serhedinde Fransiýa garaşly bufer döwletleriň blogyny emele getirmelidigi öňde goýdular. Şular bilen birhatarda fransuz wekilleri reaksion häkimiýetli Polşany döretmäge we onuň Poznaniýa hem W.Sileziýa berilmegine ýetmäge ymtyldylar.

Angliýanyň esasy maksady uruş alyp barmak bolup, ol dünýä konferensiýadan önem öňe sürlüpdir.

Germaniýa kolonial we deňiz döwleti hökmünde, özi bilen Angliýanyň bäsdeşliginden başga, ondan ýokary kemsidilme bolmandyr.

Angliýa öz esasy meseleleri hökmünde Liaýd-Džordžda saklanylmagy we berkidilmegi britan dominanlaryny alnan girdejilerini britan imperiýasynyň düzümine girizmegine mejbur edipdirler. Muňa ýol bermegi Wilson islemedi: kolonial we deňizi gegemoniýalaryny giňeltmek baradaky iňlis planlary ABŞ-nyň birmeňzeşplanlary esasynda ýuwaşlyk bilen bökdeldi. ABŞ-a garşy göreşe Angliýa öz Ýaponiya bilen, şonuň ýaly-da Fransiýa bilen soýuz bolmaga ondan öňürtmegi üstünliksiz däldir. Başga bir tarapdan Angliýa ABŞ-ny Ýewropanyň

merkezinde berk militar Germaniýany saklamaga çalyşýanlygyny goldapdyr. Bu “güýjiň deňagramlygy” iňlis syýasaty Fransiýanyň garşysyna, şonuň ýalyda sowet döwletiniň we dünýä rewolýusion hereketiniň garşysyna ugrukdyrylypdyr.

Italiýa ilkinji nobatda degişlilerden öňräk Balkandaky eýelenen giň 7 territoriýalaryň (A.W. Günorta slawýan ýerlerine degişli ýerler) maksatnamasyny gorap saklady. Aýratynam, Italiýa oňa Filme (Riýena) portunyň geçirilmegini tutanýerýerlilik bilen gazandy. Ýaponiýa onuň Şaldundaky, şonuň ýaly-da german koloniýalaryndaky basyp alan ýerlerini ykrar edilmegini talap edipdir.

Germaniýa, öňküleri ýaly, dünýä ylalaşygynyň şertlerini işlemekden çetleşdirilipdir. 7/V-1919-njy ýylda german delegatlary Brokdorf - Dautsanyň ýolbaşçylygynda eýýäm liminar ylalaşygynyň taýýar tekstini almak üçin Wersala çagyrylypdyr. Nemesler birnäçe günläp “Dünýä kitabyny” öwrenipdirler. German delegasiýasy reaksion elementleriň täsirinde we ilkinji nobatda özüni-Germaniýany urşuň sebäpkäri edilmegini ret edipdir. Germaniýa Belgiýa gatnaşygyndaky adalatsyzlygy boýun alypdyr. DJM aýtmagyna görä, diňe bir Germaniýa ýalňyşlyk goýberdi. Berlinde garşylyk demonstrasiýasy gurnalypdyr. 12/V-1919-njy ýylyň prezident Ebert we Şeýdemon köçä ýygnananlaryň öňündäki balkondan gürleşipdirler. Şeýdemon gygyrypdyr: “Olaryň şeýle dünýä ylalaşygyny ýazanlygy üçin, goý, elleri gurasyn”. Nemes agentleriniň hemmesi nähili talaby öňe sürýänligini bilipdirler. Germaniýanyň DJM-i garşylygy habar berdi we ylalaşyga gol çekmän Berline gaýtdy. Mundan soň german döwletiniň ýygnagy başlandy. Diňe ministrler şol sanda Brokdorf-Rantsau hem ýeňijileriň lagerindäki baş-başdaklyga esaslanyp, has gowy şertlere ýetmäge çalşyp, dünýä ylalaşygyna gol çekmezligi goldapdyr. Beýlekiler bolsa imperiýanyň dargamagynda howatyrlanyň dünýä ylalaşygyna gol çekmäge razy bolupdyrlar.Gol çekmegi talap edenler şertleri ýerine ýetirmegiň gerek däldigini açyk aýtdylar. Ginsenburgyň

pikirini soradyk. Onuň jogap bermegine görä, armiýa garşyylyk görkezmäge ukypsyzwe dargap biler. Armiýanyň we onuň ýokary ştabyny gorap saklamagy ündäpdir. Fransuzlar bilen gizlin duşuşyklar geçiripdirler.

21/VI-da german döwleti dünýä ylalaşygyna gol çekjekdigini habar beripdir. Olar german halkynyň urşa sebäpkär däldigini hasaba alnan şu netijä gelipdirler. Ertesi gün kllomanlo jogap berdi, ýagny soýuzdaş döwletleriň ylalaşykda hiç hili üýtgetme girizmejegini we ýa ylalaşyga gol çekmegi, ýa-da ret etmegi talap edipdirler. 23/VI-da Germaniýanyň halk ýygnagynda düşündirmeler girizmezden ylalaşyga goç çekmek çözgüdine gelipdirler. Olar Antantanyň hüjüme başlaryndan heder edipdirler. 28/VI-1919-njy ýylda Germaniýanyň täze DJM-i German Mýuller we ýustisiýa ministri Bell Wersal ylalaşygyna gol çekipdirler. Wersal şertnamasy boýunça Germaniýa, Fransiýa E-J gaýtaryp beripdir. Saar oblastyny eýeläp we Reýiskiý respublikasynyň döredilmegi baradaky fransuz ymtylyşlary Pariž konferensiýasynda ret edilipdir. Fransiýa Saar oblastynyň çeşmelerini alypdyr. Saar oblasty bolsa komissiýanyň dolandyrmagynda, 15-ýyl möhlet bilen, ýagny bu ýeriň indiki ykbaly çözülýänçä halklaryň L komissiýasy agalyk edipdir. Reýniň çep kenary soýuzdaş goşunlar tarapyndan 15-ýyl, okkuppirlenipdir her bäş ýylyň ahyrynda olaň ewakuasiýasy üçin üç zona döredilipdir. Germaniýa Günorta we Gündogar serhetlerinden başgalaryny bozmagy we Gündogardan Reýna çenli 50 km aralykdaky boşlugy demilitirläpdir.

Belgiýa süren we Malmedi okrugyny alypdyr, Daniýa bolsa Şlezwigiň demirgazyk bölegini alypdyr. Germaniýa Polşa Poznany, Pomeraniýa raýonyny we gündogar Prussiýany beripdir. Ýöne günbatar pol ýerleriniň köpüsi Germaniýada galypdyr. Ýokarky Sileziýa baradaky meseleler pisbissirler tarapyndan çözülmeli bolupdyr.

1921-nji ýylda bu ýokarky Sileziýanyň Polşanyň we Germaniýanyň arasynda bölünmegine getirilipdir. Ýokarky

Sileziýanyň uly bölegi Germaniýada galypdyr. Özüne bermek baradaky Polşanyň talaby Angliýanyň garşy täsiri netijesinde kanagatlandyrylmandyr. Gdan “sal üstündäki şäher” bolup, halklaryň L. dolandyrmagyna berlipdir.

German koloniýalarynyň ykbaly baradaky meseleler ABŞ-nyň ylalaşmagynda üç döwletiň-Angliýanyň, Fransiýanyň we Ýaponiýanyň peýdasyna çözülipdir. Mandatlar ulgamynyň esasyndaky bu üç döwletler ähli german koloniýalaryny diýen ýaly dolandryypdyrlar (Afrikadaky we Ýuwaş okeanyndaky ýerleri); kolonial girdeýjiniň uly bölegi Angliýanyň eline düşüpdir. Şonuň ýalan kamerun Angliýanyň we Fransiyanyň arasynda bölüşilipdir. Afrika Gündogar Afrikan soýuzyny, Ruanda we Urundi Belgiýa çenli Kiongadan Portugaliýa çenli üçburçlyk düzüpdir. Ýuwaş okeandan Ýaponiýa Marsalalar Marianeniýe we Korolinskiý adalaryny aldy, şonuň ýalyda Germaniýanyň basyp alan Hytaýdaky Izýaoçžan oblastyny (Kiaogao) we Şaýdundaky Konsessiýany aldy. Awstraliýa täze Gwineýa adanyň bölegini, a täze Zelandiýa-Samoa adasyny aldy.

Ylalaşykda Germaniýa we beýleki soýuzyň böleklerine uruş jogapkärçiligini goýdy. Ylalaşyk olary bu esasda Yesparasiýanyň tölegine borçlandyrdy. Ýöne soýuzdaşlar hökmünde özaralaryndaky Germaniýanyň bergisine berlen reparasiýasynyň möçberi barada bökdäp bilmändirler, 1921-nji ýylyň maý aýynyň 1-de Germaniýanyň bergileri barada rebarasion komissiýasy, onuň 30 ýylyň dowamynda bermeli bolan bergisiniň şummasyny kesgitlemek üçin döredildi 1921-nji ýýlyň maý aýynyň 1-ne çenli soýuzdaşlar Germaniýadan 20 mlrd. markany altyn, gymmat baha kagyzlar, harytlar we sud arkaly kararyna gelipdirler. London konferensiýasynyň (29/IV-5/V-1921-nji ýylyň) çözgütleri boýunça, bu summa 132 mlrd. altyn marka diýlip kesgitlenipdir. 10 ýylyň dowamynda Germaniýa Fransiýa 140 mln. tonna kömür bermäge, Belgiýa-80 mln, Italiýa 77 mln tonna kömür bermäge borçly bolupdyr. Germaniýa soýuz döwletlerine öz boýajy maddalarynyň we himiki önümleriniň  ähli zapasyny ýarysyny hem-de indiki

1925-nji ýyla çenli aljaklarynyň ¼ bölegini bermeli bolupdyr. Germaniýa Hytaýdaky, Snaldaky, Ýanbergdäki, Marokkadaky, Müsürdäki özüniň hukuklaryndan we zatlaryndan el çekipdir we Fransiýanyň Marokkanyň üstünden we Beýik Britaniýanyň Müsüriň üstünden agalyk etmegine ylalaşypdyr.Germaniýa Türkiýe we Bolgariýa bilen şertnamany kabul etmeli bolupdyr. Ol Britan Litowskiden we Buharestden dänmäge borçlanypdyr we öňki Russiýa imperiýasynyň düzümine girýän döwletleriň ähli territoriýasynyň garaşsyzlgyny äsgermeli bolupdyr. Dünýä ylalaşygyň 116-njy stat ýasynda reprasiýadan ýetýän bölegini Germaniýadan Russiýanyň almak hukugynyň bardygyna ylalaşypdyr. Edil şunuň ýalam, Germaniýada S.Russiýasynyň interwensiýasyna gatnaşyjy boldy. Wersal şertnamasynyň harby düzgünleri boýunça, Germaniýada ählumumy harby borçlulyk ýatyryldy, german armiýasy diňe öňünden meýletinlerden düzülmelidi we ofiserlerem goşanyňda 100 müň adamdan ýokary geçmeli däldi.

Laýmonyň, unter-ofiserleriň we esgerleriň möleti 12 ýyl, a täzden bellenilen esgerleriňki 25 ýyl bolupdyr. Ähli berkidilmeler gündogar we günortany hasabyna almanyňda çagşady. Uly Genştab pese düşdi. Onuň flotynda 6 bronenoses, 6 ýeňil kreýser, 12 kontrminonoses we 12 minonses diýlip kesgitlenildi. Germaniýa suwasty flot, şonuň ýalam harby we deňiz awiasiýasy gadagan edildi. Şeýle-de, Germaniýa okkupasiýadan halas boldy. Ylalaşygyň harby şertleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek üçin üç halkara kontrol komissiýa döredildi.

Ýeňijiler, Germaniýa bilen çözülişip, onuň soýuzdaşlary bilen gepleşiklere başladylar. 10/IX-1919 ý. Sen-Žermenskiýa köşgünde Awstriýa bilen şertnama gol çekildi. Awstriýa Italiýanyň ygtyýaryna kraýny we karintiýa, kýustenland we gündogar Pirol prowinsiýalaryny bermäge borçlandy Ýugoslawiýa Kraýnynyň uly bölegini, Dalmosiýany, Gündogar Ştiriýany we gündogar-günorta Karitiýany aldy. Bukowinany Rumyniýa berdiler. Çehoslowakiýanyň düzümine Bogemiýa, Morowiýa, aşaky Awstriýanyň iki obşinasy we Sileziýanyň

bölegi girdi. Awstriýa Germaniýa bilen birleşik gadagan edildi. Awstriýa armiýada 30 müň esger saklamak hukugyny aldy. Öz harby we söwda flotyny Awstriýa ýeňijilere berdi. Gabsburglar imperýasy dargady. Köne Awstriýa imperiýasynyň ýerinde täze döwlet ýüze çykdy.

27/XI-1919 ý uzaga çeken gepleşiklerden soň ýagny, onuň dowamynda bolgar delegasiýasy Neýide uruş şa Ferdinandyň syýasaty bilen başlanandygyny subut etdi we Bolgariýa bilen şertnama gol çekildi. Bolgariýa öz territoriýasynyň bir bölegini Ýugoslowiýa berdi.

## Fransiýa 1918-1939-njy ýyllarda.

## I

Mälim bolşy ýaly, Fransiýa birinji jahan ürşundan ýeňiji hökmünde çykdy. Ýöne bu ýeňiş fransuzlara ýeňil düşmedi. Resmi maglumatlara görä fransiýa uruşda 1mln terial ýitgisi takmynan 200 mlýarda Fransiýanyň demirgazyk-günbatar we demirgazyk-gündogar ýerlerinde bolup geçdi. Ata-baba ilatyň iň gür ýerleşen ýeri we fransuz industriýasynyň merkezi. Şol ýerdäki 10 departament ýer bilen ýegsan boldy. Nemesler öz basyp alan ýerlerini wagşylarça weýran edipdirler. Şu ýerdäki jaýlan tunneler, zawod-fabrikler weýran edilipdir. Hat-da uly-uly buthanalar hem partladypdyrlar. 10 müň sany senagat kärhanalary, 200 şahtalar şuňa basdyrlypdyr. Şu zatlary galdyrmak üçin milýard pullan gerekdi. Fransiýa birinji jahan urşy ýyllarynda özüniň ömürleriniň toplan ähli baýlyklaryny, gyzyl zapasynyň bir bölegini, söwda gämilerini urşa mobilizläpdi. Urşuň soňky ýyllarynda 1917-1918-nji ýyllarda Fransiýanyň material baýlygy ýetmedi. Fransuz hököüeti ABŞ-na, Angliýa kredit pullaryny açmagy haýyş etdi. Iňlis we Amerikan kapitalistleri şol pullary orän ýokary göterimler bilen berýärdi. Şeýlelikde Fransiyanyň pul ýagdaýy ABŞ-na we Angliýa garaşly ýagdaýdady. Olaryň beren pullarynyň muny möçberi 40 mlýrd gyzyl franka deňdi. Frankyň hümmeti

peseldi, iýi-içilýän şeýle-de beýleki senagat harytlarynyň bahasy söwda nokatlarynda 2,5 esse ýokarlandy. Uruş ýyllarynda esasy zähmet aýallaryň üstüne düşüpdir.

Uruşdan soň fransuz häkimiýeti ýurduň ykdysady tarapdan dikeldilmegi barada alada edýärdi. Fransiya 1925-nji ýylda urşuň ýetiren zyýanynyň hemmesiniň öwezini dolmagy başardy. Soň Fransiyanyň senagaty güýçli depginde ösüşe eýe boldy. Aýratynam 1929-1930-njy ýyllarda üstünlik gazanyldy. Bir ýylda ösüş 5 % barabar boldy. Fransiyada täze senagat merkezleri gurlup başlandy. Esasy awtomobil awiýasiýa, metallurgiýa, himiýa we beýleki kärhanalardyr. Fransiýada 1924-nji ýyldan başlap kapitalizmiň kem-käsleýin stabiliziasiýasy durnuklylygy başlanýar. Şol ýyllarda Fransiýa kontinental Ýewropada iň güýçli döwlete öwrülýär. Uruşdan soň Fransiya hem edil Angliýa ýaly öz koloniýalaryna uly maýa goýumlaryny goýup başlaýar. Esasanam Afrikadaky koloniýalaryna uly üns berip başlanýar. Fransuz kapitalisleri ýangyç senagatyna köp pul sarp edipdirler. Şol wagtlar zawodlar kömür bilen işledilipdir. Fransuz kapitalistleri ýerli çig maly örän köp mukdarda latyn Amerikasy ýurtlardan getirýärdiler. Şolaryň hasabyna şol ýurtlarda senagat kärhanalaryny gurup, olaryň hem senagatlaşmagyna kömek edýärdiler.

## II

Işçiler hereketi we THP-nyň döredilmegi. Fransuz işçileri kapitalizme garşy göreşde örän uly üstünlik gazandylar. Fransuz işçileriniň arasynda fraksion toparlanşyk başlanýar. Öň bütewi fransuz sosialistik partiýasy bardy. Sagçy taraplar fransuz sosialistik partiýasy öňküsi ýaly, internationalyň hatarynda durmaly diýýärdiler. Çepçiler bolsa internasional biziň eden tamamyzy ödemedi. “Biz internasional kommunistlere goşulmaly diýýärdiler. Üçünji bir fransion topar kommunistik internasional girjek bolsaň 21 şerti ýerine ýetirmeli. Fransuz sosialistleriň çep ganaty şol şertleriň hemmesini ýerine ýetirmeli hemem şol kommunistik

internasional girmeli diýip teklip edýärler. Sosialistik partiýanyň liderli şu jedelden soň Moskwa aýratyn delegasiýa ibermeli diýýärler. Şeýlelik bilen Moskwa çepçi liderlerden sosialsitik partiýanyň baş sekretary lýudowikFrossor we "Ýumanite" gazetiniň baş redaktory Massel kaşen Moskwa gidýärler. Moskwadan gaýdyp gelenden soňra 1920-nji ýylyň dekabr aýynda gurultaý bolup geçýär. Bu gurultaýda şol gidenleň hasabatyny soraýarlar we fransuz sosialistleriň 3-nji internasionala girmelidigi tassyklanýar ýylda fransuz sosialistik partiýanyň I gurultaýyň uçreditel ýygnagy bolup geçýär. Şeýlelik bilen köp çykyşlardan we fraksion göreşlerden soň ahyry Fransiýada kommunistik partiýa emele gelýär. 180 müňden ybarat partiýa arassalanyp azalýar. 1930-njy ýylda partiýanyň ýolbaşçylygyna ýönekeý şahtýar M.Torez saýlanýar. Partiýanyň içinde jebisleşmek başlanýar. Işçileriň we profsoýuzlaryň arasynda abraý artyp başlaýar. Partiýanyň täze ýolbaşçylary 30-njy ýyllardan başlap, özleriniň esasy güýçlerini faşizma garşy gönükdirýärler. Fransuz kommunistleri sosialistleri bilen bilelikde faşizmiň kem-kemden güýçlenýändigini hem-de olaň hökümeti basyp almak maksadynyň bardygyny ündeýärdiler.

## III

Fransiýada faşistik guramalar nemes we italýan faşistlerinden kän soň döreýär. Fransuz faşistleri nemes we italýan faşistleri ýaly ownuk guramalardan ybarat bolupdyr. 20-nji ýyllaryň ahyrynda şol guramalar öz aralarynda birleşip başlaýar. 30-njy ýyllarda faşistler öz sanlaryny köpeldip aç-açan ýaýradýarlar fransuz faşistleri öz taraplaryna harby adamlary çekýärdiler harby adamlaryň kömegi bilen olar Fransiýanyň birnäçe ýerlerinde gizlin ýarag skladlaryny agyr samolýotlary tanklary, artilleriýalary saklaýardylar. Bu bolsa konstitusiýada gadagandy. Faşistleň ýolbaşçylygyna örän reaksion adam polkownik Kazimiň Delýarok ýolbaşçylyk edýär. Bu birinji jahan urşuna aktiw gatnaşan adam. Delýarok general çinini bermän soňlar hökümetden öýkeläp ony basyp almaga başlaýar. Fransuz antifaşistik şu zatlaryň hemmesini

duýýan ekenler. Olar bütin Ýewropa jemgyýetçiligini aýaga galdyryp başlaýarlar. 1932-1933-nji ýyllarda Fransiýada, Belgiýada, faşizmi paş etmek konferensiýa çagyrylýar. Şolaryň inisiatorlarynyň biri Anatoliý Frans bolupdyr. Ýene-de belli ýazyjy, şahyr antifaşist Andree stil we ş.m. dünýä belli alymlar çykyş edipdirler. Şolaryň sözlerini demokratikgazetler çap edipdir. Şeýle gazetleriň biri “Ýumanite” bolupdyr. Şeýlelikde Fransuz jemgyyeti we bütin dünýä faşizme garşy göreşe başlanýar. Faşizme garşy änjeýli göreşmek üçin näme etmeli? Fransuz sosialistleri bilen kommunistleri faşizmi doly derbi-dagyn etmek üçin halk frontyny döretmeli diýip teklip girizýärler. Halk fronty bu faşizmiň garşydaşlaryny bir ýere toplamak. Muňa sosialistler, kommunistler, radikal sosialistler, medeni guramalar, profsoýuzlar girýärler. 1935-nji ýýlda “Ýumanite” gazetinde halk fronty atly täze termin peýda boldy. Halk frontyna girýän partiýalar halk frontynyň iş maksatnamasyny düzmeli. Ýöne ol maksatnamany kö wagtdan soň düzýärler. Ol maksatnamanyň ady “Halk frontynyň maksatnamasy” onuň maksady fransuz işçilerine, intelligensiýanyň wekillerine hökümet tarapyndan ykdysady kömek bermek göz öňünde tutulýar. Fransiýa Ýewropanyň Halk frontynyň ideýasy real durmuşa geçirilen ilkinji kapitalistik ýurdy boldy. Munuň ägirt uly taryhy ähmiýeti boldy. Özleriniň hukuklary ugrunda agzybir göreşmegiň ähmiýetine göz ýetiren zähmetkeşleriň syýasy düşünjesi artdy. FKP köçülikleýin partiýa öwrüldi, 1937-nji ýylda onuň 340 müňden-de köpräk çleni bardy. Ol zähmetkeşleriň bähbitlerini tutanýerlilik bilen goraýjy, ýurduň durmuşyna ep-esli täsir etmäge ukyply partiýadygyny görkezdi. Halk frontynyň gazanan üstünlikleri işçiler synpynyň baştutanlygynda demokratik güýçleriň soýuzynyň halk köçüliginiň bähbidi üçin möhüm durmuş-ykdysady özgerişleri parahatçylykly ýol bilen amala aşyrmaga ägirt uly mümkinçilikleriniň bardygyny ynandyryjylykly görkezdi. Halk frontynyň gazanan üstünlikleri işçiler synpynyň baştutanlygynda demokratik güýçleriň soýuzynyň halk köpçüliginiň bähbidiücin möhüm durmuş-ykdysady özgerişleri parahatçylykly ýol bilen amala aşyrmaga

ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyny ynandyryjylykly görkezdi. Faşizmiň häkimiýet başyna gelmegine demokratiýanyň tarapdarlarynyň birleşen tagallalary arkaly ýol bermese boljakdygy hakynda kommunistleriň aýdanlarynyň dogrudygyny Halk fronty tassyklady.

Durmuş-taýdan göreşilip gazanylýanlaryň çuňlaşmagyndan gorkup, iri buržuaziýa kabul edilen kanunlary sabotirleýär. Bankirler özleriniň kapitallaryny daşary ýurda geçirýärdiler, şeýle etmek bilen-de frankyň hümmetini gaçyrýardylar we gymmatçylygy ösdürýärdiler. Sagçy radikal Eduard Daladeniň hökümeti monopolistik buržuaziýa egilşik etmek syýasatyny has aç-açan ýöredýärdi, bu hökümet bolsa reaksion parfiýalaryň wekilleriniň gatnaşmagynda 1938-nji ýylyň aprel aýýnda düzüldi. 1938-nji ýýlyň Sanjar aýynda radikallar partiýasy Halk frontyndan çykdy. Kabinet adatdan daşary dekretleriň ençemesini çykardy, bu dekretler göreşilip gazanylan durmuş ýeňişleriň bir bölegini ýatyrdy. Zähmetkeşleriň bähbitlerini özgertmek islendik sagçy sosialistleriň we radikallaryň boýun egijilik syýasaty Halk frontynyň dargamagyna getirdi. Munuň özi işçiler hereketiniň üstüne we halkyň demokratik hukuklarynyň üstüne reaksiýanyň aç-açan hüjüme geçmegine mümkinçilik berdi. “Halk fronty bolandan, faşizm bolsun” diýen, halka garşy prinsipden ugur alan fransuz dolandyryjy toparlarynyň urşuň öň ýanynda tutan ýoly ikinji jahan urşunyň eýýäm başlangyç döwründe ýurdy milli heläkçilige alyp bardy.

## Fransiýa 1945-1958 ý.

**Meýdany: 551 mň kw.km.**

**Ilaty: 55mln.**

### I

Mälim bolşy ýaly, 1940-njy ýylda Fransiýa gitler Germaniýasy tararyndan okkupirlendi. Nemes okkupantlary 1940-1944-nji ýylyň aralygynda Fransiýany iş ýüzünde tozdurdylar. Olap Fransiýanyň iň industrial ilatynyň iň gür ýerleşen ýeri bolan demirgazyk günbatar departamentlerinde hojaýynçylyk etdiler. Okkupantlar Fransiýanyň iň öňde barýan zawodlaryny we fabriklerini, inžener-tehniki işgärlerini, ýönekeý işçileri Germaniýa sürkitdiler we katorga režimini giriždiler. Germaniýanyň Fransiýadan zor bilen äkiden adamlarynyň sany 1 mln.geçýärdi.

Fransiýanyň ähli straregiki zaraslaryny, Fransuz armiýasu üçin niýetlenen geýim-gejim we iýmit skladlaryny boşadyp Germaniýa alyp gitdiler. Sözümiz gury bolmaz ýaly käbir maglumatlara ýüzleneliň.Uruşdan öň Fransiýada 15 müň parawoz bardy. Uruş gutarandan soň, şonuň diňe 2 müňi abat galypdyr. Galanyny nemesler ýok edipdirler. Uruşdan öň ýurtda 2.300 müň ýük awtomobili bardy. Uruşdan soň bolsa şolaryň diňe 300 müňi abat galypdyr. Fransiýanyň statistikasynyň berýän maglumatlaryna görä, okkupasiýa zerarly Fransiýa ýetirilen zyýan 5 trl. franka barabar bolupdyr. Ondan başga-da Fransiýanyň baýlygy onuň koloniýalarynda ýerleşip, ol hem Ýapon okkupantlary tarapyndan ogurlandy we tozduryldy.

Fransiýa bütin 40-njy ýyllaryň dowamynda ykdysadyýetine urşuň salan ýarasyny bejermek bilen boldy. 40-njy ýyllarda fransuz işçileriniň, ylmy-tehniki intelligensiýasynyň we fermerleriň jan aýamazlykly zähmet çekmeleri netijesinde ykdysadyýet kem-kemden aýaga galyp başlaýar. ABŞ, Fransiýa "Marşalyň plany" esasynda 5,4 mlrd. dollarkömek hököminde berdi. Şol serişdeler nem ýurdy galdyrmakda uly rol oýnady. Ondan başga-da uruşdan soňky ýyllarda dörän fransuz hökümetleri , halk köpçüliginiň zor salmagy astynda

Fransuzlaryň gitler Germaniýasy bilen hyzmatdaşlyk edenleriniň zawodlaryny, fabriklerini, banklaryny, ýerlerini hiç hili kompensasiýasyz ellerinden alyp döwlet emlägine öwürdiler. Şolardan iň esasylaryndan biri hem meşhur " Reno" awtomobil zawodydyr. Olardan başga-da hökümediň karary bilen ähli uly elektrostansiýalar, gaz çykarýan we işläp bejerýän kompaniýalary, kömür şahtalary, awtomobil zawodlarynyň birnäçesi, şolaryň arasynda "Reno" awto zawody we ş.m. Şu geçirilen çäreler ýurtda senagatyň uly konsentrirlenmegine (toplanmagyna) getirdi. Şeýle ýagdaýda döwlet sektory senagatda uly rol oýnap başlady. Sebäbi kömur senagatynyň 97%, elektroenergiýanyň 80%, gazyň 95%, awtomobil senagatynyň bolsa 40% döwlet sektoryna degişli boldy. Indiden beýläk şol senagatlary diňe döwletiň özi majijeşdirýärdi. Atom senagaty we onyň bilen bagly beýleki senagatlar döwletiň aýratyn gözegçiligindedi. Emma beýle diýildigi Fransiýanyň ähli senagaty döwlet sektoryna geçdi diýildigi däldir. Tersine ýurdyň iň esasy senagatlary, banklary hususy adamlaryň elindedi. Olardan iň esasylary: metallurgiýa zawodlary, himiýa, maşyn gurluşyk, nebiti gaýtadan işleýän kärhanalar, elektrotehnika we ş. m. Öz ellerine uly girdeýjiler getirmeklerini dowam edýärdiler.

Dowlet sektoryna degişli kärhanalary rentabel (girdejili) işletmek üçin fransuz hökümetleri bäş ýyllyk planlary işläp taýýarlady. Şu girizilen ykdysady syýasat soňra hakykatdan hem öz netijelerini berip başlady. 50-nji ýyllarda Fransiýada çykarylýan senagat harytlary, önümleri 1938-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 2,4 esse artdy. Fransiýa ene-de iň ýokary ösen industrial döwletleriň hataryna girdi. Ondan başga-da Fransiýa öňküsi ýaly kreditor döwlete öwrüldi.

## *II*

Ikinji jahan urşunyň ahyrlarynda Fransiýada täze syýasy partiýalar we birleşmeler emele geldi. Mälim bolşy ýaly ransiýa buržuaziýasynyň bir topary. Syýasy partiýalaryň liderleriniň bir bölegi gitler Germaniýasy we "Wişiniň oýunjak" hökümedi

bilen hyzmatdaşlyk edipdiler. Şol gatlaklaryň halkyň içindäki abyraýy gaty pese gaçypdy. Şol abyraýy dikeltmek üçin syýasy toparlar täze partiýalary döratmäge başladylar. 1944-nji ýylyň aýagynda MRP (narodno-respublikanskoe dwiženiýe)- "Halk respublikan hereketi". Katolik partiýasy döredildi. MRP partiýasynyň esasy daýanjy, katolik dinine uýýan iri kapitalistlerden, daýhanlardan, orta we ownuk şäher buržuaziýasyndan hem-de şol diňe eýerýän işçileriň hem toparlaryndan ybaratdyr. MRP partiýasynyň liderleri uruşdan soňky ýyllarda parlament saýlawlarynda köp ses we orun aljak bolup Fransiýada senagatyň iň esasylary millileşdirilmelidir diýip propaganda ýöredýärdiler. Şeýle edip olar öz pozisiýalaryny berkitdiler we ýurtda esasy partiýalaryň biri bolmagynda galdylar. 1945-nji ýylda Respublikan azatlyk partýasy emele geldi (PRL - partiýa espublikanskoý swobody)- Şu partiýa Fransiýada iň reaksion partiýalaryň biri. Şu partiýanyň ýolbaşçylary gitlerçler bilen we "Wişi hökümedi" bilen hyzmatdaşlyk edipdi. Partiýanyň esasy daýanjy iri monopolistik kapitalyň wekillerinden ybaratdy. Uruşdan soňky ýyllarda geçirilen ähli demokratik düzgünlere garşy çykýardy. Ol ýurduň ykdysadyýetine döwletiň gatyşmaly däldigini, millileşdirilmegiň zyýanlydygyny subut etjek bolup jan çekýärdi. 1946-njy ýylda degollçylaryň Soýuzy atly syýasy toparlanşyk döredi. Olar Fransiýada general Şarl de Gollyň diktaturasyny berkarar edip, birnäçe demokratik özgerişikliklere gös-göni garşy çykýardylar.

Olaryň iň ýigrenýän we tankyt edýän obýekti 1946-njy ýylda kabul edilen demokratik Konstitusiýasydy. 1945-nji ýylda birnäçe Garşylyk görkeziş hereketleriniň birleşmesi netijesinde ÝUDSR (Demokratiçeskiý i Sosialistiçeskiý Soýuz Soprotiwleniýa-Demokratik we Sosialistik Garşylyk görkeziş Soýuzy) emele geldi. Ol partiýanyň esasy daýanjy, orta we ownuk buržuaziýanyň wekilleri. Onuň lideri F. Mitteran, Fransiýanyň geljekki prezidenti. Uruşdan soň Radikallaryň we radikal-sosialistleriň Respublikan partiýasy täzeden öz hatarlaryny dikeltdi. Onuň görnükli lideri Pyr Mendes-Frans telim gezek fransuz hökümedine ýolbaşçylyk edipdi.

Olardanbaşga-da Fransiýanyň syýasy arenasynyň çep ganatyny fransuz işçileriniň partiýalary tutýapdylar. Olaryň iň täsirlisi Fransiýanyň Kommunistik partiýasydy. Şu partiýanyň abyraýy gitlerçilere we "Wişiniň oýnawaç' hökümedine garşy göreşlerde has hem ýokary galdy.

Garşylyk görkeziş hereketinde 70 müňden hem gowrak kommunist öz janyny pida etdi. Uruşdan soňky parlament saýlawlarynda FNP 5 mln. hem gowrak saýlawçylar öz seslerini şu partiýa berip geldi. Şeýle diýmek, her dördünji saýlawçy FNP ses berýär diýildigidir. Fransuz işçileriniň ikinji bir partiýasy ol hem Fransiýanyň Sosialistik partiýasydyr. (FSP). Sosialistler, demokratlar we beýleki çerçi elementler hem arşylyk görkeziş hereketine aktiw gatnaşdylar. Olar gitler okkupasiýasy döwründe we soňky ýyllarda hem kommunistler bilen hyzmatdaşlyk edýärdiler. Şonuň üçin olar hem parlament saýlawlarynda beýleki demokratik güýçler bilen bilelikde 4,4,5 mln. saýlawçylaryň seslerini almagy başardylar. Seýle ýagdaýda şu güýçleriň bilelikde hereket etmekleri netijesinde 1946-njy ýylda iň demokratik Konstitusiýa kabul edildi.

## *III*

Uruşdan soňky Fransiýada başga problemalar bilen birlikde täze Konstitusiýany kabul etmek meselesi durýardy. Şu mesele ransiýadaky cagçy we çerçi güýçleriň dowamly çekeleşmegine getirdi. Cepçi güýçler uruşdan soňky Eransiýa has demokratik ýurt bolmaly diýse, sagçy elementler 1875-nji ýylyň onstitusiýasyna ýüzleýje üýtgeşikleri girizip oňmaly diýýädiler. 1875-nji ýylyň Konstitusiýasy we Üçinji Respublika gitler Germaniýasy Fransiýany1940-njy ýylda okkupirländen soň syndy. Indi Täze Konstitusiýany işläp taýýar etmelidi. Şu Kohstitusiýanyň taslamasyna telim gezek referendum (ählihalk ses berişligi) geçirildi we 1946-njy ýylyň oktýabr aýynyň 13-e kabul edildi. Ähli syýasy bilermenleriň tassyklamalaryna görä, şu Konstitusiýa Fransiýanyň taryhynda iň demokratik Konstltusiýa bolupdyr.

Şu Konstitusiýa söz azatlygyny, wyždan, aýallaryň erkekler bilen deň hukuklylygyny, profsoýuz birleşmelerini, iş taşlaýyş

hukuklaryny sözüň doly manysynda häzirki siwilizasiýanyň ähli azatlyk görnüşlerini kepillendirýär. 1946-njy ýylyň Konstitusiýasy boýunça ýurtda iň ýokary kanun çykaryjy organ ähliumumy, göni, deň we gizlin ses bilen saýlanýan Milli ýygnakdyr (parlament). Sol Konstitusiýanyň 1 maddasynda şeýle diýilýär: "Fransiýa bölünmez, dünýewi, demokratik we sosial respublikasydyr". Konstitusiýa boýunça döwletiň başynda 7 ýyl möhledi bilen saýlanýan prezident durýar. Prezidenti parlament saýlaýar. Prezident diňe bir gezek täzeden saýlanyp biler. Prezident Reaspublikanyň ýaragly güýçleriniň baş komanduýuşisidir. 1946-njy ýylyň noýabr aýynyň 10 -na Fransiýada täze kabul edilen Konstitusiýanyň esasynda parlament saýlawlary bolup geçdi. Şol saýlawlarda birinji orna FKP çykdy. Oňa saýlawçylaryöz seslerini berdiler, ol 286% paramente 169 deputat geçirip bidi. Ikinji orna MRP partiýasy çykdy. Oňa saýlawçylaryň 5 mln. sesleini berdiler. Ol 26,3% bolup deputatlyga 163 adam geçirdi. Üçiji orna FSP çykdy. ňa saýlawçlaryň 3,5 mln. öz seslerini berdiler

Bu bolsa ähli sesleriň 18% tutu, parlamente 101 deputat geçirip bildi. Şeýlelik bilen üç sany çepç partiýalar uly üstünlikler gazandylar. Parlament saýlawlaryndan soň FSP lideri Leon Blýum täze höküediň sostabyny düzdi. Emma tiz wagtdan Leon Blýum otstawka gidip, onuň ýerine sagç sosialist Ramadýe geldi. Şu hökümetde FKP lidei Moris Torez wise-premýerlik wezipesini eýeledi. Romadýeniň hökümedi koalision (ähli partiýalaryň wekillerinden ybarat) hökümetdi. Oňa 9 sosialist, 5 kommunist, 5 MRP agzasy, 3 radikal, 2 ÝUDSR we 2 "Özbaşdaklar" girýärdiler. Emma fransuz hökümetleri hiç stabil (durnukly) däldi. Olaryň arasynda mydama özara dawalar bolup duranlygy sebäpli 1945-nji ýldan 1958-nji ýyl aralygynda 25 hökümet çalyşdy. Olar biri-birlerinden tapawutlanmaýardar. Şeýagdaýda 1956-njy ýyyň ýanwar aýynyň 2-de Milli ýygnaga Täze saýlawlar geçirildi. Şonda saýlawçylaryň aglaba köpüsi öz seslerini çepçi partiýalara bediler. Çepçi partiýalar 11mln. ses aldylar, sagçylar bolsa 9 mln. Iň köp ses alan çepçi partiýalaryň biri FKP boldy.

(5 mln.600 müň) we 150 mandat, sosialistler (3mln 170 müň) we 94 mandat (ýer, orun) aldylar.

1956-njy ýylyň ýanwar aýynyň 31-de FSP lideri Gi Molle hökümet düzdi. Çepçi partiýalaryň goldamagy netijesinde Gi Molle birnäçe progressiw reformalary amala aşyrdy. Olardan iň esasylary: işçileriň we gullukçylaryň zähmet rugsady 3 hepdä ýetirildi, inwalidlerlň we garry adamlaryň pensiýalary köpeldildi, işçileriň aýry-aýry kategoriýalarynyň aýlyklary ýokary galdy. Emma Gi Molleniň hökümedi soňra her hili bahanalar bilen reformalary geçirmegi bes etdi. Ony kommunistler hem gollanmany goýdular. Reaksion partiýalar hökümedi her hili bahanalar bilen tankyt astyna aldylar. Ylaýta-da oňuň daşary we kolonial syýasatyny gowşak we perspektiwasyz diýip hasap edýärdiler. Şeýle ýagdayda 1957-nji ýylyň maý aýynda Gi Molle otstawka gitäge mejbur boldy. Ýene-de reaksion partiýalar öz aralarynda gepleşik geçirip häkimiýete de Golly çagyrmaly etdiler.

## Fransiya 1958-1969 ýý.

### *I*

Mälim boluşy yaly 1958 ýň tomusynda häkimiyet başyna generel Şarl de Goll gelipdi. De Gollyň V Respublika ýolbaşçylyk eden ýyllarynda Fransiya ykdysady we sosial taýdan uly üstünliklere eye boldy.

Fransiyada çalt templer bilen ylmy-tehniki rewolyusiya ösmegini dowam etdirýärdi. Ylym köp babatda senagatyň, ulagyň, oba hojalygyň ösüşini kesgitleýän esasy önümçilik güýji boldy. Ylmy-tehniki rewolyusiya senagat ösüşiniň templeriniň ösmegine getirdi. 1958-1968-nji ýyllar aralygynda senagat önümçiliginiň göwrümi 60 %-den gowrak köpeldi. Daşary söwedanyň göwrümi 3-4 esse ösdi. 1965-nji ýyla çenli Fransiya ABŞ bolan bergilerini üzdi we yene-de kreditor döwleti boldy.

Fransus senagatynyň tehniki enjamlyşdyrmaklygy has artdy. Ägirt serişdelerri harç edip, hökümet atom we raketa

senagatyny döretdi. Senagatyň wajyp pudaklary bolan himiki, awiasion pudaklary rekonstruirlenildi.

Senagatyň dürli pudaklary deň ösmeýärdi. Nebit, himiki, awtomobil, awiasion senagatlarynyň paýy kömür, deri, agaç işleýji pudaklarynyň hasabyna köpeldi.

Konweýyer önümçiligi we kredite satuwyň giňden yaýramagy awtomobilleri, holodilnikleri, telewizorlary, kir yuwujy maşinlary köpçülikleýin ulanylyş harytlaryna öwürdi.

60-nji ýyllarda Fransiyada ýylda 3 mln. golaý awtomobil öndürilýärdi, 1972-nji ýylda bolsa Fransiyada 30 mln. radiopriyomnikler we 12 mln. telewizorlar bardy. Muňa garamazdan, zähmetkeşleriň yagdaýy örän kyn bolmagyna galyardy. 4 mln. zähmetkeşleriň aýlyk haklary aýda 400 srr. köp bolman, zordan SMIG-yň derejesine etýärdi. Iş hepdesiniň orta dowamlygy 46 sagat bolsa-da, zähmetkeşleriň köpüsi 50-55 sagat, kä wagt bolsa hepde-de 60 sagat hem işlemeli bolyardylar.

Ykdysadyyetde döwlet- monopolistik tendensiyalary güýçlenýärdi. Hökümet yzygiderli tehniki we maliye-ykdysady we sisial ösüşiniň planlaryny kabul edýärdi.

1967-nji ýylda senagat önümçiliginiň 10-11 % berýän milli sektorynyň kärhanalaryny döwlet maliyeşdirýärdi.

Ägirt döwlet subsidiyalary täsir has hem artyar iri monopoliyalara berilýärdi. 25 iri finans toparlary ähli fransus ykdysadyyetini özlerine tabyn etdiler.

Fransus ykdysadyyetinde görnükli roly daşary yurt kapitaly oýnayardy. Onuň paýyna senagat we söwda kapital goyumlarynyň 10% golaýy gelyardi.Has hem görnükli bolup senagatynyň iň täze pudaklaryna gönükdirilen ABŞ we GFR-nyňmaya goyunlary çykyş edýärdi. Şeýle, radioelektronokada amerikan kapitaly 60%, nebit senagatynda –36% we iýmit senagatynda- 30% düzýärdi.

Ylmy-tehniki rewolyusiya we senagat önümçiligiň masştablarynyň giňemegi oba hojalygyň industrializasiyalaşdyrmagyny we öndümligini artdyrmagyny çaltyşdyrdy. Iri kapital goyumlarynyň we zähmet önümçiliginiň

ösmegi netijesinde oba hojalyk harytlarynyň önümçiligi 10 ýylda 66 % ösdi.

Fransiya ABŞ-dan soň ikinji iýmit eksporty boldy.

Emma ylmy-tehniki rewolyusiya synpy gapla-garşylyklary yok etmedi. Senagatyň ösmegi kärhana eyeleriniň girdeýjileriniň köpelmegine getirsede, zähmetkeş halkyň durmuş yagdaýy örän hayal gowulaşýardy. Şeýle 1958-nji ýylda 1964 –nji ýyllar aralygynda 500 iri minipoliyalarynyň girdeýjisi 70% köpeldi. Nominal aýlyk haky bolsa 32 % köpeldi, emma bahalar –42 % ösdi. Oba hojalygynyň industrializasiyalaşdyrylmagyndan esasy peýdany iri kapitalistik fermalar alyardy. Hojalyklarynyň 90 % düzýän “maşgala fermalaryň” yagdaýy bolsa örän kyn bolmagyna galyardy.

Hojalygy ýöretmek üçin gerek bolan serişdeleriniň etmezçiligi, maýda fermalary yok etmege gönükdirilen hökümetiň syyasaty, “Umumy bazar” döwletleri tarapyndan bolan konkurensiya maşgala fermalarynyň 60 % girdeýjisiz bolmagyna getirdi. Köp daýhanlar şäherden iş gözlemäge mejbur bolyardylar. Her ýyl obany 150 müňe golaý adam taşlap gidýärdi.

10 ýylyö dowamynda 44,5 mln. dan 50 mln. yeten ilatyň synpy strukturasynda hem üýtgeşler bolup geçdi. Esasy sosial güýç bolup işçi klas çykyş edýärdi.

Oba hojalyk, ulag, aragatnaşyk işçileri bilen birlikde alanyňda, fransuz işçiler synpy 70-nji ýyllaryň başynda 9-10 mln. adama etdi.

Fransiyanyň oba hojalyk ilaty kem-kemden azalyardy. Bäşinji respublikasynyň döwründe ol tas iki esse azaldy we aktiw ilatyň 12 % düzýärdi.

Fransiyanyň aýratynlyklary bolup ilatyň maýdaburžuaz gatlaklarynyň: senetçileriň, söwdagärleriň, maýda kärhanalarynyň eyeleriniň agdynlyk etmegi bolup duryardy. Bu pudaklarda 5 mln. dan gowrak adam işleýärdi. Soňky ýyllarda önümsiz sferalarda (söwda, döwlet apparaty, ylym, bilim) meşgul bolan adamlaryň sany has artdy we 2,5 mln. etdi. Intellegensiyanyň sany hem üç esse köpeldi. Jemi önümsiz

sferada meşgul adamlaryň sany ilatyň 1/3 bölegini düzýärdi. Ilatyň bu toparlatynyň esasy bölegi hakyna tutma zähmetiň işçileri bolup duryardylar. Monopolistik kapitaly tarapyndan bolan ekspluatasiya olary işçiler bilen yakynlaşdyryardy.

Şeýlelikde, işçiler synpynyň daşynda ilatyň orta gatlaklarynyň antimonopolistik birikmegini üçin amatly şertler döreýär.

Umuman aýdanymyzda Bäşinji Respublika döwründe Fransiyanyň sosial ykdysady yagdaýy, onuň ösüşi ylmy-rewolyusiyaň dowam etmegne, 1958-68 ýyllar aralygynda onuň yagdaýynyň, senagat pudaklarynda, ykdysadyyetde we başgalarda üýtgän, sanynyň tapawut edyäni şunyň netijesi bolup duryandyr.

***1.Bäşinji Respublikasynyň krizisi.***

Aljir urşunyň gutarandan soňra, fransus syyasy arasynda güýçleriň yerleşişi bir näçe üýtgedi. Synpy we syyasy göreş täzeden güýçlendi. Zähmetkeşler öz durmuş yagdaýlarynyň gowulandyrylmagyny, demokratik hukuklaryny talap edýärdiler.

Häkimiyet lagerinde düýpli näsazlyklar ýüze çykyar. De Gollyň hökümetine garşy oppozisiya döreýär.

Oppozisianyň ýeten üstünlikleri Bäşinji respublikanyň hökümetiniň meşhurlygynyň ýitýänligini görkezýärdi. Ilatyň giň massalary öz ýagdaýlaryndan närazydyklaryny has aktiw beýan edip başlaýarlar. Nominal aýlyk hakynyň köpelmegi köp halatda bahalaryň we salgytlaryň ösmegi bilen basylýardy.Ŷurtda işsizlik köpelýär

## Fransiýa 1969-2010 ý.

# I

General Şarl de Gollyň fransuz jemgyýetini üýtgetmek hakyndaky refopmasy 1969-njy ýylyň aprel aýyndaky referendumda 52% garşy ses alyp kabul edilmedi. Prezident de Gollşol maglumaty alan dessine özüniň otstawka gidýändigini yglan etdi. Onuň otstawka gitmegi Fransiýada V Respublikanyň taryhynyň esasy etabynyň tamamlanýandygyny aňladýardy. Şondan soňra "gollizmden soňky döwür" adyny alan täze etapyň başy başlandy. 1969-njy ýylyň iýun aýynda täze prezident saýlawlary bolup geçdi. Şol saylawlarda ÝUNR ("Soýuz w zaşitu nowoý Respubliki" - "Täze Respublikany goramak Soýuzy") partlýanyň wekili de Gollyň hökümediniň preýer-ministri Žopž Pompidu saýlandy. Prezident Pompidu de ollyň syýasatyny dowam etdirip bilmedi. 1971-nji ýylda Pompidu bilen Brežnewiň arasynda ransiýa bilen SSSR-iň söwda -maliýe -ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmek barada dokumente gol çekdiler.

1974-nji ýylyň maý aýynda Fransiýada täze prezident saýlawlary bolup geçdi.
(1974-nji ýylda Pompidu aradan çykdy.) Prezidentiň wezipesine esasan iki lider bäsleşýärdiler. Olaryň birinjisi "Garaşsyz Respublikaçylaryň milli federasiýasynň" lideri, ozalky malie we ykdysady ministr Waleri Žiskar d' Estendi, ikinji bolsa FSP lideri we çepçi güýçleriň bilelikdäki kandidaty Fransya Mitterandy. Saýlaw iki turda geçirildi. Birinji turda prezidentlige kandidatlaryň hiç haýsy sesleriň köplügini gazanyp bilmediler. Ikinji tupda Žiskar d' Esten 13.214,648 ses aldy. (50-71%) we prezidetlige saýlandy. F. Mitteran bolsa 12.842.634 ses aldy. (49,28% ). Žiskar d' Esten Fransuz Respublikasynyň 20-nji prezidentidi.Gollistler we "Garaşsyz Respublikaçýlar" biri-birlerini ýiti tankytlaýardylar.

## *II*

Fransiýada 1981-nji ýylada täze prezident saýlawlary geçmelidi.Şu syýasy göreşe hemme partiýalar we ýetçilik guramalary aktiw taýýarlyk görmäge başladylar.Prezidentiň wezipesine esasan 4 sany lider bäsleşýärdi. Olar şulardan ybaratdy: FSP lideri F. Mitteran, FKP lideri Ž.Marşe, ÝUDR (de gollyçyl
aryň partiýasy) lideri Ž Şirak we SFD (Soýuz za fransuzskuýu demokratiýu-Fransuz demokratiýasy üçin birleşik) lideri Žiskar d'
Esten. Saýlawyň öňi syrasynda liderleriň hemmesi öz programmalaryny beýan edip başladylar.

Mitteran öz platformasynda - programmasynda eger pprezidentlige saýlansa Fransyýadaky ähli iri monopoliýalary, banklary millileşdirjekdigini, giň sosial reformalary geçirjekdigini mälim etdi. Marşe öz programmasynda 130 teklibi öňe sürdi. Şolaryň iň esasylary: ähli iri senagatlary, banklary, strahowoý kompaniýalary millileşdirjekdigini, işçileriň, gullukçylaryýlyklaryny we öp çagaly maşgalalara posobiýalaryň köpeldiljekdigini aýdýardy. Ž. Şirak bilen Ž. d' Esten bolsa öz programmalarynda, Fransiýany mundan hem ýokary galdyrjakdyklaryny gar edýärdiler. 1981-nji ýylyň aprel agtymguly aýlawlary iki turda geçirildi.

Birinji turda prezidentlige kandidatlaryň biri hem sesleriň köpligini alyp bilmediler. Mitteran seslerlň 28, Ž. d' Esten 26%, Sirak 18%, Marşe15,35% aldular. 1981-nji ýylyň maý aýynyň 10-da ikinji tur geçirildi.FKP ikinji turyň öň ýanynda özüniň ýüzlenmesinde, kimde-kim birinji turda öz sesini Marşe beren bolsa indi şony Mitterana bersin diýildi. Ikinji turda Mitteran sesleriň 52% alyp prezidentlige saýlandy.

Hemmeleriň boýun almagyna görä kommunistleriň sesi bolmasa Mitteran saýlanyp bilmezdi diýýärler.Şundan ň parlament bilen täze saýlanan prezidentiň arasynda konflikt

başlandy. Prezident -sosialist reaksion derutatlar bilen işläp biljek däldi.

Prezident Mitteran parlamenti dargadyň 1981ý. 14|VII täze saýlawlary belledi. Ene-de fransiýada syýasy göreşler tutaşdy. Sagçy buržuaz partiýalar prezident saýlawlaryndaky ýeňilenlerine ahmyr edip, parlement saýlawlaryna ykjam taýýarlyşlary görüp başladylar. Olar Mitterana garşy her hili garalyklary (kompramatlary) gözleýärdiler. Emma,ene-de sosialistler bilen kommunistler öz aralarynda dil tapyp, çençi güýçileriň programmasyny işläp düzdiler. Sosialistler kommunistleriň kömegi bolmasa parlament saýlawlarynda, eňip blmejekdiklerine gözlerini ýetirdiler. Parlement saýlawlary Sosialistler üçin şowly we üstinlikli geçdi. FSP sesleriň 37,5% (285 orun), FNP-16%. Sagçy buržuaz partiýalar öňki pozisiýalaryny kem-kemden elden giderip başladylar. Sosialistler hatda bir partiýaly hökümedene düzüp biljekdiler. Emma olar kommunistlere hökemediň sostawyna girmegi telip etdiler. Kommunistler bu teklibe razy bolup 4 sany ministrlik postyny eýelediler. Mitteranyň teklibi esasynda. Sosalist Per Morua, öňki Lill şäheriniň meri premer-ministr bolup tassyklandy. Ol iň esasy ministrlik postlaryna sosialistleri belledi. Kommunisler bilen çençi radikallar ininji derejeli postlary eýelediler. Kommunistler we WNT (prafsoýuz birleşmesi ) Sosialisleriň hökümedini we olaryň geçirýän çärelerini goldaýarlar. Çençi günleriň hökümedi 1983 aprelinde pensiýalar barada köpleriň sabyrsyzlyk bilen garaşýan kanunyny yglan etdi Täze kanun boýunça indi işçiler we gullykçylar önki ýaly 65 ýaşdan dälde, 60 ýaşdan pensiýa çykmak hukugyny gazandylar. Ýäne ýökarlandyrylan pensiýany diňe kärhanalarda we edara organlarynda 37,5 ýyl işlän adamlar alyp bilýärdi. Sosialistler prezident we parlament saýlawlaryndaky, wadalaryny ýerine ýetirip başladylar.

1. ***Fransiýada 1mlrd.fr. bar bolan ähli banklar millileşdirildi.***

Şu kanun boýunça Rotşildleriň bannir öýi uly zyýan çekdi. Şu kanun boýunça ýurdany ähli uly bannlar millileşdirildi .Indi

ähli kredit sistemasynyň 95% hökümediň eline geçdi. Şeýle ýagdaý başga bir ýurtda ýok.
2.Ýurtdaky iň uly 11 sany monopolistik birleşmeler millileşdirildi. Şolaryň arasynda himiýa metallurgiýa, awiasiýa we ş.m. kärhanalar bardy. Şol kärhanalarda ähli işçileriň 24% işleýärdiler. Şeýle etmek bilen Moruanyň hökümmedi döwlet sektoryny ýene-de ep-esli köpeltdi.

Sosial meseleleri babatynda bolsa hökümet işçileriň aýlyklaryny we posobiýalaryny 25den 50% -e çenli köpeltdi. Pensiýanyň iň azy 250 fp. bolmaly edildi. Işçiler 5- hepdelik tölenýän otpuskalary we 39 sagatlyk iş hepdelerini gazandylar. Profsoýuzlaryň hak-hukuklary giňeldildi. Uly baýlyga eýe bolýan graždanlaryň 110 müňisi ýokary naloglary tölemeli edildi. Ölüm jezasy ýatyryldy. Hökümet ýerli saýlawly organlaryň hukugyny köpeltdi, depertamentlerde desentralizasiýa (ýerli häkimiýetleriň hukugyny köpeltmek) syýasaty ornaşdyryldy.

Şu geçirilen çäreler Fransiýany mundan beýläk hem ykdysady we sosial taýdan ösdürmelidi. Emma Moruanyň hökümedi ýokarda görkezilen çäreleriň birnäçesini amala aşyryp bilmedi. Sebäbi ransiýanyň ysdysadyýeti, söwda-maliýe aktiwligi pese düşdi. Ykdysadyýet 1,5% ösüşe baryp ýetdi. Şeýle ýda 1984-nji ýylyň iýun aýynda Morua otstawka gitmäge mejbur boldy. Premýer ministriň wezipesini FSP birinji sekretary (1992 ý) Loran Fabius eýeledi. Kommunistler hümetden çykdylar Şu  ýagdaýda 1986-njy ýylda Fransiýada täze parlament saýlawlary geçirildi. Buržuaz partiýalar ýene-de Ž. Şiragyň ýolbaşçyygynda hökümet başyna geldiler. Şirak sosialistleriň birnäçe geçiren çärelerini gaýtadan seredip iri kapitalyň pozisiýalaryny ep-esli berkitdi. Ondan banjy ýylda parlament saýlawlaryndan soň Mitteranyň otstawka gitmegini talap edip başlady.

1988-nji ýylda Fransiýada täze prezident saýlawlary geçmelidi. Sagçy partiýalar, birinji nobatda neogollistler (täze gollistler, lideri Žak Şirak) öňki prezident we parlament saýlawlarynda ýeňilendkleriniň ahmyryna şowhunly propoganda işine başladylar. Olar Žak Şiragyň

kandidaturasynyň daşyna jebisleşdiler. Onuň tersine çepçi partiýalar bolsa ýene-de Mitteranyň kandidaurasyny öňe sürdüler. 1988-nji ýylyň maý aýynda ikinji turda Mitteran salawçylaryň sesleriniň 52% aldy, Şirak bolsa 46%. Şeýlelik bilen F. Mitteran ikinji 7 ýllyk möhlete prezidentlige saýlandy. Reaksion toparlar ýeňildi.

Prezident Mitteran 1988-nji ýylyň iýun aýyna täze parlament saýlawlaryny yglan etdi. Ol 1986-njy ýylda saýlanan parlament bilen işläp biljek däldi, sebäbi onda reaksion deputatlar köplükdi, agdyklyk edýärdiler. Wagtyndan öň geçirilen parlament saýlawlarynda FSP-37,5% sesi, sagçy partiýalar bilelikde 40,5% sesi, FKP-11,3% sesi aldylar. Şu saylawda has reaksion toparlar bolsa 9,8% ses aldylar.Mitteran täze hökümet düzmegi FSP lideri Mişel Rokara tabşyrdy. Rokar birnäçe ministirlik wezipeleri oppozisizýada duran partiýalaryň wekillerine tabşyrdy. Şeýle etmek bilen Mtteran we okar ýurtda durnukly hökümet döretjek bolýardylar. Sebäbi FSP parlament saýlawlarynda uiy üstünliklere eýe bolup bilmedi. Rokaryň hökümetl özüniň esasy wezipesi diýip Fransiýany ykdysady tarapdan ösdürmegi 1-nji wezipe diýip düşünýärdi. Ol informasiýa garşy, işsizligi ýok etmek üçin birnäçe ädimleri etdi. 1997-nji ýylyň maý - iýun aýlarynda Fransiýada wagtyndan öň parlament saýlawlary geçirildi. Saýlawlarda çepçi partiýalar -sosialistler kommunistler we çepçi radikallar sesleriň we parlamentdäki ýerleriň absolýut köplügini gazandylar. Neogollistleriň we beýleki buržuaz partiýalar uly ýeňilişe sezewar boldylar. FSP lideri Žospen neogollist Alen Župpeniň ýerine premýer-ministr bolup geçdi.

Žospeniň hökümedi koalision hümet. Onuň sostabynda 3 kommunist, 3 radikal-sosialist bar.

## *III*

Mälim bolşy ýaly, Fransiýa iň ýokary ösen industrial döwletleriň hataryna girýär. Onuň halkara abyraýy hem ýokary. Fransiýada ýasy güýçleriň birňäçe toparlary ony ýene-de NATO saljak bolup jan edýärler. Emma ilatyň we işewür

toparlaryň aglaba köpüsi Fransiýanyň ähli ýurtlar bilen gowy gatnaşyklarda bolmagyny talap edýärler. Fransiýanyň daşary syýasatynda elmydama SSSR uly orun tutýardy. 1970-nji ýylda Fransiýa bilen SSSR syýasy konsultasiýalar baradaky Protokola, 1971-nji ýylda şşş bilen Fransiýanyň hyzmatdaşlyk Prinsipine ,1975-nji ýylda Sowet Sýuzy bilen Fransiýanyň arasyndaky doctlugy we hyzmatdaşlygy ösdürmek baradaky dokumentlere gol çekildi.

1977-njiýylda bolsa SSSR bilen Fransiýa ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk baradaky deklarasiýa golçekdiler. F.Mitteranyň prezidentlik eden ýyllarynda (1981-1995ý.) Fransiýa bilen SSSR -iň arasy has hem gowylaşdy. Mitteran Sowet Soýuzyna 9 gezek döwlet wiziti bilen gelip, SSSR-iň prezidenti Gorbaçýew bilen onlarça protokollara we dokumentlere gol çekdiler. 1983-nji ýylda SSSR bilen Fransiýanyň arasynda ylym we tehnika barada 10 ýyllyk programma (1983-1993ý). Ondan başga-da, söwda-maliýe işleri barada köp dokumentlere gol çekildi. 1983-nji SSS bilen ransiýanyň arasyndaky söwda 28 mlrd.fr.ýetipdir.

Fransiýa beýleli ýokary ösen kapitalistik ýurtlar ýaly neokolonialistik döwlet. Fransiýa Afrika kontinentine uly üns berýär. Diňe bir ÝUAR (Günorta Afrika soýuzynda) 120 fransuz kompaniýalary hereket edýäler. Şol ýurtda Fransiýanyň 23 sany uly banklary kredit işlerini amala aşyrýarlar. Fransiýa Afrika ýurtlarynyň birnäçesinde öz goşunlaryny saklaýar. Häzir Fransiýanyň daşynda 87 müň fransuz soldatlary we ofiserleri gulluk edýärler. 1989-1990-njy ýyllarda "mahmal rewolýusiýasyny" Fransiýa ähli ýollar bilen gollady. Birinji nobatda maliýe kömegi bilen. "Mitteranyň plany" esasynda Ýewropada uly bank açyldy. Onyň esasy maksady Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň ykdysadyýetini bazar ykdysadyetine öwürmek üçin döräpdir.Şol bank dürli reformalary goldap çykyş edýär.Fransiýa şol ýurtlarda öz poziçiýalaryny berkitmäge çalyşýar.Fransuz Respublikasy özüniň daşary syýasatynda Türkmenistana aýratyn üns berip gelýärdi. 1996-njy ýylda Fransiýa bilen Türkmenistan resmi suratda Aşgabatda we Parižde öz ilçihanalaryny açdylar.Şondan soňky ýyllarda

aragatnaşyk has hem ýygjanlaşdy. 1993-nji ýylda Türkmanistanyň Prezidenti S.A.Niýazow Fransiýa resmi wizit bilen bardy. 1994-nji ýylda bolsa Fransiýanyň Prezidenti F.Mitterant jogap wizitini amala aşyrdy. 1995-nji ýylda Prezident S.A.Niýazow ikinji jahan urşunyň Yewropada gutarmagynyň elli ýyllyk ýubileýine gatnaşdy.Soňra bolsa, 1996-njy ýylda Prezident Şirabyň çagyrmagy boýunça Türkmenistanyň Prezidenti S.A.Niýazow Fransiýa resmi wizit bilen bardy.

Ýokarda görkezilen döwletara gatnaşyklary iki ýurduň arasynda ykdysady, syýasy, medeni hyzmatdaşlyklara giň ýol açdy.Meselem "Buýg" kompaniýasy Türkmenistanyň köp ýerlerinde gurluşyk işlerini alyp barýar.Olar metjitler we köşkler we häzirki zaman talabyna laýyk myhmanhanalary gurýarlar.Fransuz firmasy "Tomson" Türkmenbaşy şäherindäki aeraporty modermizleýär.Firma "Tehnik" bolsa nebiti gaýtadan işleýän zawody rekonstrirleýär. Fransiýanyň mugallymlary, biznesmenleri, žurnalistleri, turistleri ýygy-ýygydan Türkmenistana gelip başladylar. Türkmen -Fransuz gatnaşyklarynyň geljegi örän uly diýip, Fransiýanyň Türkmenistandaky baş ilçisi Iw Bargen 1992-nji ýylyň iýul aýynyň14-i gününde Türkmen Press agentligine beren interwiýusynda aýdýar.Fransiýada 1995-nji ýylyň aprel - maý aýlarynda, täze Prezident saýlawlary bolup geçdi.

Göreş iki dalaşkärleriň arasynda, ýagny OPR-respublikany goldamagyň birleşigi bilen (bu partiýa neogollist Žak Şiragy öňe sürýärdi). FSP (Fransiýanyň sosialistik partiýasynyň bu partiýa öz lideri Žospeni goldaýardy) tutaşdy.Saýlawlaryň ikinji tapgyrynda Ž.Şirak sesleriň köplügi bilen Prezidentlige saýlandy. Ol 2002-nji ýylda ýene-de bir möwrite Prezidentlige saýlandy.

Şeýlelik bilen neogollistler (täze gollistler, ýagny general de Gollyň ideýalary bilen terbiýelenen syýasy toparlar) häkimiýet başyna geldiler. Neogollisler birinji nobatda ýurduň sosial-ykdysady problemalary bilen çaknyşdylar.Olar döwletiň roluny, ýagny hökümetiň ryçagyny, giň ulanmaly diýip ündew edýärdiler.Edil general de Gollyň ýurduň sosial-ykdysadyýetini

ösdürmek täze bäş ýyllyk meýilnamalaryny düzýärdiler. Şol meýilnamalar esasynda Fransiýa özüniň ykdysady ösüşinde uly üstünlikler gazandy.Fransiýa senagat önümi mukdary boýunça Angliýadan öňe geçdi we dünýäde dördünji orny eýeledi. Häzir Fransiýa XI-XII bäş ýyllyk meýilnamalary üstünlikli tamamlaýar.
(1993-1997 we 1998-2003ý).

Fransiýa – Günbatar Ýewropada ýerleşen döwletdir. Belgiýa, Lýuksemburg, Germaniýa, Şweýsariýa, Italiýa, Ispaniýa bilen serhetleşýär. Tutýan meydany 547 müň km$^2$ (dünýäde 47-nji ýerde) bolup, ol Ýewropa Bilelesiginiň in uly ýurdudyr. Ilaty 2008-nji ýylyň maglumatlary boýunça 64,5 million adam (dünýäde 20-nji ýerde).

Fransiýa gadymy taryhly ýurt. Gadymy döwürlerde gall we iber taýpalary ýurduň çäginde ornaşypdyrlar. B.e.öň I asyrda Ýuliý Sezaryň alyp baran Gall uruşlarynyň netijesinde Fransiýanyň çäkleri Galliýa welaýaty hökmünde Rim imperiýasynyň düzümine birikdirilipdir. 486-njy ýylda Galliýa Hlodwigiň baştutanlygynda franklar tarapyndan eýelenýär. Merowingler şanesliniň başda durmagynda Frank döwletiniň düýbi tutulýar. X asyrdan başlap ýurt Fransiýa diýlip atlandyrylyp başlapdyr. Fransiýany Orta asyrlarda Karolingler, Kapetingler, Walua, Burbonlar nesilşalyklary dolandyrýar. 1789njy ýyldaky Beýik Fransuz rewolýusiýasynyň netijesinde ýurtda monarhiýa gurluşy agdarylýar. Fransiýanyň taryhynda şu wagta çenli bäş sany Respublika dowam etdi. Olaryň ilkinjisi 1792-nji ýylda esaslandyryldy. Napoleonyň häkimiýete gelmegi bilen ýurtda monarhiýa düzgüni gaýtadan dikeldildi. 1848—1852-nji ýyllarda ýurtda II Respublika dowam etdi. II we III Respublikalaryň arasynda ýenede monarhiýa düzgüni dikeldildi.

Fransiýanyň taryhyndaky bäş Respublikanyň arasynda iň uzak dowam edeni III Respublika bolup, ol 1870—1940-njy ýyllarda ýurdy edara etdi. 1940-njy ýyldaky Kompýen ylalaşygyna laýyklykda Fransiýanyň demirgazygy faşistler tarapyndan basylyp alyndy. 1940—1944-nji ýyllarda ýurduň günortasynda Wişi şäherinde Peteniň hökümeti dowam etdi.

1944-nji ýylda Fransiýa faşistlerden azat edildi. 1946—1958-nji ýyllarda Fransiýada dördünji Respublika dowam etdi. 1958-nji ýyldan bäri Fransiýada bäşinji Respublika dowam edýar. Fransiýanyň taryhyndaky meşhur taryhy sahs Şarl de Goll Bäşinji Respublikanyň ilkinji Prezidenti boldy.

Fransiýa demokratiýa babatda Ýewropa döwletleriniň arasynda öňe saýlanan ýurtdur. Köp partiýalylyk Fransiýanyň syýasy ulgamynyň häsiýetli aýratynlyklarynyň biridir. Ol bu ulgamyň nusgawy ýurdudyr. Syýasy güýç hökmünde Fransiýada sosialistleriň täsiri uludyr. Olaryň lideri Fransua Mitteran 1981—1995-nji ýyllarda Fransiýanyň Prezidenti boldy. 1976-njy ýylda sagçy ugry goldaýan partiýalar «Respublikany goldamak bileleşigi» atly bileleşigi döretdiler. Bu bilelesik Golluň syýasatynyň tarapdarlarydy. Olaryň öňbaşçysy Žak Şirak 1995—2007-nji ýyllarda ýurduň Prezidenti boldy. Fransiýada 2007-nji ýylyň baharynda geçirilen prezident saýlawlarynda sagçylaryň 52 ýaşly öňbaşçysy Nikolýa Sarkozi ýeňiş gazandy. 2007nji ýylyň iýunynda ýurduň parlamentine saýlawlar geçdi. Ol saýlawlarda hem Nikolýa Sarkoziniň baştutanlygyndaky «Halk hereketi ugrundaky bileleşik» partiýasy ýeňis gazandy. Bu saýlawlardaky üstünlik N.Sarkozä öz öňe süren pikirlerini parlamentden geçirmäge mümkinçilik berýär, ýurtda syýasy durnuklylygyň saklanmagyna ýardam edýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen fransuz hyzmatdaşlygy dürli ugurlarda alnyp barylýar. Ýangyç-energetika pudagy iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Umuman alnanda, Fransiýa, aslynda tutus Ýewropa ýurtlary türkmen energiýa serişdeleriniň iberilmegine uly gyzyklanma bildirýär.[1]

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda türkmen-fransuz gatnaşyklarynyň hasam işjeňleşendigini

---

[1] Gurbangeldiýew J.,Türkmenistan-Fransiýa:hormatly Prezidentimiziň ilkinji resmi sapary iki ýurduň arasyndaky işjeň hyzmatdaşlyga täze badalga berer.//Türkmenistan,2010-njy ýylyň 30-njy ýanwary

bellemelidiris. Gysga döwrüň içinde iki döwletiň wekilçilikli toparlary birek-biregiňkide saparlarda boldular. 2008-ji ýylyň 10-njy aprelinde hormatly Prezidentimiz Aşgabatda Ýewropa Bileleşiginiň “üçlüginiň” we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň derejesindäki geçirilen duşuşygyň çäklerinde Fransiýanyň daşary işler ministri Bernar Kuşneri kabul etdi. Ol Fransiýanyň Prezidenti Nikolýa Sarkoziniň iberen hatyny hormatly Prezidentimize gowşurdy. Hatda dostlukly döwletiň baştutany: “Biziň gatnaşyklarymyz öňden bäri dowam edýär. Men şol gatnaşyklaryň ähli sferalarda — syýasy, ykdysady we medeni ulgamlarda çuňlaşmagyny isleýärin. şeyle hem Fransiýa Siziň baştutanlygyňyzda Siziň ýurduňyzda reformalar ýolundaky amala aşyrylýan tagallalara ýardam etmäge taýýar» diylip nygtalýar. Söhbetdeşligiň netijesinde iki ýurduň arasynda hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde ýangyç-energetika, bilim we ylym, saglygy goraýyş pudaklary agzaldy. Taraplar talyplary alyşmak ulgamyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem pugtalandyrmagyň möhümdigini nygtadylar. Bernar Kuşner fransuz tarapynyň Parižde, dünýäniň iň uly muzeýleriniň biri bolan Luwrda Türkmenistanda tapylan täsin arheologik tapyndylaryň sergisini geçirmek baradaky teklibi beýan etdi. 1971-nji ýylda «Lukmanlar üçin serhet yok» atly meşhur halkara gumanitar guramasyny esaslandyryjylaryň biri bolan Bernar Kuşner iki ýurduň arasynda saglygy goraýyş ulgamynda hem hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleriniň uludygyny nygtady.

2009-njy ýylyň fewralynda Fransiýanyň ykdysadyýet, industriýa we iş bilen üpjünçilik ministrliginiň Baş Gaznaçylyk we ykdysady syýasat müdirliginiň direktory Siril Forženiň baştutanlygyndaky wekiliýet Aşgabatda bolup, ýurdumyzyň hökümetinde, Nebitgaz senagaty we mineral serişdeler, Ykdysadyýet we ösüş, söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliklerinde, şeýle hem Türkmenistanyň Merkezi bankynda we Döwlet daşary ykdysadyýet iş bankynda dusuşyklary geçirdi.

Fransiýanyň «Total», «GDF» nebitgaz kompaniýalary Hazaryň türkmen ýalpaklygyndaky uglewodorod serişdelerini

işläp bejermäge gatnaşmak isleýärler. “Tehnip” kompaniýasy Türkmenbaşy säherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodyň katalitik kreking desgasynyň gurluşygyny amala aşyrdy. Iki döwletiň gatnaşyklary medeni-gumanitar ulgamda hem işjeň dowam etdirilýär. Dehistanyň çägindäki Gökjükdepe ýadygärliginde 1994—1996-njy ýyllarda- bilelikde işlän türkmen-fransuz agtaryş topary birnäçe gymmatly maglumatlaryň üstüni açdy. Fransuz alymy Oliwýe Lekomtyň baştutanlygyndaky bilelikdäki türkmen-fransuz arheologiýa topary Kaka etrabynyň çägindäki Ulugdepe ýadygärliginde birnäçe ýyldan bäri gazuw-agtaryş işlerini alyp barýar. Fransuz alymlary Türkmenistanda geçirilýän halkara ylmy maslahatlaryna yzygider gatnaşýarlar. 2005-nji ýylda türkmen alymlary Fransiýada bolup. türkmen halkynyň taryhyna, medeni mirasyna dahylly golýazmalaryň ençemesiniň nusgasyny ata Watanymyza getirdiler.

Hormatly Prezidentimiz türkmen bazarynda üstünlikli işleýän fransuz kompaniýalarynyň ýolbaşçylaryny yzygiderli kabul edip, olara iň möhüm gurluşyklaryň taslamalaryny işläp düzmegi tabşyrýar. Gurluşyk ulgamynda dünýä belli fransuz kompaniýalary “Buig” we “VINCI” Türkmenistanda hem ägirt uly möçberli taslamalaryň amala aşyrylmagyna gatnaşýartar “Buig” Garassyzlygymyzyň ilkinji ýyllaryndan bäri özüni Türkmenistanyň ynamdar hyzmatdaşy hökmünde subut etmegi başardy. Onuň gatnaşmagynda Prezident köşgi, Ruhyýet köşgi, Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýi, Türkmen döwlet Çeperçilik akademiýasy, Magtymguly adyndaky TDU-nyň baş binasy, fizika we matematika fakultetiniň binasy, Buzly köşk, asma tanap ýoly, Sergi köşgi, ençeme banklaryň jaýlary, Gökdepedäki we Gypjakdaky metjitler we beýleki binalar guruldy. Häzirki wagtda “Buig” paýtagtymyzda kaşaň “Oguzkent” myhmanhanasynyň gurluşygyny güýçli depginde alyp barýar. Ýeri gelende ýatlasak, hormatly Prezidentimiz geçen ýylyň 29-njy dekabrynda yurdumyzyň diplomatik gullugyna halkara derejeli hünärmenleri taýýarlaýan Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň, Türkmenistanyň Milli sport we

syýahatçylyk institutynyň binalar toplumyny, şeýle hem "Halkbankyň" täze binasyny gurmak üçin Fransiýanyň "Buig" kompaniýasy bilen şertnama baglaşmaga rugsat berýän Kararlara gol çekdi. Fransiýanyň "VINCI" kompaniýasy hem Türkmenistanyň gurluşyk industriýasynda öz ornuny tapmaga synanýar. Dünýäniň dürli ýurtlarynda iş alyp barýan bu iri kompaniýanyň medeni-durmuş maksatly we senagat binalaryny, energetika, telekommunikasiýa ulgamynyň binalaryny gurmakda baý tejribesi bardyr. Hormatly Prezidentimiz 2009-njy yylyň 16-njy ýanwarynda, 2010-njy yylyň 18-nji ýanwarynda kompaniýanyň ýolbaşçylaryny kabul edende olara yurdumyzyň şähergurluşygy babatda ençeme möhüm taslamalaryň üstünde işlemegi teklip etdi.

Türkmenistanyň we Fransiýanyň ikitaraplaýyn netijeli hyzmatdaşlygynyň wajyp ugry hökmünde söwda-ykdysady aragatnaşyklarynyň okgunly häsiýetde giňelýändigini görkezmek bolar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda özlerini ygtybarly we durnukly hyzmatdaşlar hökmünde görkezen «Bouygues Construction», «Tales», «EADS» fransuz kompaniýalaryny mysal getirmek bolar. Fransiýanyň ykdysadyýet, senagat we ilatyň iş orunlary ministrliginiň daşary söwda boýunça döwlet sekretary Ann-Mari Idragyň Baştutanlygyndaky wekilçilikli toparyň gelmegi iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň ýyg-jamlaşmagyna goşmaça itergi berdi. Bu wekiliýetiň düzüminde iri fransuz kompaniýalary bolan «GDF Suez», «Orange», «France Telecom», «Airbus», «Accor» we beýlekileriň wekilleriniň bolmagy hem-de olaryň Turkmenistan bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge gyzyklanma bildirmegi aýratyn bellärliklidir. Türkmenistanyň Prezidenti hanym Idrak bilen netijeli gepleşikler geçirdi we şonda türkmen-fransuz hyzmatdaşlygynyň ýagdaýy we geljegi barada pikir alşyldy. Fransuz wekiliýetiňiň sapary taraplaryň hyzmatdaşlygynyň uly mümkinçilikleriniň durmuşa geçirilmegine täsir etdi.

Türkmenistanyň we Fransiýa Respublikasynyň medeni-gumanitar aragatnaşyklarynyň berkidilmegi hem hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar.

Biziň döwletlerimiz bilim we ylym, ýokary tehnologiýalar we «nou-hau» babatynda işjeň aragatnaşyklaryň ösmegine uly gyzyklanma bildirýärler. Ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň bu möhüm bölegini iş yüzünde amala aşyrmakda-da Turkmenistan we Fransiýa uly mümkinçiliklere eýedir.

Turkmenistan we Fransiýa Respublikasy özleriniň häzirki zamanyň wagty ýeten meselelerini çözmekdäki işjeň we aýdyň garaýyşlary mynasybetli halkara gatnaşyklary ulgamynda möhüm orna eýe bolan döwletlerdir. Biziň ýurtlary-myzyň bütündünýä ýagdaýlaryna bolan garaýyşlarynyň we çemeleşmeleriniň özara ýakynlygy Türkmenistanyň we Fransiýanyň diňe ikitaraplaýyn görnüşde däl, eýsem, halkara düzümleriniň çäklerinde hem oňyn hyzmatdaşlygynyň wajypdygyna şaýatlyk edýär.

Ýewropa döwletleriniň, şol sanda, Fransiýanyň biziň ýurdumyza bolan gyzyklanmasy Türkmenistanyň dünýäniň öhdebaryjy energetiki döwletleriniň hatarynda ykrar edilmegi bilen baglydyr. Ykdysadyýetiň diwersifikasyýasynyň, şol sanda, energiýa serişdeleriniň eksportynyň we olaryň dünýä bazaryna ýetirilmeginiň köptaraplaýyn ugurlaryny amala aşyrmak boýunça taslamalaryň strategiki ähmiýetini nazara almak bilen, Turkmenistan diňe milli bähbitlerini däl-de, eýsem, bütindünýä bileleşiginiň bähbitlerini hasaba alýan gatnaşyklary ösdürmeklige gönükdirilen halkara hyzmatdaşlygyny alyp barýar. Bu babatda, Türkmenistanyň we Fransiýanyň ählumumy energetiki howpsuzlygy üpjün etmek ýaly halkara syýasatynyň möhüm meseleleriniň çözülmeginde bähbitleriniň özara gabat gelmegi dünýä arenasynda döwletleriň ýakyn hyzmatdaşlygynyň netijeli ösmegine goldaw berýär. Türkmenistanyň Prezidentiňiň Başlangyjy bilen 2008-nji ýylyň dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynda kabul edilen «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» atly Rezolýusiýasynyň Fransiýa tarapyndan awtordaş derejesinde goldanylmagyna Türkmenistan şeýle oňyn hyzmatdaşlygyň mysaly hökmünde garaýar.

Türkmenistan we Fransiýa Respublikasy hyzmatdaşlygyň dürli meseleleri boýunça uly mümkinçiliklere eýe bolup durýar. Biziň ýurtlarymyzyň milli bähbitlerini we umumydünýä bähbitlerini nazara almak bilen, olaryň arasynda durmuş-ykdysady, medeni-gumanitar we ylym-bilim ulgamlaryndaky hyzmatdaşlyk aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Fransiýa Respublikasyna resmi sapary döwletara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary boýunça gatnaşyklaryň mundan beýläk hem işjeň ösmegine güýçli itergi berdi we biziň dostlukly halklarymyzyň we döwletlerimiziň arasyndaky gatnaşyklaryň taryhynda täze we örän wajyp tapgyryň başyny başlady.[2]

2010-njy ýylyň 2-nji fewralynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Fransiýa Respublikasyna resmi saparynyň çäklerinde türkmen-fransuz biznes-forumyna gatnaşdy, bu forum iki ýurduň arasyndaky özara peýdaly işewür gatnaşyklary giňeltmegiň we ösdürmegiň ýolunda täze ädime öwrüldi.

Duşuşyk kaşaň «Ris» myhmanhanasynda geçirildi, bu ýerde Fransiýanyň birnäçe ministrlikleriniň, beýleki döwlet edaralarynyň ýokary wezipeli wekilleri, şeýle hem diplomatlar ýygnandylar. Foruma gatnaşyjylaryň arasyndaky energetika, arhitektura, senagat we raýat gurluşygy, awiasiýa, awtoulag we demirýol ulaglary, senagat enjamlarynyň önümçiligi, irrigasiýa ulgamlary, metallurgiýa, saglygy go-raýyş, bank-maliýe ulgamy, aerokosmonawtika boýunça ýöriteleşdirilen «Aksens», «Buig», «Total», «Teknip», «Sifal Grupp», «Winçi», «GDF-Sýuz», «Sofema», «Dresser Rand ÇA», «Arianspes», «Irrifrans Indastris» we beýleki iri kompaniýalaryň ýolbaşçylary hem bar.

«MEDEF Interneşnl» jemgyýetçilik guramasynyň prezidenti Žan Býurrel duşuşygy açyp, belent mertebeli türkmen myhmanyny mähirli garşylady hem-de dünýäde has

---

[2] Aramedowa A.,Türkmenistan-Fransiýa Respublikasy:ýakyn hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny ýola goýmak bilen.//Türkmenistan,2010-njy ýylyň 1-nji fewraly.

sazlaşykly ösýän ýurtlaryň biriniň progressiw reformalary öňe sürýän işjeň syýasatçy hökmünde tanalýan Baştutanyny garşylamagyň özi we kärdeşleriniň hemmesi üçin uly mertebe bolup durýandygyny belledi.

«MEDEF-iň» ýolbaşçysy Türkmenistanyň serişdeler we ykdysady taýdan ägirt uly potensiala eýe bolmak bilen, «Açyk gapylar» syýasatyny ýöredýändigini we özara peýdaly hyzmatdaşlygy ugur edinýändigini, munuň bolsa Fransiýanyň işewür toparlarynyň Türkmenistan bilen has ysnyşykly we netijeli gatnaşyklary ýola goýmaga uly gyzyklanma bildirmegini şertlendirýändigini aýtdy. Jenap Žan Býurrel Türkmenistanyň Prezidentine biznes-foruma gatnaşýandygy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, munuň bu wakanyň derejesini we ähmiýetini has-da artdyrýandygyny belledi hem-de şu günki duşuşygyň häzirki wagtda hil taýdan täze derejä ýetirilýän doly möçberdäki türkmen-fransuz hyzmatdaşlygynyň başlangyjyna öwrüljekdigine ynam bildirdi.

Türkmen Lideri mähirli garşylanandygy hem-de Fransiýanyň işewür toparlarynyň wekillerini Türkmenistanyň ykdysady ösüşinde ileri tutulýan ugurlar hem-de onuň daşary ykdysady strategiýasy bilen tanyşdyrmaga mümkinçilik döredilendigi üçin duşuşygy guraýjylara minnetdarlyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň gysga döwürde uly ýoly geçip, sazlaşykly ösýän döwlete öwrülendigini hem-de onuň bazar ykdysadyýeti boýunça dünýäde toplanan iň oňat tejribäni özünde jemleýän özbaşdak milli modeli döredendigini belledi. Dünýäde krizisiň dowam edýändigine garamazdan, ýurduň ykdysady ösüş depginleri: jemi içerki önümiň, senagat we oba hojalyk önümleriniň öňdürilýän möçberleriniň, daşary söwda dolanyşygynyň, täze desgalaryň gurluşygyna we pudaklaryň tehniki taýdan täzeden üpjün edilmegine gönükdirilýän maýa goýumlarynyň durnukly ösüşi şol modeliň netijelidigine şaýatlyk edýär

## EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly

Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
12. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
15. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009.

16. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat, 2009.
17. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
19. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.

24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna// Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
28. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maý.
29. История средних веков: в 2-х томах. – М., 1997.
30. Конституция и законодательные акты буржуазных государств в XVII-XIX в.в – М. 1982.
31. Новая история в документах и материалах. Вып.1-2.- М. 1953.
32. Хрестоматия по истории средних веков: в 3-х томах. Под ред. Н.П. Грацианского и С.Д. Сказкина М. 1950-1953.
33. Хрестоматия памятников феодального государства и права стран Европы. Под ред. В.М. Корецкого. – М. 1961

34. Хрестоматия по новой истории 1640-1815 г. Под ред. Губер А.А и Ефремова А.В. – М. 1963 г.
35. Хрестоматия по новой истории 1816-1870 г. – М. 1965 г.
36. Хрестоматия по новой и новейшей истории стран Запада и Америки.      М. 1963 г.
37. Всемирная история. Т.5. – М. 1958-1959
38. История дипломатии. - М. 1963
39. Хвостов В.В. История дипломатии. М-1959
40. Хрестоматия по новой и новейшей истории стран Европы и Америки.   Москва – 1971.
42. Кредер А.А Новейшая история. XX в. М-1997.
43. Айзин Б.А. Революционные германские социал-демократы против империализма и войны (1970-1914гг.) – М. 1974.
44. Галкин Т.С. Дипломатия Европейских держав в связи с освободительным движением народов Турции (1905-1907гг.)  М., 1960.
45. Деборин А.М Социально-экономические учения нового и новейшего времени Т.1. – М.1958
46. История первой мировой войны (1914-1918). Под ред. Распутова И.И   М. 1963
47. Оболенская С.В. Франко-прусская война и общественное мнение германии и России. - М. 1978
48. Делорм Ж. основные события средневековья. - М. 2004.  Http://www.ast.ru
49. Жак Ле Гофф. Цивилизация средневекового Запада. - М. 1992.              Http:// www.publ.lib.ru
50. Мирошевский В.М. Освободительное движение в американских колониях Испании от их завоевателя до войны за независимостью.(1492-1810 г.) М-Л 1946.
51. История международных отношений и внешней политики России: 1648-2000г, под ред. проф. А.С. Протопова.

52. Адо А.В.Крестьянское движение во Франции во время Великой буржуазной революции конца XVIII века. М. 1971.
53. Далин В.М. Гракх Бабёф накануне и во время Великой французской революции (1785- 1794). М.1963.
54. Домнич М.Я. Великая французская буржуазная революция и католическая церковь. М.1960.
55. Манфред А.З. Три портрета эпохи Великой французской революции. М.1978.
56. Манфред А.З. Великая французская революция . М.1983.
57. Ревуненков В.Г. Очерки по истории Великой французской революции: Падение монархии: 1789-1792 гг. М. 1966.
58. Бендрикова Л.А. Французская историография революции 1848-1849 годов во Франции. М.1969.
59. Застенкер Н.Е. Революция 1848 года во Франции. М. 1948.
60. Молок А.И. Июньские дни 1848 г. в Париже. М. 1948.- Революции 1848-1849 гг. в 2 томах. М.1952.
61. Собуль А. Из истории Великой буржуазной революции 1789-1794 гг. и революции 1848г. во Франции М.1960.
62. Желубовская Э.А. Крушение Второй империи и возникновение Третьей республики во Франции М. 1956.

## Mazmuny

Fransiýanyň taryhyna giriş..................................................7-15

Tema:  Frank döwletinde feodalizmiň ösmegi....................15-27

Tema: Fransiýa XVI-XVII asyrlaryň sepgitlerinde...........27-36

Tema: Beýik Fransuz rewolýusiýasy.................................36-57

Tema: Direktoriýa we onuň uruşlary.................................57-63

Tema: Fransiýa XIX asyryň I ýarymynda.........................63-73

Tema: Ýewropada 1848-1849-njy ýyllaryň
rewolýusiýalary we olaryň netijeleri.................................74-79

Tema: 1917-1923-nji ýýllar
aralygynda halkara gatnaşyklary……...................………79-86

Tema: Fransiýa 1918-1939-njy ýyllar................………86-91

Tema: Fransiýa 1945-1958 ýý……………......…………91-96

Tema: Fransiya 1958-1969 ýý..........................................96-99

Tema: Fransiýa 1969-2010 ý…………………..………100-114

Edebiýat.........................................................................115-119